**TÜRKMENISTANYŇ SAGLYGY GORAÝYŞ WE DERMAN SENAGATY MINISTRLIGI**

**TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI**

**TÜRKMEN DÖWLET LUKMANÇYLYK INSTITUTY**

***Lukmançylyk ýokary we orta mekdepleriniň talyplary üçin***

# ÇAGA HIRURGIÝASYNDA AMALY ENDIKLER

Aşgabat
2010

Awtorlar: Geldiýewa G.A., Saklapow E.S., Bekmyradow N.M., Orazow T.O., Baýryýewa G.B.

**Gysga beýany:**

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan watanymyzyň beýik galkynyşlar we täze özgertmeler zamanasynda Türkmenistanda bilim ulgamyny kämilleşdirmek baradaky kararlardan ugur alyp, şu okuw kitaby ýokary we orta lukmançylyk mekdepleri üçin düzülen. Bu kitapda çaga hirurgiýasy ylmynyň gysgaça taryhy, hassahanada arassaçylyk düzgünleriniň berjaý edilşi, amaly endikleriň geçirilişi we resmi kagyzlaryň doldurylyşy barada ýazylan.

*Saglygy goraýşyň ösmegi üçin zerur şertleriň biride lukmançylyk ylmynyň ösmegi bolup durýar.*

**Gurbanguly BERDIMUHAMEDOW**

# GIRIŞ

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan Watanymyzyň Beýik Galkynyşlar we täze özgertmeler zamanasynda reformalaryň durmuşa ornaşdyrylýan döwründe Hormatly Prezidentimiz birnäçe kararlary çykarmak bilen täze “Bilim” syýasatyny yglan etdi we dünýä derejesinde ösmäge üns çekdi we giň mümkinçilikler döretdi. Döwlet tarapyndan ylmy, bilimi, önümçilik-okuw ulgamlaryny kanuny taýdan esaslandyrmak, öňe sürülýän ugurlary kesgitlemek, munuň özi milli aýratynlyklarymyzyň dünýä derejesinde utgaşdyrylmagyna giň ýol açdy. Aýratyn hem halkyň durmuş derejesini ýokarlandyrmaga, milletiň saglygyny gorap saklamaga döredilýän mümkinçilikler lukmançylyk ugrundaky okuwa täzeçe garaýyşlary döretdi. Häzirki döwre çenli lukmançylyk ýokary we orta mekdepleriniň talyplary üçin ene dilinde, ylmyň we tehnikanyň soňky gazanan üstünliklerini öz içine alýan (ultrases, kompýuter tomografiýasy, lazer şöhlesi, laparoskopiýa we ş.m.) “Çaga hirurgiýasynda amaly endikleri” boýunça okuw kitaby ýokdy. Şol sebäpli eliňizdäki okuw kitabyny ýazmaklygy makul bildik. Bu kitapda SG we DS ministrliginiň çykaran kararlary hem-de TDLI-niň alymlary akademik A.A Annaýew, prof. D.G Gurbangeldiýew, we GDA-nyň ady belli alymlaryň işlerinden hem peýdalanyldy.

Okuw kitaby çaga hirurgiýasy kafedrasynyň okuw maksatnamasyna laýyklykda ýazyldy. Kitap çaga hirurgiýadaky esasy arassalaýyş we amaly endikleri öz içine alýar. Onuň maksady talyplara arassaçylyk işlerini, näsaglar bilen hoşniýetli aragatnaşykda bolmagy hemde hirurgiýada ulanylýan esasy amaky endiklerini öwretmekden ybarat.

Türkmenistan Watanymyz Garaşsyz döwlet bolaly bäri çaga hirurgiýasy uly ösüşlere eýe boldy. Çagalaryň doga kemisliklerini we kesellerini anyklamak hem-de bejermek üçin dünýäde meşhur häzirki zaman enjamlary ulanylyp uly üstünlikler gazanyldy we gazanylýar.

Kitap çaga hirurgiýasynda toplanan dünýä tejribesiniň hem-de Garaşsyz

döwletleriň arkalaşygyna girýän ýurtlarda gazanylan üstünlikleriň esasynda ýazyldy.

Hirurgiýa - lukmançylygyň ösen pudaklarynyň biri bolup, näsaglary bejermek üçin esasan tiz, gaýra goýulmasyz, ýagny operatiw, hirurgiýa usullarynyň ulanylyşyny öwrenýär.

Garaşsyz Türkmenistanda hirurgiýanyň ösmegi dünýäde medisina ylmynyň ösüşi bilen baglydyr. Türkmenistanda çagalar hirurgiýasy özüniň gözbaşyny 1977-nji ýylda Türkmen döwlet lukmançylyk institutynda "Çaga hirurgiýasy" kafedrasynyň döredilmeginden başlaýar. Kafedrada esasan talyplary çaga hirurgiýasynyň ähli bölümlerinden okatmak hem-de bejeriş işleri alnyp barylýar.

Soňky döwürde çagalar hirurgiýasy hemmetaraplaýyn ösüşe eýe boldydy. Çagalaryň doga kemislikleriniň, hirurgiki keselleriniň anyklanyşynyň, bejerilişiniň guramaçylyk meseleleri oňyn çözülýär. Şonuň bilen bilelikde ylmy barlag işleri durnukly guralýar. Gysga wagtyň içinde kafedranyň mugallymlaryň ýerine ýetiren köp sanly ylmy-barlag işleriň netijesi öz ýurdumyzda we daşary ýurtlarda (Russiýa, Ýaponiýa, Polşa, Ukraina, Täjigistan, Gazagystan) çapdan çykdy.

Häzirki wagtda kafedrada esasy üns ylma we amaly lukmançylyga berilýär. Ehinokokkoz keselinde täze bejeriş we anyklaýyş usullary girizildi, şol sanda kafedra tarapyndan 6 sany oýlap tapma patent alyndy. Soňky ýyllar çagalarda bolýan doga kemislikleriň ir wagtda aradan aýyrmagyň üstinde işlenilýär. Dünýäniň iň täze häzirki zaman anyklaýyş we bejeriş usullary ulanylýar.

Kafedrada çagalarda bagryň doga kemisliklerini anyklamak we bejergi işlerinde uly üstinlikler gazanyldy, damar anastamoz operasiýalary ýola goýuldy. 1996-njy ýylda diplomdan soňky taýýarlyk we lukmanlary kämilleşdiriliş okuwy açyldy. Bu okuwda ýurdumyzyň çaga hirurglary, ortoped-trawmatologlary, urologlary öz hünärini yzygiderli kämilleşdirýärler,we dünýäniň häzirki zaman iň täze anyklaýyş hem de bejeriş usullary bilen tanyş bolýarlar.

*Kafedranyň müdiri Geldiýewa G.*

# I BAP

## Çaga hirurgiýasynyň taryhy. Häzirki zaman çaga hirurgiki klinikasynyň gurluşy. Çagalary hirurgiki hassahanalara kabul edilişi. Kabulhanada kiçi we orta lukmançylyk işgärleriniň borçlary. Näsagyň hassahana alyp gidilişi. Kabulhanadaky lukmançylyk resminamalaryň ýöredilişi.

***Çaga hirurgiýasy*** **-** bu çagalarda dogabitdi kemislikleri we hirurgiki keselleri öwrenýän hem-de olaryň anyklanylşy operatiw bejerişiniň usullaryny we möhletinlerini ylmy esasda işläp düzýan kliniki dersdir.

Çaga hirurgiýasy özünde: çaga urologiýasyny, ortopedialy trawmatologiýany, anesteziologiýa we reanimasiýany birleşdirýär. Çaga hirurgiýasynda çagalara hirurgiki kömeginiň ähli görnüşleri berilýär, hirurgyň işi ugurdaş hünärleriniň wekilleri bilen aýrylmaz baglanyşykda geçýär; anesteziologiýa, reanimasiýa, anyklaýyş, rentgenologiýa, kliniki biohimiýa, gematologiýa, genetika, immunologiýa, endoskopiýa gullugy. XIX asyryň ortasyna çenli çagalary 6 ýaşa çenli operasiýa edip bolmaýanlygy barada pikir ýaýrapdy. Diňe ýuwaş-ýuwaşdan çaga lukmanlary we hirurglaryň bilelikdäki işleriniň netijesinde çagalarda ýaranyň bitişi uly adamlaryňkydan has tiz geçýändigi ýüze çykaryldy. Şeýlelikde ýiti appendisit ýaly keseller bilen çagalary operasiýa edip başlapdyrlar. Mysal üçin, XIX asyryň 80 –nji ýyllarynda ilkinji bolup çaga ingisi bilen operasiýa, şol asyryň 90 –njy ýyllarda bolsa appendisit bilen kesellän çaga operasiýa edilipdir.

Bu döwrüň öňdebaryjy çaga lukmanlary N.F.Filatow, K.A. Rauhwus çaga keselhanalarda hirurgiýa bölümlerini açmagyň zerurdygy barada pikiri öňe sürüpdirler. Şeýlelikde Rusiýa imperiýasynda ilkinji hirurgiýa bölümi 1869 –njy ýylda Peterburgda, 1876-njy ýylda bolsa Moskwada açylypdyr. Peterburgda hem Moskwada ilkinji çaga hirurgiýa bölümleriniň koýka fondy 15-20-den köp bolmandyr. Bu şertlerde çaga hirurglaryň bejeriş, ylmy işler üçin bolsa hasam, mümkinçilikleri örän ujypsyz bolupdyr. Muňa garamazdan beýni süňkiniň trepanasiýasy, tuberkulýoz bilen zaýalanan bogunlaryň rezeksiýasy, torakotomiýa, laparatomiýa, proktorlastika we beýleki operasiýalary ýerine ýetiripdirler. Bellemeli zat, bu hem çaga hirurgiýasy SSSR-iň dikelmegi bilen has giň gerim alypdyr. Şol ýyllarda yzly-yzyna mugt medisina kömegi barada dekret kabul edilipdir. Çagalaryň

saglygyny goramak barada hökümetiň kararlary kabul edilipdir. Çaga hirurgiýasyny ösdürmäge rus hirurglary N.I.Pirogow, N.W.Sklifosowskiý, T.P.Krasnobaýew we beýlekiler uly goşant goşdylar. Doňdurylan jesetlerdäki özüniň ajaýyp işlerinde N.I.Pirogow çaganyň ýaşyna baglylykda içki agzalaryň ýerleşişi hem-de aragatnaşygynyň üýtgeýänligini ynandyryjy beýan edipdir.T.P.Krasnobaýew çaga hirurgiýasynyň guramaçylyk meselelerini osteomielitiň, plewranyň empiemasynyň, appendisitiň, süňk- bogun inçekeselleriniň bejerilişiniň meselelerini işläp çykarypdyr. Çaga hirurgiýasyny ösdürmekde görnükli hirurg S.D. Ternowskiý aýratyn ýer tutýar. Ol 1896 ýylda dogulypdyr. Moskwa uniwersitetiniň medisina fakultetini tamamlapdyr. 1925 ýylda ol Eneleriň we çagalaryň saglygyny goraýyş Institutynda çaga hirurgiýasy bölümini açypdyr. Soňra ilkinji bolup Moskwanyň 2-nji Medisina institutynda çaga hirurgiýasy kafedrasyny gurnapdyr we oňa müdirlik edipdir/1943-1960/.Ol ýokarky dodagyň bitmezliginde, beýni ingilerinde, pilçe ýokarda durmagynda original operatiw usullarynyň birnäçesini teklip edipdir, çaga trawmatologiýasyny, ortepediýasyny we anesteziologiýasyny ösdürmäge uly üns beripdir we bäbekler hirurgiýasyny, kemislikleriň bejerilişini, torakal hirurgiýasyny ösdürmäge agramly goşant goşupdyr. Onuň “Çagalarda käbir hirurgiýa keselleriniň anyklanylyşy” diýen ylmy işi şu günler hem lukmanlaryň gündelik ulanýan kitabydyr. Bu döwrüniň ady dünýä belli çaga hirurgiýasynda şulary bilmek zerurdyr: Moskwanyň ylymlar akedemiýasynyň habarçy-agzasy, professor S.Ýa. Doleskiý. Onuň işleri esasan çagalaryň dogabitdi patologiýasynyň, urologiýa, çagalarda jyns-peşew ýollarynyň kemisliklerine bagyşlanypdyr. Moskwanyň ylymlar akedemiýasynyň habarçy- agzasy, professor Gireý Aliýewiç Bairow ,ol bäbekleriň dogabitdi hirurgiki patologiýalaryny we kemisliklerini öwrenmek boýunça mekdebi esaslanypdyr: akedemik Ýu. F.Isakowyň işleri esasan döş kapasasynyň we garyn boşlugynyň organlarynyň kesellerini we kemisliklerini bejermäge bagyşlanandyr. Ylmy we amaly saglygy goraýşa professor A. I. Lýonuşkiniň goşan goşandy kiçi girim däldir. Onuň köp sanly işleri çaga proktologiýasynyň ösmegine degişlidir. A. I. Lýonuşkiniň operatiw usullaryny işläp düzdi we olar çaga hirurgiýasynyň amalynda şu wagyt hem giňden üstünlikli ulanylýar.

Türkmenistanda çaga hirurgiýasynyň ösüş taryhy 1977 ýyldan gaýdýar. Has takygy çaga hirurgiýasy kafedrasy Aşgabatda TDLI-de 1977- ýylyň 15-nji aprelinde açyldy. Kafedranyň ylmy işleri: bagryň hirurgiýasyna, daýanç - hereket ulgamynyň kemislikleri we olaryň bejerlişine, çagalaryň bogun süňklerine şikes ýetmegi we olaryň bejeriliş usullaryna, çagalaryň anorektal kemislikleri hem-de kesselleriniň bejerlişine, çagalarda portal gipertenziýa kesselleriniň hirurgiki bejerlişine bagyşlanan. Bulardan başgada kafedranyň işgärleri çaga hirurgiýasynyň ösmeginde birnäçe operatiw elgatmalary teklip edip amaly lukmançylyga girizdi. Kafedra häzirki wagtda çagalar hirurgiýasy boýunça ylmy usuly merkez bolup

durýar. Kafedranyň kliniki bazasy TSG we DSM –niň Gurbansoltan eje adyndaky E we ÇSG YKM –de ýerleşýär. Talyplara amaly sapaklar şu aşakdaky bölümlerde geçirilýär:
Bäbekler hirurgiýa bölümi -25 orun.
Umumy hirurgiýa bölümi-40 orun.
Torakal hirurgiýa bölümi – 40 orun.
Uroginekologiýa böümi- 40 orun.
Trawmatologiýa –optepediýa bölümi- 40 orun.
Anestezologiýa –reanimasiýa bölümi- 15 orun.
Bäbekleriň anestezologiýa-reanimasiýa bölümi 15 orun.

Bu bölümler häzirki zaman enjamlary bilen üpjün edilen, bu enjamlar çagalaryň kesellerini anyklamaklyga hem olary operatiw bejermekde uly kömek edýär.

## Hirurgýa hassahanasynda çagalary kabul etmek.

Hassahana çagany kabul etmegiň birnäçe usuly bardyr. Näsag çagalar merkezi kabul ediş bölümine şu aşkdaky usullarda getirilip biliner:

- ***"Tiz kömek" maşynynyň kömegi bilen:*** şikes ýetme ýagdaýynda, ýiti we dowamly kesellerïň ýitileşmeginde, ýokary derejeli bejergi gerek bolan hassahana şertlerinde.
- ***Maşgalla lukmanynyň görkezmesi boýunça*** öý şertlerinde bejergi peýda bermedik ýagdaýynda.
- ***Kesel bejeriş edarasynyň bir bölüminden beýleki bir bölümine geçirilen ýagdaýynda***.
- ***Öz islegi boýunça*** meýilleşdirilen operasiýany geçirmek maksady bilen, daşary ýurt raýatlary we ş.m ýagdaýlarda.

Lukman çagany gözegçilik edenden soňra şepagat uýasy lukmandan sanitar arassalaýjy işlerini geçirmek üçin görkezme alýar. Sanitar arassalaýjy işleri gigiýena wannasyny, duşy özünde jemleýär.

Haçanda *pediklýoz* ýüze çykan wagty bedeniň saçly ýerine we egin–eşiklere laýyk gelýän arassalaýyş işlerini geçirmeli. Pedikulýoz (buýruk 320) Kabul ediş böluminde pedikulýoz ýüze çykanda ulanar ýaly aşakdaky serişdeler bolmaly:

1. Öňlik;
2. Ellik;
3. Yaglyk;
4. Päki (bir gezek ulanylýan);
5. Gaýçy;

6. Saçy ýakmak üçin böwrek görnüşli jamjagaz;
7. Näsagyň boýnyndan aşagyny ýapyp duran kleýonka;
8. Ýygy dişli darak;
9. Spirtowka;
10. Pagta;
11. Saçyny durlamak üçin nahar uksysy;
12. Ýuwulýan serişde;
13. Bit üçin sabyn.

*Pedikulýozly* (bitli) näsag düşende şepagat uýasy, biz ellik geýip, öňlük dakynmaly. Eger-de näsagyň saçy gysga bolsa ejesiniň razylygyny alyp, päki bilen syryp, böwrek şekilli jamjagaza taşlamaly, soň pakeda salyp ýakmaly. Egerde çaganyň saçy uzyn bolsa, eşiklerini çykaryp, boýnyna kleýonka geýdirip, saçyny öllemeli. Öllenen saçy Nitifor, Pedimen, „K“ sabynyny köpürjikletmeli we 1 sagadyň dowamynda ýaglyk bilen daňyp saklamaly. Köpürjikli suwuklyk ýaglykdan dammaz ýaly gyralaryna pagta böleklerini gysdyrmaly. Bir sagatdan soň saçyny ýuwup, ownuk dişli darak bilen darap, guradyp, näsagy bölüme ibermeli. näsag suwa düşürlenden soňra polotensany, moçalkany, daragy, ýaglygy, dyrnak alnan gaýçyny we eşiklerini 30 min. dowamynda 5% hlor hekiniň ergininde ýatyrmaly. Gaýçyny akar suwda ýuwup, süpürip guratmaly. Eger näsag agyr ýagdaýda bolsa, şu işler geçirilmezden öň ilkinji kömek berilýär. Näsag çagany arassalaýyş işlerini geçirilenden soň ony “kabul ediş” bölüminde 30 minutdan köp saklamaly däl. Kabul ediş bölüminde näsagyň köpçülikleýin gelmegine aýratyn tertip düzgün boýunça näsaglar bölümlere ýerleşdirilmelidir: ýagny, ilki bilen ýagdaýy agyr näsaglara kömek berilýär, soňra orta agyrlykdaky näsaglara, iň soňunda tiz bejergä mätäç däl näsaglar kabul edilýär.

Çaga bölüme ýerleşdirilende, şepagat uýasy şol bölümiň müdürine ýa-da lukmanyna täze näsagyň getirilendigi barada we onuň ýagdaýy hakynda habar berýär. Şu maglumatlar agşamky, ýagny nobatçy şepagat uýasyna hem aýdylýar. Agyr kesel gelen ýagdaýynda, nobatçy lukmana hem aýtmaly.

Kabul ediş bölüminden “ hirurgiýa” bölümine geçirilişiň birnäçe görnüşleri bar. Geçirilmegiň usulyny lukman kesgitleýär. Eger çaganyň ýagdaýy kanagatlanarly bolsa, ol bölüme özi, ýagny lukman işgäri bilen bilelikde gidýär. Ýaş çagalary elde göterip geçirýärler. Agyr keselleri ýöriteleşdirilen göterijilerde, sürüjilerde geçirýärler.

***Kabul edeiş bölüminiň esasy resmi kagyzlary.***

Kabul ediş bölüminde ahli resmi kagyzlar bölümiň şepagat uýasy we lukman tarapyndan doldurylýar. Ol kagyzlary lukman näsagy hemme taraplaýyn barlap bolandan (1-nji surat.) soňra ýazyp doldurýar. Şepagat uýasy näsagyň gyzgynyny ölçäp “Näsaglary kabul edilmeginiň hasaby” we “Hassahana bejergisinden ýüz

dönderenleriň hasaby” depderlerine belleýär. “Näsaglary kabul edilmeginiň hasaby” depderine şepagat uýasy näsagyň adyny, familýasyny, atasynyň adyny, ýaşyny, ýaşaýan ýerini, näsag kim tarapyndan getirilen we nireden görkezme berilişini, ugrukdyrmany beren “Saglyk öýüniň”, “Tiz kömek” bilen ýüz tutany, gelen wagtyndaky goýlan kesel kesgidini, kabul ediş bölüminiň goýan kesel kesgidini, näsagyň haýsy bölüme iberlendigini we ş.m. maglumatlary degişli ýerlere ýazýar. Ýene-de kabul ediş bölüminiň şepegat uýasy hassahanadaky näsagyň kesel taryhynyň ýüz kagyzyny doldurýar (2-nji surat). Bu kagyza hem kabul ediş resmi kagyzynda maglumatlar ýazylýar, başga-da telefon nomeri, çaganyň ene –atasynyň işleýän ýerleriniň telefon nomerleri ýazylýar. Soňra şepagat uýasy “Statistika kartanyň” çep tarapyny we pasport bölümini doldurýar. Eger näsag ýa-da onuň hossarlary keselhanada ýatymlaýyn bejergi almakdan ýüz dönderse “Bejergiden ýüz dönderenler” depderine bellige alýar we degişli saglyk öýüne habar berýär.



1-nji surat. Näsagyň kabul edilişi.



2-nji surat. Kesel taryhynyň daşky görnüşi.

## II bap

## Aseptika we antiseptika, sargyhananyň we manipulýasiýa edilýän ýeriň enjamlary we gurallary.

## Aseptika

Aseptika - bu hirurgiýa ylmynyñ bir bölegi bolup, ýara we bedene mikroblaryñ düşmeginiñ öñüni almagyñ usullaryny öwredýär. “Aseptika” grek sözi bolup, “mikrobsyz” diýlip terjime edilýär. Aseptikanyñ esasy kanunyny 1890-njy ýylda nemes hirurgy E.Bergman açypdyr. ***Ýagny ýara bilen galtaşjak zatlaryñ hemmesi steril bolmalydyr. (3-4-nji surat)***

Ýara mikrob düşmese, ol iriñlemeýär we çalt bitýär. Ýöne belli bolşy ýaly adamy gurşap alýan daşky gurşawda elmydam köp mukdarda mikrob bolýar. Eger-de iriñe degen hasany, jübtegi ýa-da beýleki gurallary arassa ýara galtaşsa, ol ýere mikroblar geçýärler we ýara hökman iriñleýär. Şonuñ üçin hem operasiýalarda ulanyljak ähli zatlar awtoklawda ýa-da sterilizatorda sterilizirlenýär.

Mikroblar adamyñ töweregindäki hemme zatlarda, howada, adamyñ endamynyñ ýüzünde, içki abzallarda bolýarlar.

***I. Mikroblar ýerleşýän ojaklary boýunça*** iki sany uly topara bölünýärler.

1. *Ekzogen*, daşky gurşawdaky (howa, suw we ş.m.);
2. *Endogen,* adamyñ içki agzalaryndaky (dişiñ köweginde, agyrly gulaklarda, bokurdakda we ş.m.).

***II. Geçiş ýollary boýunça.***

1. *Howa ýokanjy* - eger howada mikrob bar bolsa. Olar açyk ýara düşýärler we ýarany iriñledýärler. Operasiýa amala aşyrylýan, sargy edilýän we ş.m. otaglaryñ howasy steril bolmalydyr.
2. *Damja ýokanjy* - adam asgyranda, üsgürende, gaty geplände tüýkülik we beýleki suwuklyklaryñ damjasy (olaryñ mikroblary) arkaly ýokanjyň ýaýramagy. Keselliler bilen işleýän medisina işgäriniñ dişleri, agyz we burun boşlugyndaky agzalary sagdyn bolmaly. Iş wagty talyplar we medisina işgäri maska geýmeli.
3. *Kontakt (galtaşmak) ýokanjy* - ýara bilen galtaşan infisirlenen zatlar arkaly ýokanjyň geçmegi. Tötänlikde alynýan ýaralar mikrob bilen hapalanandyrlar.



3-nji surat. Steril haladyň geýdirilşi.



4-nji surat. Elligiň geýdirilşi.

**Howa-damja ýoly bilen geçýän ýokanjyň öňüni alyş çäreleri.**

*1.* ***Operasiýa bölümindäki otaglary zolaglara bölmeli:***

Birinji zolak, *steril zolak, operasiýa we sterilizasiýa geçirilýän otaglar* girýärler. Bu otaglara geçilýän bosagada gyzyl çyzyk bolmaly we ol otaglara diňe operasion eşikde girip bolýar;

Ikinji zolak, *berk düzgünli zolak, operasion otagyň öňündäki otag we narkoz enjamlary saklanylýan otag*;

Üçünji zolak *çäklendirilen düzgünli zolak, operirlenilende geýilýän we ulanylýan enjamlar saklanylýan otagy*. Ulanylan geýim saklanylýan, gan we ganyň öwezini dolduryan, erginler saklanylýan, medisina işgärleriniň bolýan otagy);

Dördünji zolak, *umumy keselhana düzgünli zolak, bölüm müdiriniň, şepagat uýasynyň, ulanylan geýim saklanylýan otaglary*.

***Operasiýadan öň awtoklawirlenen materýalyň sterilizasiýasynyň hilini barlamak.***

Bu esasan iki usul bilen amala aşyrylýar.
***Birinji fiziki usul*** materiallarda steri1izirlenmek geçendigi ýokary gyzgynlykda (+110 °C) ereýän maddalaryñ kömegi bilen anyklanýar. Materiallar entek sterilizirlenmänkä Şimmelbuşyñ biksiniñ (5-6-njy suratlar) içinde kükürdiñ uny guýulan çüýşejik hem goýulýar. Kükürdiñ sary uny awtoklawyñ gyzgynlygy +110 °C ýetende ereýär we gaty goñur massa öwrülýär. Bu bolsa materiallarda sterilizasiýanyñ geçendigine güwä geçýär. Diñe şondan soñ materiallary operasiýada ulanmak bolýar. Eger-de çüýşedäki kükürtde hiç hili üýtgeşiklik bolman, ol öñküsi ýaly unlygyna galan bolsa, onda materiallarda sterilizasiýanyñ geçmändigininñ alamatydyr. Şeýle ýagdaýda materillary operasiýada ulanmak bolmaýar.
***Ikinji mikrobiologik usul***. Operasion otagda steril ýagdaýda biksi açmaly we steril hasany steril fiziologik ergin bilen ezmeli. Soñra şol çygly hasa awtoklawirlenen haladyñ, materiallaryñ ýüzüne birnäçe gezek degirilýär we steril probirka salynýar.



5-nji surat. Ýapyk Şimmelbuşyñ biksi.



6-njy surat. Açyk Şimmelbuşyñ biksi.

Steril ýagdaýda materiallaryñ ýüzünden barlag üçin alynan material bakteriologik ekim üçin laboratoriýa ugradylýar. Bir hepteden bakteriologik barlaglaryñ netijesi mälim bolýar. Eger bakteriologik ekimde mikroblar tapylmasa, onda materiallaryñ şterilliligi anyklanylýar. Biksdäki steril materiallary 3 günüñ dowamynda ulanyp bolýar. Soñra olary ýenede sterilizirlemeli. eger biologiki ekimde mikroblaryñ bardygy anyklansa, onda materiallaryñ steril dälligi hem aýan bolýar. Bu ýagdaýda materiallary täzeden sterilizirlemeli.Awtoklaw bilen işleýänler ätiýaçlyk düzgünini berk berjaý etmelidirler. Awtokalwda işlemek üçin ýörite taýýarlaýyş okuwyny gutarmaly.

Awtoklaw bilen işlenende onuñ demir gapysyny berk ýapmaly. Ol gyzdyrylyp ugrandan soñ onuñ basyşyna elmydama gözegçilik edip durmaly we 2 atmosferadan ýokary geçirmeli däl. Şu ýagdaýda ätiýaçlyk kranyny açyp. bugy demir turbañ

içi bilen daşaryk çykar ýaly etmeli, ýogsam ýokarky basyş zerarly awtoklawyñ ýarylmagy mümkin. Awtoklawirlemek gutaran badyna onuñ gapysyny açmaly däl, sebäbi gyzgyn bug bat bilen urup yüzüñ ýanmagy mümkin. Şonuñ üçin hem awtoklawiriemek gutaran soñ, ondaky buglaryñ hemmesini görmeli we ýene 30 min garaşmaly. Diñe şondan soñ awtoklawyñ gapysyny emaý bilen häzir bolup açmaly we biksleri awtoklawdan çykarmaly. Biksleriñ gapdalyndaky açyk deşiklerini çalt ýapmaly.

## Tikin serişdeleri.

***Tikin serişdeleri-*** ýarany tikip anatomiki bitewiligini dikeltmekde ulanylýan serişdelerdir. Olar ýörite gurallaryñ kömegi bilen tikilýär. (7-nji surat.)

Olar ***bedende saklanyş häsiýeti*** boýunça iki topara bölünýär:



7-nji surat. Gurallar we tikin serişdeleri.

1. Bedene sorulyp siñýän (ketgut, wikril, dekson, makson we polisterol) tikin serişdeler.
2. Bedende sorulmaýan *inkapsulirlenýän* (lafsan, kapron, ýüpek, inçe simler, skobkalar).

Hirurgiýada ulanyljak tikin serişdeleri endama agyryly reaksiýany emele getirmez ýaly saýlap alynýar. Ýagny, tikin serişdeleri endam üçin *intaktly* häsiýetli, biologik ylalaşykly, zähersiz, allergiýa we teratogen (çiş emele getirmek) häsiýetsiz bolmalydyr. Bulardan başga-da olar berk we steril bolmalydyr. Eger-de sapak steril bolmadyk ýagdaýda *implantasion* infeksiýanyñ, iriñlemäniñ sebäbi bolýar.

Häzirki döwür bir gezek, atrawmatiki iňňe bilen üpjin edilen, sapaklar ulanylýar. Şol sebäpli sapaklaryň arassalaýyş tapgyrlary bu kitapda beýan edilmeýär.

**Operasiýa geçiriljek meýdanyny arassalamak.**

Çagalaryñ derisine ýod çalsañ, şol ýeriñ derisiniñ agyryly gyzarmagy mümkin, muña *iodizm* diýilýär. Şonuñ üçin hem çagalara operasiýa amala aşyrjak ýeriniñ derisine 1% brilliant ýaşylynyñ spirtli erginini çalynýar. Bu usul Bakkalyñ usuly diýilýär. Emma bu usulda ýaşyl reňkiň operasiýada saýgarmaga päsgel berýändigi sebäpli, Filonçikowyň usulyny kämilleşdirip ýodyň 5% ergini spirt bilen garylyp 1% ýetirilip, operasion meýdany 1 gezek 1% ýod we 2 gezek 96°spirt bilen süpürilýär. (8-nji surat.) Bir ýaşamadyk çagalarda ýodyň ergini ulanylmaýar, onuň meýdany 3



8-nji surat. Filonçikowyň usuly boýunça operasiýa meýdanynyň arassalanyşy.

gezek 96° spirt bilen süpürilýär.

**Operasiýa wagty ýokanjyň ýaýramagynyñ öñüni alyş çäreleri .**

***El ýuwmak üçin ulanylýan çotgalaryñ sterilizirlenişi.*** Çotkalary 15 minutlap suwda gaýnatmaly, steril çotkalar içi üç düzümli erginli (fenol, formalin, soda we suw) agzy giñ çüýşede saklanýar. Olary çüýşeden kornsangyñ kömegi bilen almaly we hirurga elini ýuwmak üçin bermeli. Soňky ýyllarda bir gezek ulanylýan çoktkalar bilen hassahanalar enjamlaşdyrylýar.

Termometrler, şpateller hem üç düzümden durýan erginli çüýşede saklanýar.

***Narkoz gurallaryñ sterilizirlenişi.*** Narkoz apparatlary kän, takmynan her gün

ulanylýan gurallardyr. Olaryn turbalarynyn içinde mikroblaryñ bolmagy mümkin. Şeýle ýagdaýda bihuşdan soñ kesellide dem alyş ýollarynyñ sowuklama kesselleriniñ ýüze çykmagy mümkin. Ýagny, faringit, traheit, bronhit we pnewmoniýa keseliniñ bolmagy mümkin. Eger-de öýken ehinokokkozly we inçe keselli kesellä bihuş berilip, apparaty sterilizirlenmän başga kesellere narkoz berseñ, olaryñ öýkeninde ehinokokkoz, tuberkulýoz döremegi mümkin. Şol sebäpli intubasion trubkasyny diñe bir gezek ulanmaly.

***Gurallaryň, sterilizirlenilişi.*** Oprasiyada ulanylan gurallary ilki gyzgyn suw we çotga bilen 5 minutlap mazaly ýuwmaly. Gandan, iriňden arassalamaly we süpürmeli. Soňra gurallary syrçaly legeniň içinde 50°C ýylylykdaky yörite taýarlanan *dezinfisirleýji* erginde 15 minutlap ezip goýmaly. Ýörite A-ergininiň düzümi: pergidrol- 20 g, “Aýna” kir ýuwujy uny (poroşogy) – 5 g, suw -975 ml. Soňra gurallary şol erginde çotga bilen ýuwmaly we olary iriňden, gandan arassalamaly. Ondan soň gurallary ýyly suwda 5 minutlap çaýkamaly, yzy bilin olary *destilirlenen* suwda 1 minutlap çaýkamaly. Gurallary guratmak üçin 85° gyzgynlykly guradyjy şkafa salmaly we 30 minutlap guratmaly. Şulardan soň gurallary sterilizirlemeli. Iriň we nejasat bilen hapalanan gurallar ýuwlandan soň, aýratyn sterilizatorlarda gaýnadylyp sterilizirlenilýär. Soňky döwür Bütin dünýäde boluşy ýaly biziň ýurdumyzdaky hassahanalarda hem bir gezek ulanylýan gurallary ulanmak ýola goýulýar.

***Kesiji we kesiji däl gurallaryň sterilizirleniliş usullary*** (skalpel, gaýçy, hirurgiki iňňeler we ş.m.)

*Kesiji gurallar* 24 sagatlap spirtde ýatyrylýar. Kesiji gurallary gaýnatsaň basym kütelýär we poslaýar. Şol sebäpli gaýnatmak usuly ulanylmaýar. Kesiji gurallary 2 sagatlap **üç düzümli erginde** (düzümi: Formalin 40%-li - 20 g. Karbol turşysy (fenol) - 3 gr. Natriniň bikarbonaty (aşgar) - 15 gr. Distillirlenen suw - 1000 ml.) saklamaly. Soň spirt erginine geçirmeli. Eger-de steril gurallar gyssagly ýagdaýda gerek bolsa, onda gurallar sterilizatoryň demir gapagynyň içinde goýulýar we otlanýar. Gurallar ýalynyň täsiri astynda sterilizirlenýärler. Bu usul seýrek ulanylýar.

*Kesiji däl gurallar* (jübtek, gysgyç, iňňe tutujy, ýarany giňelidýän gural, we ş.m.) 60 minutlap elektrosterilizatorda natriniň 2%-li gidrokabonatynyň ergininde gaýnatmaly (natriniň gidrokarbonaty mikroblaryň daşky gaty gabygyny eredip weýran edýär). Sterilizasiýanyň wagty suw gaýnap başlanyndan hasaplanylýar. Iriň we hajat bilen hapalanan gurallar, ilki oňat ýuwulýar, arassalanýar we aýratyn sterilizatorda 90 minutlap gaýnadylýar. Ehinokokkoz bilen kesellini operasiýa edilende ulanylan gurallary has hem oňat sterilizirlemeli. Olary bir sagatdan gaýnadyp, iki gezek sterilizirlemeli. Gurallary ilki bir sagatlap gaýnatmaly, soňra 24 sagatlap jayda goýmaly. Soňra gurallary ýene 1 sagatlap gaýnatmaly. Kesiji däl gurallar 60 minutlap gyzgyn howaly skafda (+180° ) sterilizirlenilýär. Gyzgyn

howaly demir skafda (*sterilizator*) elektrik togunyň güýji bilen ýokary gyzgynlyk (+180° ) emelle getirilýär, gurallar 60 minutlap sterilizirlenilýär.

Gurallar awtoklawda sterilizirlenilende 132° gyzgynlykda 2 atmosfera basyşynda, 20 minutlap sterilizasiýa geçirilýär. Soňra operasion uýasy steril gurallary antiseptikanyň we aseptikanyň düzgünlerini berjaý edip, üsti sterilizasiýa geçirilen iki gat mata bilen ýapyp goýýar. Gurallar bir günün dowamynda steril durýar.

***Bir gezek ulanylýan şprislerde arassaçylyk çäreleriniň geçiriliş usullary***. Bir gezek ulanylýan şprisleri arassalamak üçin 3 sany 5 % hlor hekli gap ulanylýar. Sanjymdan soň 1-nji gapda şprisiň içini 3 gezek dez. ergin bilen dolduryp dökmeli, soň 3-nji gapda içi dez. ergin bilen doldurlan ýagdaýda batyryp, 1 sagadyň dowamynda goýmaly. Bir sagatdan soň şprisleriň ujyny (iňňesini) döwüp uly şepagat uýasyna tabşyrmaly. Ulanylan iňňeleri 2-nji gapda 1 sagadyň dowamynda goýmaly, soňra uly şepagat uýasyna tabşyrmaly, ol bolsa olary ýakmaly.

***Rezin we plastmassa önümleriň sterilizasiýasy.*** Rezin we plastmassa önümleri 18°C temperaturada 6% pereksiň wodorod ergininde 360 minudyň dowamynda ýa-da 50°C temperaturada 6% pereksiň wodorod ergininde 180 minudyň dowamynda sterilizasiýa edilýär. Mundan başgada rezin we plastmassa önümlerini 1% dezokson-1 45 ±5 minudyň dowamynda sterilizasiýa edip bolýar.

Rezin gyzdyryjylar, buzly haltajyklar, kleýonkalar, öňlükler– uanylandan soňra her 15 minutdan 2 gezek 1% hlor hekiniň erginine batyrlan esgi bilen süpürmeli we 1 sagatdan soň enjamlary täzeden ulanmak bolýar. Kislorod maskasy, ýassygy – ulanylandan soňra her 15 minutdan 2 gezek 3% perekis wodorod erginine batyrylan esgi bilen süpürmeli. Süpürlenden 1 sagatdan soň enjamlary täzeden ulanmak bolýar. Klizma üçin ulanylýan abzallaryň uçlary, peşew kateterlary, 5% hlor hekiniň ergininde 1 sagatlap ýatyrmaly, soň akar suwuň aşagynda ýuwmaly we 30 min.(gaýnap başlandan soň) dowamynda gaýnatmaly, suwuny döküp gury görnüşde saklamaly.

Zondlar, gakylyk we gan sorujy abzalyň ujy 5% hlor hekiniň ergininde 1 sagatlap ýatyrmaly, soň akar suwuň aşagynda ýuwmaly we 30 minut gaýnatmaly, soň suwuny döküp gury görnüşde saklamaly.

Fonendoskop - ulanylandan soň her 15 minutdan 2 gezek 0,5% hlor hekiniň erginine batyrylan esgi bilen süpürmeli. Süpürlenden 1 sagatdan soň, enjamlary täzeden ulanmak bolýar. Ellikler ( her bir manipulýasiýa ýerine ýetirlende täze ellik geýmeli) 1 sagadyň dowamynda 5% hlor hekiniň ergininde ýatyrmaly, soň gaýçy bilen kesmeli we pakete salyp zyňmaly.

Rezin drenaj trubkalary, kateterleri gaýnatmaklyk usuly bilen sterilizirlenilýär. Olary sulemanyň 1:1000 bolan gatnaşygyndaky ergininde 2 sagatlap saklap ýa-da awtoklawda sterilizirläp bolýar.

***Operasiýa geçirilýän wagty arassalap ýygnaşdymak usuly:***

- operasiýa wagty gan, iriñ siñen we ýere gaçan hasalary şol wagt aýyrmaly, poly 1% hloramin erginine çyglanan: mata bilen süpürmeli. Operasiýa wagty kesilip aýrylan agzalary: (içege bölegi) derrew daşyna çykarmaly.
- her operasiýa gutarandan soñ, operasiýa otagy ýene ýygnaşdyrylmaly, 1% hloramin erginine çümdürilen çygly mata bilen süpürmeli.
- her gün işiñ ahyrynda operasion jaýy arassalap ýygnaşdyrmaly, operasiýa gije.gutarsada jaýy hökman arassalamaly. Ony ertir operasiýa geçirmäge taýýarlamaly.
- her hepdede bir gün düýpli arassaçylyk işini geçirmeli we operasiýa otagynyñ içindäki howanyñ sterilligini anyklamaly. Şu niýet bilen operasion otagynyñ howasyny mikrobiologiki barlag (ekim) etmeli we onuñ netijesini ýörite resmi kagyzda bellemeli. Operirlenýän otagyñ howasynyñ 1 kub metrde 500 mikrobdan köp mikrob bolmaly däl.
- operasiýa wagty otagda köp adam bolmaly däl, olar ýuwaş gepleşmeli. Talyplar operasiýa ýörite eşik geýeninden soñ barmaly. Ýagny, kellä kolpak geýmeli, agyz-burny hasa maska bilen örtülen bolmaly, operasion köýnek-balagy ak nah matadan bolmaly. Aýagyna köwşüñ daşyndan matadan tikilen bahilla geýmeli. Operasiýa otagynda gezmelemek, gaty gülmek bolmaýar. Ýiti respirator wirus keselliler operasion zala barmaly däl.
- Keselli operasion otaga ýörite arabajykda ýatyrylyp eltilýär we operasion stola geçirilýär.

***Lukmançylyk işgärleriniň elleriniň arassalanyşy.***

***Hirurgyň eliniň sterilizirlenilişi***. Hirurg operasiýany steril el bilen ýerine ýetirmeli. Onuň eli arassa bolmaly, dyrnaklary ösgün bolmaly däl. Eli sterilizirlemek üçin syrçaly steril çanak, sabyn, çotga we antiseptik erginler gerek. Syrçaly çanagy sterilizirlemek üçin onuň icine azajyk 96°C spirt guýulýar we ýakylýar. Ýagny, ýalnyň kömegi bilen syrçaly çanak sterilizirlenilýär. Eli sterilizirlemekligiň birnäçe usullary bolýar. Şolaryň köp ulanylýanlary şulardan ybarat:

1. ***Hirurgyň eliniň Spasokukoskiý-Koçerginin usuly boýunça operasiýa taýýarlanylyşy (9-njy surat.):***

- Hirurg elini sabyn we iki çotga bilen krandyň akar suwuna 10 minutlap mazaly ýuwýar we elini kirden arassalayar.
- Soň elini 0,5%-li naşatyr spirtli iki sany syrçaly legende, her legende 3 minutlap, mazaly ýuwýar. Elleri, jemi 6 minutlap ýuwmaly.
- Hirurg soňra ellerini steril salfetkanyň kömegi bilen süpürip guradýar.
- Elini 5 minutlap 96° spirt bilen ýuwýar .
- Dyrnaklarynyň düýbüne, epin ýerleriniň derisine 5%-li ýoduň erginini çalýar.
- Soňra ele steril rezin ellik geýilýär.
- Iň soňunda ellikli elini hem 96° spirt bilen ýuwýar. Diňe şondan soň hirurga







9-njy surat. Hirurgyň ellerini Spasokukoskiý usuly boýunça arssalaýyşy.

operasiya başlamak bolýar.

***2. Hirurgyň eliniň hlorgeksidiniň biglyukonadynyň (gibitan) 0,5%-li ergininde ýuwulyş usuly:***

- Eller sabyn we çotga bilen krandyň akyp duran suwunda 5 minutlap ýuwulýar.
- Soňra elleri hlorgeksidiniň 0,5%-li spirt ergininde 3 minutlap emalirlenen çanakda ýuwmaly we salfetka bilen süpürip guratmaly.
- Soňra eliňe 96° spirt çalmaly, steril rezin ellik geýmeli we ellikli eliňe spirt çalmaly.

***3. Hirurgyň eliniň diosid bilen ýuwulyş usuly.***

- Hirurg ellerini diosidiň 1:5000 bolan gatnaşygyndaky ergininde syrçaly legeniň içinde 3 minutlap ýuwýar we soňra 2 minutlap 96° spirt bilen süpürýär.

***4. Hirurgyň eliniň degmisidiň ergini bilen ýuwulyş usuly.***

- Hirurg ellerini degmisidiň 1%-li ergininde, syrçaly legeniň içinde 3 minutlap ýuwýar we soňra 2 minutlap 96° gradusly spirt bilen süpürýär.

**Soňky ýyllarda lukmançylyk işgärleriň eli arkaly geçýän ýokançlaryň öňüni almak maksady bilen Türkmenistanyň saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligiň we Bütindünýä saglygy goraýyş guramasy bilen bilelikde, lukmançylyk işgärleri üçin düzilen elleri ýuwmaklygyň täze usullary şu aşakardan ybarat bolyp durýar:**

- Aýa-aýa. (10-njy surat 1)
- Sag aýa çep eliniň arka tarapynyň üstinde we çep aýa sag eliniň arka tarapynyň üstinde. (10-njy surat 2).
- Aýa-aýa, barmaklary atanaklaýyn goýma. (10-njy surat 3).
- Barmaklaryň arka ýüzi aýanyň garşysynda barmaklar „gulpda“ (10-njy surat 4).
- Çep aýada gysylyp sag eliniň uly barmagyň öwrüm hereketleri bilen sürtme, we tersine. (10-njy surat 5)
- Sag eliniň barmaklaryny çümmüge tutup aýlow hereketler bilen çep aýada öňe-yza sürtme we tersine. (10-njy surat 6).

## Antiseptika

***Antiseptika*** - *ýara we bedene düşen mikroblary ýok etmek we azaltmak diýmekdir*. *Antiseptika* - grek sözi bolup “*mikroba garşy*” diýilip terjime edilýär. Antiseptikanyñ esasy kanuny 1867-nji ýylda iñlis hirurgy *J.Lister* tarapyndan hödürlenýär.




10-njy surat. Hirurgyň ellerini häzirki zaman arassalaýyş usuly boýunça arssalaýyşy.

Bu kanun ***antiseptiki niýet bilen ulanylýan derman ýaradaky mikroby ýok etmeli we adam üçin zelelsiz bolmaly***.

**Antiseptikanyñ 5 görnüşi bar:**

- Mehaniki antiseptika (täze ýarany arassalap tikmek); (11-nji surat.)
- Fiziki antiseptika (iriñli ýarany drenirläp iriñden arassalamak, UMŞ we lazer şöhlesini ulanmak); (12-nji surat.)
- Himiki antiseptika (iriñli ýarany derman antiseptik bilen bejermeli yarany 1% dioksidin bilen sargy etmek); (13-nji surat.)
- Biologiki antiseptika (kesellä gan guýup we ş.m. inimunitetini ýokarlandyrmak);(14-nji surat.)
- Gatyşyk antiseptika (keselli ilki operirlenýär soñ dermanlaryñ kömegi bilen bejerilýär we ýara UMŞ edilýär).

**Infisirlenilen ýarany ýuwmak usuly:**

- Ýaranyñ töwereginiñ derisindäki saçy ýa-da gyllary aýyrmaly:
- Ýarañ gyrasynyñ derisine 2 gezek 1% iodonat erginini çalmaly;
- Ýarañ içini wodorodyñ 3%-li perekisi bilen kopürjikledip mazaly ýuwmaly we ýarany steril tampon bilen arassalamaly, soñra oña 1% dioksidin ergini bilen ýapgy etmeli.



11-nji surat. Ýaranyñ ilkinji hirurgiki arassalanylyşy.



12-nji surat. Ýaranyñ drenirlemek usuly.



14-nji surat. Gan.




13-nji surat. Dioksidiniñ ergini.

## Hirurgiki hassahananyň enjamlary we gurallary



15-nji surat. Rentgen enjamy.



16-njy surat. Fibroezofagogastroduodenoskop.



17-nji surat. USB-doppler enjamy.



18-nji surat. Laparoskop enjamy.



19-njy surat. Litotriptor enjamy.



20-nji surat. Klinitron krowaty.



21-nji surat. Ýanyklarda sargy edilýän enjam.



22-nji surat. Ýanyklarda ozon suwly sargy edilýän enjam.



23-nji surat. Kesiji gurallar.



24-nji surat. Tikiji gurallar.



25-nji surat. Kömekçi gurallar.



26-njy surat. Ýarany giňeldiji gurallar.



27-nji surat. Torokotomiýada ulanylýan gurallar.




28-nji surat. Peşew çukaryjy ýollarynyň operasiýalarynda ulanylýan gurallar.



29-njy surat. Süňklerde opersiýa edilende ulanylýan gurallar

# III bap

## Hirurgiki bölümde amaly endikler

***Hirurgiki hassahanada otaglaryň sanitar - epidemiologik arassalanyşy.***

Hassahanalarda arassaçylyk düzgünlerini doly we dogry berjaý etmek keselleriñ ýaýramagynyñ öňüni almaga ýardam edýär. Şol sebäpli keselhanalarda arassaçylyk düzgünlerini berjaý etmek lukmançylyk işgäri üçin örän wajypdyr. Çünki arassaçylyk düzgünlerini köp keselleriñ öňüni almaga, netijede bejergi alýan näsag çagalaryñ basym sagalmagyna kömek edýär.

Bölümdäki otaglaryñ, şol sanda em edilýän otagyñ, stollaryñ üsti: Günuñ dowamynda 4 gezek, her 15 min. 2 gezek, 1% hlor hekiniñ erginine batyrlan esgi bilen süpürmeli. Em edilýän otagyñ içini her manipulýasiýadan soñ 2gezek arasyna 15 min. salyp, steril esgi bilen süpürmeli, soñ 30 minudyñ dowamynda kwars çyrasyny ýakmaly. Ulanylan esgileri 1 sagadyñ dowamynda 1 % hlor hekiniñ ergininde ýatyrmaly.

***Otagyñ içini düýpli arassalamak:*** Otagyñ içini düýpli arassalamak hepdede bir gezek geçirilär. Ilki bilen diwary arassalamaly, soñ 5 % hlor hekiniñ erginine batyrlan esgi bilen diwaryñ ýüzini, ýokardan aşak süpürmeli we 1 sagatlap gapyny ýapyp goýmaly, 1 sagatdan soñ gapyny, aýnalary açyp ýelejiretmeli, ýuwujy serişde (10 1itr suw-50 gr. Poroşok) bilen ýuwyp, soñ arassa suwa ýuwmaly we l sagatlap aýnalary, gapyny ýapyp, kwars çyrany ýakyp goýmaly, soñ 2 gezek 1% hlor hekiniñ ergini bilen 2 gezek her 15 min. süpürmeli we 30 min. (ikinji gezek) kwars çyrany ýakmaly. Şeýlede depdere kwars çyranyñ ýakylyp başlan we gutaran wagtyny ýazmaly we şepagat uýasy gol çekmeli.

***Ganly çüýşe:*** Egerde näsagda allergiki reaksiýa ýüze çykaýsa täzeden barlamaga mümkinçilik bolar ýaly çüýşäniñ düýbünde 10-15 ml gan goýmaly, Çüýşäniñ daşyna nasagyñ adyny, familiýasyny, kesel taryhynyñ belgisini ýazmaly we 1 gije-gündiziñ dowamynda saklamly, soñ çüýşäniñ gapagyny gaýçy bilen açyp içini 5% hlor hekiniñ ergini bilen doldurmaly we gaýçy bilen bilelike şol erginiñ içinde, 1 sagatlap ýatyrmaly, soñ olary akar suwuñ aşagynda ýuwmaly, gaýçyny gury esgi bilen süpürmeli, çüýşäni uly şepagat uýasyna tabşyrmaly.

***Açylmadyk biksler:*** 3 gije-gündiziň dowamynda steril hasaplanylýar.

***Açylan biksler:*** 1 gije-gündiziň dowamynda steril hasaplanylýar.

***Metalliki gurallar:*** Ulanylandan soñ, gurallary arassa suwly gapda ýuwmaly we 1 sagadyñ dowamynda 3% hlor hekiniñ ergininde 30 min. ýatyrmaly, soñ akar suwda ýuwmaly we 50-60 °C gyzgynlykdaky ýuwujy erginde 20 min. ýatyrmaly, (ýuwujy erginiñ taýýarlanylşy: 895 ml suwa 5 gr ýuwujy serişde we 100 ml 6%-perekis wodorodyñ erginini goşmaly) soñ şol erginde şprisleri çotka, iññeleri mandren bilen ýuwmaly ilki bilen akar suwda soñ distillirlenen suw bilen ýuwmaly, gurallary sterilizatoryñ içine goýmaly we üstüne distillirlenen suw guýup, gaýnap başlandan soñ 10 min. gaýnatmaly. Bu tapgyra *duzsyzlandyrma* diýilýär.

***Distillirlenen suwuñ taýarlanylşy:*** Suwy bugardyp gaýtadan arssa gapda damja öwrüp ýörite ejamyň kömegi bilen gaplara ýygnaýarlar.

***Rezin grelkalar, buzly haltajyklar, kleýonkalar, fartuklar*** : Ulanylandan soñ her 15 min. 2 gezek, 1% hlor hekiniñ erginine batyrlan esgi bilen süpürmeli. Süpürlenden 1 sagatdan son enjamlary täzeden ulanmak bolýar.

***Kislorod maskany:*** Ulanylandan son her 15 min. 2 gezek, 3% perekis wodorod erginine batyrlan esgi bilen süpürmeli. Süpürlenden, 1 sagatdan son enjamlary täzeden ulanmak bolýar.

***Ellikler (her bir manipulýasiýa ýerine ýetirlende ele geýmeli):*** 1 sagadyñ dowamynda 5% hlor hekiniñ ergininde ýatyrmaly, soñ gaýçy bilen kesmeli, pakede salyp zyñmaly.

***Bir gezek ulanylýan şprisler:*** Bir gezek ulanylýan şprisleri arassalamak üçin 3 sany, 5% hlor hekiniñ erginli gap ulanylýar. Sanjymdan soñ 1-nji gapda sprisiñ içini 3 gezek dezinfisirlenen ergin bilen dolduryp dökmeli, soñ başga 3-nji gapda içi dezinfisirlenen ergin bilen doldurlan ýagdaýda batyryp, 1 sagadyñ dowamynda goýmaly, soñ, ujyny döwüp uly şepagat uýasyna tabşyrmaly, ol bolsa olary ýakmaly.

***Sis***tema: Ulanylan sistemany 5% hlor hekiniñ erginli gabyñ içine gaýçy bilen 10-15 sm. Ölçegde kesmeli we 1 sagadyñ dowamynda batyryp goýmaly, filtriñ içini hem dez. Erginden doldurmaly, egerde sistema ganly bolsa, gaýçyny hem şol erginde ýatyryp goýmaly, 1 sagat geçenden soñ ,sistemanyñ filtrini uly şepagat uýasyna tabşyrmaly, beýleki böleklerini pakeda salyp zyñmaly, gaýçyny akar suwuñ aşagynda ýuwmaly we süpürip guratmaly.

Termometrler: Ulanylandan soñ 30 min.dowamynda 0,5% hlor hekiniñ ergininde ýatyrmaly, egerde näsag gepatit geçiren bolsa 1% hloramin ergininde ýatyrmaly, son akar suwda ýuwmaly, gury salfetka bilen süpürmeli we içi gury saletkaly gapda simply ujyny aşak edip goýmaly.

***Şpateller:*** Ulanylandan soñ 30 min.dowamynda 1% hlor hekiniñ ergininde, ýatyrmaly, soñ akar suwda ýuwmaly we 20 min. gaýnatmaly, soň steril saletkalr bilen guradyp, agzy ýapylýan gapda saklamaly.
***Maskalar:*** Ulanylan maskany 30 min. 1% hlor hekiniñ erginide ýatyrmaly, soñ akar suwuñ aşagynda hojalyk sabyny ýada poroşok bilen ýuwmaly, ütüklemeli. Maskany her 4 sagatdan çalşyp durmaly.
***Zondlar, gakylyk sorujy abzalyñ ujy:*** 1 % hlor hekiniñ ergininde, 1 sagatlap ýatyrmaly, soñ akar suwuñ aşagynda ýuwmaly we 30 minut gaýnatmaly.
***Holodilnikler (sanjym otagynda we naharhanada):*** 2 gezek, arasyna 15 min. salyp, 1% hlor hekiniñ ergini bilen süpürmeli we 1 sagatlap gapysyny ýapyp goýmaly, soñ arassa suw bilen ýuwmaly.
***Böwrek şekilli jamjagaz:*** 3% hlor hekiniñ ergininde, 1 sagatlap ýatyrmaly, soñ akar suwuñ aşagynda ýuwmaly.
***Näsagyñ aşagyna ýazylýan kleýonka:*** 1 % hlor hekiniñ ergininde, 30 min. Ýatyrmaly, soñ akar suwuñ aşagynda ýuwmaly we guratmaly.
***Gorşoklar:*** Ilki suw guýup içini unitaza boşatmaly 1% hloramin ergininde, (ýa-da 3% hlor hekiniñ ergininde 30 min.) 1 sagatlap ýatyrmaly, son akar suwuñ aşagynda ýuwmaly we düñderip goýmaly.
***Pol ýuwulýan enjamlar (şwabra, bedre, esgi):*** Şwabrany 1% hlor hekiniñ ergini bilen, arasyna 15 min. salyp, 2 gezek süpürmeli, soñ aşagyny ýokaryk edip goýmaly. Bedräni 1% hlor hekiniñ ergini bilen, arasyna 15 min. salyp, 2 gezek süpürmeli we düñderip goýmaly, pol ýuwmak üçin ulanylýan esgileri 1% hlor hekiniñ ergininde, 1 sagatlap ýatyrmaly, soñ akar suwuñ aşagynda ýuwmaly we guratmaly.
***Arassaçylyk işleri üçin ulanylýan esgiler:*** Ulanylandan soñ 1 sagadyñ dowamynda 1% hlor hekiniñ ergininde( 350 buýryk boýnça 3% hlor hekiniñ ergininde) ýatyrmaly, soñ akar suwda poroşok ýada hojalyk sabyn bilen ýuwmaly we guratmaly.
***Ganly prostyn:*** 3 % hlor hekiniñ ergininde, 2 sagatlap ýatyrmaly, son akar suwuñ aşagynda ýuwmaly , guratmaly we hojalyk uýasyna tabşyrmaly. 1 kg. Prostyna 5 litr dezinfisirleýji ergin ulanmaly.
***Pol ýuwmak:*** Poly eliñ ellikli ýuwmaly, bir sutkanyñ dowamynda pol azyndan 3 gezek ýuwulýar, 2 gezek ýuwyjy serişde, 1 gezek 0,25 % gipohlorid natriniñ ergini bilen ýuwmaly, soñ arassa suw bilen durlamaly, 10 litr 0,25 % gipohlorid natriniñ ergini bilen 60 kw. Metr meýdany ýuwup bolýar. Durlamak üçin ulanylýan suwy hapalanyşyna görä çalyşmaly. Her otagyñ öz şwabrasy, bedresi we esgisi bolmaly, olary ýörite diwarda niýetlen otagda saklamaly. Hajathanada unitazyñ üsti 1% , içi 5% hlor hekiniñ ergini bilen süpürilýär.
***Ýere(pola) gan damsa:*** ganyñ töweregine 5% hlor hekiniñ erginine batyrlan esgi aýlamaly, soñ ganyñ üstüne 5:1 gatnaşykda (5 esse az mukdarda) hlor hekini sepmeli we 1 sagatlap goýmaly, soñ esgi bilen gany süpürmeli we esgini 5% hlor hekiniñ

ergininde ýatyryp goýmaly, soñra akar suwuñ aşagynda ýuwmaly we guratmaly.

***Ýygy ulanylýan dezinfisirlen enrginleriñ taýarlanylşy:***

1. ***Hloramin ergininiñ taýarlanylşy:*** enelik (*matoçnyý*) ergin hökmüne 10% hloramin ergini peýdalanylýar.

***-Hloraminden işçi erginleriñ taýarlanylşy:***

- 1 litr 0,5% hloramin erginini taýarlamak üçin 950 ml suwa 50 ml, 10% hloramin erginini goşmaly;
- 1 litr 1% hloramin erginini taýarlamak üçin 900 ml suwa 100 ml, 10% hloramin erginini goşmaly;
- 1 litr 3% hloramin erginini taýarlamak üçin 700 ml suwa 300 ml, 10% hloramin erginini goşmaly;

***2.Gipohlorid natriniñ ergininiñ taýarlanylşy:*** Enelik (matoçnyý) ergin hökmünde 0,7% gipohlorid natriniñ ergini ulanylýar.bu reñksiz, ýiti bolmadyk hlor ysly ergindir.

-***Gipohlorid natriniñ ergininden işçi erginleriñ taýarlanylşy:***

- 1 litr 0,125% gipohlorid natriniñ ergininiñ taýarlamak üçin 875 ml. Suwa, 125 ml 0,7% gipohlorid natriniñ erginini goşmaly.
- 1 litr 0,25% gipohlorid natriniñ ergininiñ taýarlamak üçin 750 ml. Suwa ,250 ml 0,7% gipohlorid natriniñ erginini goşmaly.
- litr 0,5% gipohlorid natriniñ ergininiñ taýarlamak üçin 500 ml. Suwa ,500 ml 0,7% gipohlorid natriniñ erginini goşmaly.

***3.Yuwyjy erginiñ taýarlanylşy:*** 1 litr ýuwyjy ergini taýarlamak üçin 795 ml suwa 200ml 3% perekis wodorodyñ erginini we 5 gr.ýuwujy serişde (Lotos, Aýna we ş.m.) goşmaly.

***Steril stolyñ taýarlanylşy:*** Biksi etiketikasyna, aýnajyklarynyň ýapyklygyna seredip awtoklawdan getirmeli. Soñ otagyñ içini we biksleri arasy 15 min. dowamlylykda 1% hlor hekiniñ ergini bilen 2 gezek süpürmeli, 30 min. Kwars çyrany ýakmaly. Soñ eliñi 2 gezek hojalyk (kir) sabyny bilen barmaklaryñ ujyndan tirsegiñe çenli ýuwmaly. Arassaçylyk uýasy biksi açyp bermeli, ilki bilen indikatora seretmeli (kükürt erän, reñki garalan bolmaly), biksiñ içi gury bolmaly. Soñ üstündäki gury saletka bilen eliñi süpürip guratmaly. Arassaçylyk uýasy şepagat uýasynyň eliñe 3 gezek 10 gr. 96 % spirt guýup berýär. Spirt guraýança eliñi süpürip durmaly, barmaklaryñ ujyny 5% ýod bilen süpürmeli. Soñ biksdäki steril eşigi (maskany, ýaglygy, halady) geýmeli, soñ stolyñ üstüne 2 gat prostyn ýazyp gurallary goýmaly, stolyñ gyrasyna indikatory (kükürt, saharoza) we işçi korsang goýmaly, üstini 2 gat prostyn bilen ýapmaly, ýokarky prostyn, aşakydan 10 sm uzyn bolmaly, gyralaryna sapka gysdyrmaly we etiketka (güni, wagty ýazmaly we şepagat uýasy golyny çekmeli). Soñ biksiñ içini 1% hlor hekiniñ ergini bilen iki gezek, arasyna 15 min. salyp süpürmeli, prostynlary salyp, biksiñ aşagyna, üstüne sera goýup, aýnajyklaryny

açyp goýmaly we wagtyny ýazmaly.

**Buýruk**
**№ 350 “27” noýabr 2000ý.**

***«Türkmenistanda wirusly gepatitier bilen keselçiligini azaltmak çäreler barada»***

Medisinada ulanylýan gurallarynda we enjamlarynda ýokançsyzlandyrylyş we arassaçylyk işleriniñ geçirilişi.

Eger-de wirusly gepatitiñ parenteral geçiş ýoly arkaly kesellän ýa-da HBs Ag göterijilerde ulanylan medisina enjamlary iş wagtynda deriñ ýüzündäki ýaralara degende gan ýa-da ýokanç keselli serisdelere galtaşanda ol ýere zeper ýetirmegi mümkindir, şonuñ üçin hem ýokançsyzlandyrylandan soñ “Medisina serisdeierini we eniamlaryny ýokançsyzlandyrmak we arassalamak” 42-21-2-85 *standarta* laýyklykda ol serişdeleri arassalaýarlar.

Ýokançsyzlandyrma, wagtynda, medisina gurallarynyñ (şpris we ş.m.) içinde galan ganlary doly aýyrmak üçin 5-10 ml ýokançsyzlandyryjy erginleri bilen çaýkamaly. Soñra ýuwujy serişdelerde ýuwup, ýokançsyzlandyryjy erginde ýatyrmaly. Ýokançsyzlandyryjy ergin hapalanan wagtynda onuñ täsir edijiligi peselýär, şonuñ üçin ýokançsyzlandyryjy ergin bilen ikinji gap taýýar bolup durmaly, bu soñlaýjy ýokançsyzlandyrma üçin gerekdir.

Medisina enjamlarynyñ talaba laýyk arassalanandygyny barlamak üçin azopiram, amidoprin ýa-da fenolftaleýin usuly bilen galyndy düzümlerini anyklamak bolýar.

***Gan galyndysyny anyklamak üçin azopiram usuly.***1 litr azopiram ergininі taýýarlamak üçin 100 gr amidopirin bilen 1-1.5 gr güýçzüzlendirilen duzly kislotasyny gury arassa gapda garyşdyryp üstüne 95% etil spirit (900 ml) guýmaly ergin sowadyjyda +4C berk ýapylan çüýşe gapda 2 aýyñ dowamynda saklanyp bilýär, ýöne +18 +23C gyzgynlykda 1 aýdan köp saklanmaýar. Azopiram ergini bilen 3% wodorodyñ perekis ergini deñ mukdarda alyp garmaly. Soñra, şol taýýar ergin bilen medisina enjamlaryñ talaba laýyk arassalanandygyny barlamak bolýar. *Barlanyş usuly* arassa pagta bölegini ergine batyryp, arassalanan taýýar medisina enjamlaryny süpürmeli, eger-de pagta bölegi ***mawy***, soñra ***melewşe*** reñke öwrülse, onda sol enjamlar (***hapa***) talaba laýyk arassalanmadyk diýip hasaplanýar.

***Amidopirin usuly*** 5% spirt ergini bilen amidopiriniñ deñ mukdaryny garyşdyrmaly olar 5% $H_2O_2$+30% sirke kislotasynyñ bir näçe damjasyny damdyrmaly. Ergini garyşdyrmaly we taýýar ergin bilen medisina enjamlaryñ talaba laýyk arassalanandygyny barlamak bolýar. Barlanyş usuly arassa pagta bölegini ergine

batyryp arassalanan taýýar medisina enjamlaryny süpürmeli, eger-de pagta bölegi ***gök, mawy*** reñke öwrülse onda şol enjamlar (***hapa***) talaba laýyk arassalanmadyk hem-de gan galyndylary bar diýip hasaplanylýar.
***Ýuwujy ergininiñ aşgar düzüminiñ galyndysyny anyklamak fenolftaleýin usuly.*** 0,1% fenolftaleiniñ spirt ergininiñ 2-3 damjasyny arassa medisina enjamlaryna damdyrmaly, eger-de şol damdyrylan damjalar ***gyzyl*** reñke öwrülse, onda damjalar (**hapa**) talaba laýyk arassalanmandyr diýip hasaplamak bolar, hem-de olarda ýuwujy serişdeleriñ galyndylary bardyr.

Zyýansyzlandyrmak üçin haýsy hem bolsa bir usulyñ saylanmak zyýansyzlandyrylýan enjamlaryñ aýratynlyklaryna bagly. Medisina enjamlarynyñ arassalygyny barlamak çärýekde 1 gezek ýerli sanepidinspeksiýasy tarapyndan amala aşyrmaly.

Kesel bejeriş edaralarynda ýokançsyzlandyrma çäreleriniñ geçirlişi boýunça. Öz-özüñi barlamak heptede bir gezek ýokançsyzlandyrma işlerine jogapkär adam tarapyndan geçirilýär.

Bir wagtda arassalaýyş işleri geçirilen enjamlaryñ 1%-I barlag edilýär ýöne 3-5 sandan az bolmaly däl.

Eger-de barlanylýan enjamlarda gan ýa-da ýuwujy serişdeleriñ galyndysy tapylsa, enjamlaryñ hemmesinden. Talaba laýyk jogap alynýança arassalaýyş işleri geçirilýär.

Zyýansyzlandyryş (arassalaýyş) dürli usullar arkaly geçirilýär: bug bilen, howa arkaly, himiki serişdeler arkaly, zyýansyzlandyryjy serişdeleriñ aýratynlyklaryna bagly.

## Umumy ugurly hirurgiki bölümlerinde amaly endikler we manipulýasiýalar.

Näsaglarda gözegçilik etmek bejerginiň esasy we wajyp düzüm bölegidir. Gözegçilik etmek diýmek näsaglaryň ýagdaýyny gowylaşdyrmak üçin niýetlenen bejergi işleri, öňüni alyş çäreleri, gigiýeniki we sanitar epidemiologiki çäreleri ýerine ýetirmek.

Näsaglarda gözegçilik etmek umumlaşdyrylan we ýörite toparlara bölünýär. *Keseline garamazdan her bir näsäg umumy idege mätäçdir* (derman paýlamak, sanjym etmek, iýmitlendirmek we ş.m.).

Ýöriteleşdirilen ideg keseliň belli bir toparlarynda ulanylýar. Hirurgiki kesellerde ( *immobilizasiýa* sargyny berkitmek, sargyny goýmak ); torokoabdominal kesellerinde ( plewral we abdominal punksiýa edilende lukmana kömek bermek); urologik kesellerde ( peşew halta katetr goýmak we ş.m.).

Näsaglara ideg etmek orta lukman işgäriň borjudyr. Diňe aýratyn işler orta lukman işgäriniň görkezmesi bilen kiçi ýaşly çagalarda enesi tarapyndan ýerine ýetirilýär.

***Näsag çagalara umumy gözegçilik etmegiň esasy çäreleri.***

1. Lukmançylyk edaralarynyň öňüni alyş, bejergi-goraýyş we sanitar-epidemiologiki gün tertibini döretmek hem-de üpjün etmek.
2. Lukmanyň görkezmesini ýerine ýetirmek.
3. Agyr näsaglarda hususy gigiýena geçirilende kömek bermek (ýuwundyrmak, düşegini çalyşmak, artbujagy arassalamak we ş.m.) şeýle hem iýmit berilende we fiziologiki talaplar ýerine ýetirilende (näsagy iýmitlendirmek, täret jamyny äbermek, peşew ýygnaýjyny goýmak we ş.m.).
4. Sanitar – gigiýeniki arassalaýyş işlerini geçirmek, ýagyryň (*proležni*) öňüni almak, wanna, duş we ş.m.).
5. Käbir ýagdaýlarda ilkinji kömegi bermek (gyzgyny has ýokary galanda, gaýtarmada, demi gysanda).

**Torakal bölüminde ýatan näsaglara ideg etmek.**

Döş kapasasyna we döş boşlugyndaky agzalara zaper ýeten näsaglar torokal bölüminde gözegçilik edilýär.

Döş kapasasynyň açyk we ýapyk şikeslenmesi tapawutlanýar.Bu şikeslenmede gapyrga we döş süňki döwülip biler.Döş boşlugyndaky agzalara operasiýa geçenden soň esasy ünsi operasiýadan soňky gaýryüzülmelere berilýär.Iň kyn operasiýa diýip, tutuş bir öýkeni aýyrmak (*pulmoektomiýa*) ýa-da ony bölekleýin aýrylmagyna aýdylýar (*lobektomiýa*). Operasiýadan soňky ilkinji günlerde operasion ýaranyň töweregindäki agyry bilen göreş uly ähmiýete eýedir. Bu agyr çaganyň hereketini, üsgülewigini saklamaga, şonuň netijesinde gakylygyň operasiýa edilen öýkeniniň bronhlarynda ýygnanmagyna getirýär. Bular hem öz gezeginde gorkuly gayryüzülmelere getirip bilýär.Oňa *atelektaz*, operasiýadan soňky *pnewmoniýa* degişli bolup biler.Şol sebäpli çaganyň arzyny üns bilen diňläp ony lukmana tiz wagtda aýtmaly we lukmanyň görkezmelerini ýerine ýetirmeli (şar çişirmek, tüýdük çaldyrmak).

Dem alyş organlary keselli ýa-da şikes alan näsaglar köplenç dikräk oturdylýar ýa-da agyrly däl tarapyna ýatyrylýar. Bu ýagdayda plewranyň biri-birine sürtülmeginde döreýän agyrynyň azalmagyna hem-de bronhlardaky ýygnanýan köp mukdardaky gakylygyň azalmagyna getirýär.

Lukmançylyk işgäri dem alyşyň ýygylygyny anyklap bilmelidir. Dem alyşynyň ýygylygy kadaly ýagdaýynda 1 minutda: ýaňy doglan çagalarda 40 gezek; 6 aýdan ýokary çagalarda 30-32 gezek; 1 ýaşda 28-30 gezek; 10-12 ýaşda 24, uly ýaşly çagalarda 16-20 gezege deňdir. Çagalaryň dem alyşyny bildirmän sanamaly, sebäbi olar demini saklamagy mümkin.

***Çagalarda demalşyň ölçenşi.***

1. Burnunyň ýanyna fonendoskoby eltip.
2. Fonendoskoby döşine goýup.
3. Göz bilen.
4. Eliň aýasyny garnyna ýa-da döşine goýup.

***Uly ýaşly çagalarda demalşyň ölçenşi.***

1. Göz bilen
2. Eliň aýasyny garnyna ýa-da döşine goýup.
3. Köplenç puls bilen bilelikde sanalýar.

Eger dem alyşyň ýygylygynyň yzygiderligi we çuňlygy üýtgese bu barada zerur lukmana habar etmeli. Umumy kliniki we laborator barlaglar bilen birhatarda gakylygyň umumy barlagy, bakteriologik barlaglary, inçekeseliň mikobakteriýasynyň, gakylygyň gije – gündiz mukdarynyň barlaglarynyň wajyp ähmiýeti bardyr.

Kekirdewiginde çiş bolan, demi ýetmeýän çagalara gyssagly traheostoma goýulýar. Öýkene howanyň barmagyny ýeňilletmek üçin traheýany kesýärler, we kesilen ýere traheostom turbajygyny goýýarlar.Şunuň yalý näsaglar uly ünse we antiseptikanyň doly ýerine ýetirmekligine mätäçdirler. Traheostomanyň töwereginiň derisini günde 2 gezek ýodyň spirtli ergini bilen ýa-da dürli dezinfisirleýji erginler bilen süpürmeli, soňra arassa daňy goymaly. Traheostoma turbajygy günde çalyşmaly. Traheostomaly näsag gowy üsgürip gakylygyny doly mukdarda çykaryp bilenok, şonuň üçin traheobronhial agaç iriň hem gakylyk bilen dolmaz ýaly ony günde arassalamaly. Ony arassa katetri elektrosoryja birleşdirip sordurylýarlar. Traheýany doly arassalamak üçin sordurylmazdan öň traheostoma 5-20 ml hamyr sodanyň erginini goýberýärler.

Torakal bölüminiň agyr bölegini gyzylödegiň himiki ýanmagy bilen ýatan näsag çagalar tutýandyr .Naşatyr spirt, uksus esensiýasyny,aşgar, kislota ýaly erginleri ýuwdanda gyzylödegiň bardasy we myşsa gatlagy ýanýar bitewiligi bozulýar. Bu şikes gyzylödegiň daralmagyna hat-da doly yapylmagyna getirýär.

Gyzylödege şikes ýeten näsaglar agyz üsti bilen iýmitlenip bilmeýändigi sebäpli bulara gastrostomiýa operasiýasy edilýär.Onuň edilmeginiň maksady aşgazan emeli ýol ,ýagny gastrostomadan iýmit goýbermekdir. Gastrostoma - bu garyn boşlugynyň öňki diwarynda aşgazanda goýulan deşik. Gastrostoma rezin trubka goýulýar we ony aşgazanyň diwaryna berkidilýär. Çaga gastrostomanyň kömegi bilen iýmitlendirilýär, ýeňil siňýän,ýokary koloriýaly,suwuk naharlar goýberilýär. Gastrostoma ideg etmek we näsagy iýmitlendirmek şepagat uýasynyň borjy.Oňa ideg etmeginiň kynlygy sebäbi, töweregindäki deri sürtülip ýara bolmagy mümkin. Her gezek iýmitlenme geçirilenden soň gastrostomanyň töweregini arassalamaly. Derini permanganat kaliý erginine (0,1-0,5%) batyrlan hasa bilen

süpürmeli we ol ýeri hasa bilen guratmaly.Ondan soň Lassara pastasyny çalmaly we arassa daňy goýmaly.

Näsaglara sargyny lukman we sargy daňýan şepagat uýasy goýýar.Döş kapasasyna şikes ýetende (şikesli pnewmotoraks, gematoraks); kesellerinde ( spontan pnewmotoraks, eksudatly plewrit, piýepnewmotoraks) keseli anyklamak we bejermek üçin plewral punksiýasy edilýär.

Punksiýa etmek üçin sargy şepagat uýasy şu aşakdaky gurallary taýýarlamaly: şprisler,iňňe uzynlygy 10 sm,lotok – suwuklyk ýygnamak üçin, spirt, ýod, Bobrowyň bankasy elektrosoryja birleşdirilen we ilkinji kömekde gerek bolan dermanlar.

Punksiýa sargy otagynda edilýär, soň şol ýeri ýod bilen arassalanýar we spirtli hasa leýkoplastyr ýa-da kleol bilen berkidýärler. . Punksiýadan soň näsag otaga geçirilýä.

## Abdominal hirurgiýa bölüminde näsaglara ideg etmek.

Abdominal hirurgiýa bölüminde garyn boşlugynda ýerleşýän agzalara şikes ýetende we agzalarda kesel dörän ýagdaýynda ýatýarlar.Gyssagly we meýilleşdirilen näsaglar ýerleşdirilýär.Lukman näsagy görenden soňra onyň keselini anyklaýar we barlaglaryň meyilnamasyny belleýär.

Barlagyň meýilnamasy keseliň häsiýetine bagly bolýar.Aşgazan we 12 barmak içege kesellerinde – fibroezofagogastroskop bilen aşgazanyň nemli bardasynyň barlagyny geçirýärler.

Näsaglary barlaglara ýa-da operasiýa taýýarlamak üçin hem-de operasiýadan soňky döwürde her dürli klizmalar ulanylyar (ýagly, sifon, arassalayjy, gipertoniki, derman, iýmitlendiriji).Garyn boşlygyndaky agzalarda operasiýa bolan näsaglaryň idegi operasiýanyň agyrlygyna we göwrümine baglydyr.

Gasyk ingisi, kriptorhizm, gidroselli we ş.m. operasiýa bilen ýatan näsaglara operasiýadan soňky döwürde üýtgeşik görkezmeler berilmeýär. Kör içegesi aýrylan (appendektomiýa )we beýleki içege operasiýalaryndan soňra ýörite iýmitler we gün tertibi bellenýär .Näsagyň ýagdaýynda üýtgeşme bolanda , lukmana tiz habar bermeli. Ýaňy doglan çagalarda pilorostenoz sebäpli operasiýadan soň sagylan ene süýdi bilen iýmitlendirmeli.Ilki her 2 sagatdan, gijesine arakesme etmeli, ýagny bermeli däl.Ikilenji gün ýuwaş-ýuwaşdan süýdiň mukdaryny köpeltmeli, 4--nji günden başlap kadaly emdirmäge başlamaly.

Agyr operasiýadan soň ( içegäniň bölegini aýyrmak , içege geçirijiliginiň bozulmagy, Gişprung keseli we ş.m.) aýratyn ideg gerek. Şunuň ýaly näsaglara ýarym oturmak ýagdaýy, kä wagt ýuwaşlyk bilen gapdala öwürmek mümkin. Iýmitlendirmek we suw bermek birinji 2-3 günde parenteral ýol bilen berilýär.

Burunda goýlan aşgazan zondy her 2 sagatdan fiziologiki ergin bilen ýuwlyp durmaly.Eger zontdan suwuklyk bölünip çyksa, onuň wagtyny , mukdaryny, häsiýetini bellemeli we lukmana habar bermeli.Çagalaryň hossarlaryna iýmit

bermek düzgünini berk düşündirmeli.Hat-da bellenmedik iýmitiň az mukdary hem gaýryüzülmelere getirip biler.Garyn boşlugynda geçen operasiýadan soň köp ýel emele gelýär we içegäniň ýellenmegi mümkin (meteorizm).Meteorizmde agyry, içegäniň diwarynyň süýnmegi ,demalşyň kynlaşmagy bolýar.Meteorizmiň öňüni almak üçin hem-de onuň bilen göreşmek maksady bien ýel çykaryjy trubka goýulýar ýa-da gipertoniki klizma edilýär.Abdominal operasiýadan soň ýatan näsaglara gözegçilik edýän şepagat uýasy operasiýadan soň gaýryüzülmeleriň bolup biljekdigini bilmeli,iň köp duş gelýäni sepleşme –içege geçirijiligiň bozulmagy. Onuň ilkinji alamatlary: agyrynyň döremegi, köp mukdarda gaýtarmaklygy, içiniň ýeliniň çykaryp bilmezligi, garnyň çişmegi.Bu ýagdaýda şepagat uýasy tiz wagtda bejerýän lukmana habar bermeli.

Artbujakda operasiýa geçiren çagalar ýörite idege mätäçdir. Goýlan drenažlaryň ýagdaýyna we dogry ýerleşendigine yzygiderli seredip durmaly.Drenaž ýara, anusa, peşew çykaryjy kanala goýulýar. Çaga goýulan drenažy çykaryp aýyrmaz ýaly şepagat uýasy oňa gözegçilik edip durmaly, daşary çykýan suwuklygyň mukdaryny we häsiýetini bolsa bilmeli.Günde artbujagy arassalap, täret edenden soň ony permanganat kaliyiniň gowşak ergini bilen ýuwmaly, soňra hasa bilen guratmaly. Düzgüni ýerine ýetirmezlik agyr gayraüzülmelere getirip bilýär. Peritonit bilen ýatan näsaglar hirurgiýanyň iň agyr bölegine degişli bolup, olaryň gutulmagy lukmanyň görkezmesini doly we dogry ýerine ýetirilmegine bagly. Ilkinji günlerden başlap oýken gaýraüzülmelere garşy göreş çärelerini geçirmeli, sepleşme keseliň öňüni almak üçin çagany häli-şindi hereketlendirmeli, oksigenoterapiýa (30-31-nji suratlar) geçirmeli,iýmitinde bolsa ýeňil siňýän we içege peristaltikasyny göwulandyrýan serişdeleri bermeli.





30-31-nji suratlar. GBO enjamynda iş pursaty

Aşgazan-içage gan akmaly näsaglara iýmit bermek gadagan. Aşgazan-içage gan akmasynyň ilkinji alamaty “kofeniň goýusy” ýaly gaýtarma we gara reňkli täret bolýar. Olar ýaly näsaglarda aýratyn gözegçilik etmeli: näsagyň gyzgynyny, arterial gan basyşyny, pulsyny, ölçemeli.

**Urologiýa bölüminde ýatan näsaglara gözegçilik etmek.**

Urologiki keseli anyklamakda peşewiň reňkiniň we mukdarynyň üýtgemegi wajyp bolýar.Peşewde ganyň bolmagyna – gematuriýa diýilýar. Eger-de peşewiň mukdary 2 litre ýetse näsagda poliuriýa, 500 mi çenli azalsa – oligouriýa diýip hasap edýärler. Peşewiň ýok bolmagyna – anuriýa diýilýär.Peşewde belogyň bolmagy mümkin, oňa proteinuriýa diýilýär.

Urologiki keselli näsaglara ideg etmegiň kynçylygy şu aşakdakydan ybarat: böwrekde, peşew akarda, peşew haltasynda geçirilen operasiýalardan soň peşewiň çykmagy drenažyň üsti bilen bolýar. Bir näsagda 4-5 drenaž bolup biler.Drenažlar funksional we ätiýaçlyk drenažlara bölünýär.

*Funksional drenaž* – mundan operasiýa edilen ýerden peşew çykarylýar.

*Ätiýaçlyk drenaž* –umşak dokumalarda goýulýar. Çykan suwuklyk we peşewiň mukdary hökman bellenýär. Şepagat uýasynyň borjuna drenaža gözegçilik etmek girýär : onuň geçirijiligini we berkidilen ýerini barlap durmaly. Drenaž sypan wagty bölünip çykýan peşew töwerekdäki dokumalara ýygnanyp çiş döredýär we sowuklama getirip bilýär. Kä wagtla ýokardaky ýaly gaýra üzülmeler täzeden operasiýa edilmegine getirip bilýär.Hökman peşewiň häsiýetine gözegçilik edip durmaly.

Urologiki keselli näsaglarda operasiýadan soňky 2 gün iýmitlenme parenteral ýol bilen geçirilýär.Soňra olara ýörite berhiz berilýär.Onda duzly nahar,belok, ajy az mukdarda bolmaly: sok, gok önüm köp bolmaly. Şepagat uýasy näsagyň iýýän zatlaryna gözegçilik edip durmaly, sebäbi näsagyň berhizine girmeýän iýmiti iýmegi ahmal.

Basyşy ýokarlananda ( *gipertenziýa*) we çişende berilýän suwuklygyň mukdaryny azaltmaly we iýmitinden duzy aýyrmaly. Mundan başga-da bu näsaglarda suw deňagramlylygyny (içilen we parenteral ýol bilen goýberilen suwyň mukdary, gije-gündiziň dowamynda bölünip çykan peşewiň mukdary) bellemeli.

## Ýanan näsaglara ideg etmek.

Ýanyp düşen näsaglar deriniň gözegçiligine has mätäçdir. Bu näsaglarda peşewiň bölünip çykmagy bozulyp anuriýa ýetmegi mümkin. Peşewiň çykýan mukdaryny barlamak üçin peşew halta kateter goýulýar.(32;33;34;35-nji sutarlar.)

Ýanyp düşen näsaglaryň iýmiti ýokary koloriýaly, witamine baý, köp mukdarda suwuk ( çal, çaý, kompot we ş.m.) içgiler bolmaly. Eger näsagyň eli ýanan bolsa, onda oňa naharlanmaga kömekleşmeli.

2 – günüň dowamynda näsag täret etmese, onda oňa arassalaýjy klizma goýulýar, soňra antiseptik erginler bilen artbujagy ýuwýarlar.Näsaglara gözegçilik edilende esasy uly ünsi antiseptika düzgünleriň ýerine ýetirilişine berilýär.

Ýanyk bejermäniň 3 ugry bar : ýapyk, açyk, garyşyk.

Ýapyk ugry – ýanan ýerini melhemli sargy bilen ýapylýar .



32-nji surat. Ýanyk keseli



33-nji surat. Ýanyk keselinde sargy edilýän wanna.



34-nji surat. Ozonly suw bilen sargy edilýän wanna.



35-nji surat. Klinitron krowaty.

Açyk ugry – ýanan ýerini otagda guradyp onuň goňagyny emele getirýärler. Muny geçirmek üçin steril prostyn ulanylýar we çyranyň kömegi bilen karkasyň t-24-25° C ýetirilýär.

Şepagat uýasy näsagyň ýagdaýyny barlap durmaly. Eger täret edende ýa-da steril prostyn hapalansa şepagat uýasy ony täzeläp durmaly.

Garyşyk ugrunda - aeroterapewtiki gurallar ulanylýar. Bu gural bilen 30-32° C gyzgynlykda arassa howanyň toplumyny üfleýär. Käbir ýagdaýda ýanan näsagy bejermek üçin arassa howany ýyladylan izolýator ulanylýar.

Operatiw usuly diýip nekroz bolan dokumany aýyryp, derini göçürmege -autodermoplastika, allodermoplastika aýdylýar. Ýaranyň bitmegi näsagyň organizimine, iýmitine, idegine bagly bolup durýar. Operasiýadan soňky döwürde dem alyş , ýürek-damar, nerw ulgamynyň, iýmit we peşew çykaryjy ýollarynyň gaýra üzülmelerine getirmez ýaly ýokary derejede gözegçilik etmeli.

**Çagalary ýörite medisina barlaglaryna taýýarlamak**

Häzirki zaman çagalar hirurgiýasynda barlaglaryň anyklaýyş usullary giňden ulanylýar. Bu usullar ösüp barýan çaga organizmine az zyýan ýetirmek bilen barlaglary geçirmäge mümkinçilik berýär. Bu usullar şu aşakdakylardan ybarat: rentgenologik barlaglar, iki ölçegli ultrases skanirlemeklik, kompiýuter tomografiýasy,radionukleit skanirlemek, angiografiýa;endoskopiki barlaglar-fibr oezofagogastroduodenoskopiýa,fibrokolonoskopiýa, sistoskopiýa, laparaskopiýa, fibrobrohoskopiýa.

Şu barlaglary geçirmek üçin çagalary ýörite týýarlamaly. Barlagyň netijesi geçirilen taýýarlyk işlerine baglydyr.Ýaş çagalarda anyklaýyş barlaglar bihuşlandyrmak berlenden soň geçirilýär. Şu ýagdaýda taýýarlaýyş işleriniň çalaja bozulmagy çagany agyr ýagdaýlara getirmegi mümkindir.
Meselem: Çaga bihuşlandyrylan wagty birnäçe owurt suw berilmegi aspirasiýa, soňra bolsa asfiksiýa getirýär.

***Rentgenologik barlaglar.*** Rentgen şöhlelerini organizmden geçirip suratyny almaga (rentgenografiýa) esaslanandyr.Aşgazan – içege ulgamynda barlag geçirilende 2-3 gün öňünden näsagyň iýmitinden gara çöregi, gök önümleri, bakja ekinlerini, süýdi aýyrmaly. Içegede zäherleriň gazlaryň bolmazlygy üçin çagalary 1 günde 3 gezekden 0,25 g.karbolen, çopantelpek ergini bilen klizma ýa-da şol ergini 1günde 3-4 gezek bir nahar çemçesi mukdarda içirmeli.barlag geçirilmezinden öň agşam we irden barlagdan 3 sagat öň çaga arassalaýjy klizma etmeli.

Öt akymlarynda rentgenologik barlag geçirilende näsagyň iýmitinden gara çöregi, gök önümleri, süýdi 1 gün öň aýyrmaly. Barlagdan öň agşam we irden arassalaýjy klizma etmeli.

Rentgenologik barlaglar kontrast erginleri goýbermek bilen hem geçirilýär. Kontrast maddalar ampulalarda taýýar steril erginler görnüşinde çykarylýar. Bu

erginler barlagdan öň wena goýberilýär. Öt akymlary kontrastirlenende ol maddalar gerdejik görnüşinde näsaga berilýär. Kontrast maddalar çagalarda barlagdan öň agşam berilýär.

Rentgenologik barlaglar peşew bölüp çykaryş ulgamynda urologik kesellerde kesel kesgidini goýmak üçin hem geçirilýär. Siýdik bölüp çykaryş ulgamynyň organlary garyn diwaryň aňrysyndaky boşlukda ýatýar we şonuň üçin rentgen şöhleleriniň öňünde garyn boşlugynyň agzalary, esasanda içegeler ýatýar. Urogrammada şu sebäpli kölegeler ýüze çykýar we barlagy kynlaşdyrýar. Şeýle ýagdaýda näsag çaganyň iýmitinden gara çöregi, gök önümleri aýyrmaly. Barlagdan öň irden çaganyň içegesini klizmanyň kömegi bilen arassalamaly we oňa ýeňil ertirlik bermeli ( 1 käse çaý we peýnirli çörek). Egerde çaga bihuşlandyrylan bolsa, onda caga hiç zat bermeli däl. Sebäbi bihuşlandyryjynyň täsiri bilen çaga gaýtaryp aspirasiýa ýagdaýa düşüp biler.

***Ekskretor urografiýa.*** Has giň ýaýran rentgenologik barlaglaryň biridir. Urografiýadan öň peşew ýollaryň, böwrekleriň we çaganyň barlaga taýýarlanyşyny bilmek üçin öňünden rentgen suraty almaly.

Ekskretor urografiýa geçirilende , rentgenokontrast maddalar wena goýberilýär. Bu maddalar peşew bilen bilelikde çykmak bilen rentgen suratynda peşew ýollaryny gowy görkezýär. Kontrast maddalar hökmünde gipak, omnipak , werografin, urotrast we başgalar ulanylýar. Bu maddalary goýbermezden öň olary bedeniň temperaturasyna çenli gyzgyn suwda gyzdyrmaly. Şolardan soň çaga bellenen möçberi boýunça kontrast maddalary wenasyna 3-5 minudyň dowamynda ýuwaşlyk bilen goýbermeli.

*Ýatda sakla!* Bu usul ýerine ýetirilende, şepagat uýasy ýany bilen dimedrol, deksametazon erginlerini alyp barmaly.

***Ultrasesli skanirlemek.*** Beden üçin zyýansyzdyr we ýörite taýarlygy talap etmeýär. Ultrasesli skaneriň işleýşiniň shemasy şu aşakdakydan ybarat:

Datçigiň kömegi bilen gysga wagtlaýyn ultrases impulslary goýberilýär, bedeniň dokumalarynyň dürli dykyzlygyna baglylykda ultases dürli ýygylykda (intensiwlikde) datçige dolanyp gelýär. Gaýdyp gelen eho sesleri datçik kabul edýär we olar elektriki impulslar görnüşinde kompiýutere berilýär. Kompiýuter ekranynda dokumalaryň we organlaryň iki ölçegli suratyny berýär. Ultrasesli skanirlemek bagryň, öt ýollarynyň, aşgazan asty mäziň, böwregiň, ýatgynyň, ýatgynyň turbalarynyň, ýumurtgalygyň kesellerinde anyklamak üçin ulanylýar. Mundan başgada kardiologiýada hem giňden ulanylýar.

Bagryň, öt ýollarynyň, aşgazan asty mäzde barlag geçirilende çagany arkalaýyn, böwrekde geçirilende garnyna , dalakda geçirilende sag gapdalyna ýatyrmaly.

Datçigiň deri bilen kontaktyny gowylandyrmak üçin derä ýörite pasta ýa-da

wazelin ýagyny çalmaly.
Kiçi çanaklygyň agzalarynda skanirlemek geçirilende näsaga 2-3 stakan suw içirmeli şonda peşew halta dolup içegäni ýokary süşürýär.
Datçigi näsagyň derisine berkiräk gysyp içki agzalaryň we dokumalaryň suratyny ekranda görmek bolýar.

Ultrases skanirlemek usuly ýokary maglumatly ekspres usuldyr. Bu usul organlaryň ölçegini, dykyzlygyny, patologik suwuklyklarynyň bolmaklygyny örän dogry görkezýär. Şonuň üçin bu usul lukmançylykda giňden ulanylýar.

*Barlaglaryň endoskopiki usullary.*

Bu usul optiki instrumentleriň kömegi bilen içki agzalary barlag geçirmäge mümkinçilik berýär. Bular aşakdakylardan ybaratdyr :
***Fibroezofago-gastro-duodenoskopiýa. Laparoskopiýa (garyn boşlugy üçin) Torakoskopiýa ( plewral boşluk üçin )*** çagalarda şu barlaglar geçirilmezinden 30 minut öň deriniň astyna ýa-da myşsanyň içine atropiniň we promedolyň erginleri goýberilýär.

***Fibroezofagogastroduodenoskopiýa.***Bu gyzylödekde , aşgazanda we 12-barmak içegede olaryň nemli bardasyny barlamak usulydyr. Çagalarda şu usul bilen barlag geçirilende fibroendoskoplardan peýdalanylýar. Barlagdan öň näsaga atropin goýbermeli.Atropin barlagdan 30-40 minut öň deriniň astyna goýberilýär. Mundan başgada aeronyň tabletkasyny hem berip bolýar. Şu dermanlar tüýkülik mäzleriniň işini azaldýar, aşgazanyň, gyzylödegiň içegeleriň *muskulaturasynyň* tonusyny peseldýär. Aeron bolsa gaýtarma garşy berilýär. Bu barlag ýaş çagalarda bihuşlandyryjynyň kömegi bilen geçirilýär.

***Rekto we kolonoskopiýa.*** Bu barlag göni, sigma görnüşli ýogyn içegäniň nemli bardasyny, ondaky ýaralary, sowuklama hadysalary, polipleri bilmek üçin ulanylýar. Bu barlag geçirilmezinden öň we irden näsaga arassalaýjy klizma edilýär. Rektoromanoskopiýa wagtynda polipleri aýyrmak, biopsiýa etmek bolýar. Şonuň üçin içegeleri klizma edip gowy arassalamak gerek.

***Fibrokoloskopiýa.*** Bu usul pediatriýada täze anyklaýyş usulyň biri bolup, ýogyn içegäniň ähli bölümleriniň, inçe içegäniň ahyrky bölümleriniň nemli bardasyny görmäge mümkinçilik berýär. Bu usuly ulanmazdan öň ýogyn içege arassalanan bolmaly we barlagdan öň çaga 30-40- gr. ýag içirmeli, agşam we irden arassalaýjy klizma etmeli. Irki klizmadan soň çaganyň içegesine gaz çykaryjy turbajygy 20-30 min goýmaly. 10 ýaşly çagalarda bu barlag umumy agyrsyzlanmadan soň geçirilmeli.

***Sistoskopiýa.***Bu usul sistoskopyň kömegi bilen peşew haltanyň nemli bardasyny barlamakdyr. Mundan başgada sistoskop peşew akarlaryň, böwregiň retrograd rentgenologik barlagyny geçirmekde-de ulanylýar. Bu usulyň kömegi bilen peşew ulgamynda sowuklama keselleriniň, kemislikleriň, daşlaryň bardygyny

bilmek bolýar. Sistoskopiýa ýörite taýýarlygy talap edýär. Barlagdan öň enjamyň hereketlenýän böleklerini, elektrik ýagtylanşyny, optikasyny barlamaly. Sistoskop steril halda bolmaly. Ony zyýansyzlandyrmak üçin 30 min 96 % spirtde goýmaly ýa-da 15-20 min dioksidiň ergininde goýmaly. Sterilizasiýa edilenden soň fiziologik ergin bilen ölläp, steril stoluň üstünde goýmaly. Lukman elini operasiýadaky ýaly arassalap steril ellik geýmeli. Barlag edilýän çaganyň daşky jyns agzalaryny, peşew kanalyň deşigini 0,1 % sulemanyň erginine batyrylan hassa tampony bilen arassalamaly. Sistoskopy uretra goýbermezden öň oňa steril gliserin çalmaly. Çagany ýörite urologiki oturgyçda arkalaýyn ýatyryp onuň aýaklaryny berkidip goýmaly we şondan soň sistoskopy uretra goýberip barlag geçirmeli.

***Bronhoskopiýa.*** Traheobronhioal agajynyň anyklaýyş we bejeriş maksatlary üçin ýörite dem alyş apparatlary bolan bronhoskoplaryň kömegi bilen barlanmagyna –bronhoskopiýa diýilýär. Bu barlagyň geçirilşi hem beýleki barlaglar ýaly taýýarlygy talap edýär. Barlagdan öň çaganyň peşew haltasyny boşatmaly, ondan soň çaga klizma etmeli. Bronhoskopiýa wagty ýörite barlag üçin nemi hem almak bolýar. Ol nemi sitologiki barlag üçin ulanylyp biliner. Onuň üçin steril gutujyk we örtüji aýna gerek. Barlag geçirilenden soň näsag 1-2 sagadyň dowamynda göni halda ýatmaly. Çaga iýmiti 3-4 sagatdan soň bermeli.

***Laparaskopiýa.*** Bu usul endoskopiki apparaty garnyň diwaryny deşip salmak bilen geçirilýär. Laparaskopiýa garyn boşlugynyň agzalarynyň ýagdaýy barada maglumat almak üçin ulanylýar. Laparaskopiýa kesel kesgidini bilmek kyn bolan hirurgiki kesellerde (appendisit,şikeslerde, genikologiki kesellerde) ulanylýar. Ondan başgada bagryň, öt ýollarynyň kemisliklerinde, urologik, endokrinologik kesellerde hem ulanylýar. Laparaskopiýa üçin edil operasiýadaky ýaly şertler gerek we çagalarda laparaskopiýa bihuşlandyryjy berilenden soň geçirilýär.

## Näsaglary dessine we meýilleşdirilen operasiýalara taýýarlamak

***Operasiýadan öňki döwür diýilip*** - syrkawyñ keselhana gelenden soñ, tä operasiýa başlanjak wagtyna çenli aralyga aýdylýar. Bu dgwür özüçe iki bölekden durýar.

***Kesel anyklaýyş döwri:*** Bu döwürde syrkawyň keselini anyklaýarlar we operasiýa geçirip boljagyny hem-de bolmajagyny anyk kesgitleýärler.

***Operasiýanyñ öñ ýanyndaky döwür.*** Bu döwür kesele we näsag çaga bagly bolup. onuñ dowamlylygy birnäçe minutdan günlere çekip biler. operasiyadan öñki döwrüñ meselesi - operasiýanyñ howplylygny peseltmegidir. Bu diýdigimiz agzalaryñ we ulgamlaryñ işlerini kadalaşdyryp, boljak operasion ýaranyñ beterleşmezligini gazanmakdyr. Eger haýsy hem bolsa bir organda ýa-da ulgamda näsazlyk bolsa, onda

lukman şony kadalaşdyrmak üçin ýörite dermanlary ulanmaklaryny görkezýärler. Lukmanyñ görkezmelerini şepagat uýasy öz wagtynda ýerine ýetirip durmalydyr.
***Deri örtügi.*** Deri örtüginde hiç hili iriñli ýaralar bolmaly däl. Eger deri örtüginde ýara ýüze çyksa, hökmany ýagdaýda ony bejermeli. Çaga operasiýadan öň gigiýeniki wannada ýuwunyp, operasiýa boljak güni bolsa opeiasiýa geçiriljek meýdanyñ saçdyr-tüý örtügini päki bilen aýyrmaly.
***Nerw ulgamy.*** Käbir çagalar boljak operasiýadan gorkup tolgunýar we ejir çekýärler. Şeýle ýagdaýda lukman işgäriniñ esasy meselesi olary rahatlandyrmakdan we operasiýanyñ gowy geçjekdigine ynandyrmakdan duryar.
***Dem alyş ulgamy*** barlananda hiç-hili sowuklama keseliñ alamatlary bolmaly däl. Mundan başgada öperasiýa gitjek çagalaryň döş kapasasy rentgen şöhlesiniñ kömegi bilen barlanmalydyr.
***Yürekr-damar ulgamyny*** taýýarlamak -ýürekr-damar ulgamy sagdyn adamlarda operasiýa üçin ýörite taýarlyk hökman däldir. Yörite taýýarlyga ýüregi doga kemislikli çagalar mätäçdir. Olara ýorgan-düşekli düzgün, iýmitinden duzy we suwuklygy çäklendirmeli. Şolar bilen bir hatarda peşew bölüp çykarýan dermanlar görkezme berilýär. ‘Näsaglarda assit, çişler ýok bolsa, bagry kadaly kiçelen bolsa we ýürek urşy kadaly bolsa, onda ol näsag operasiýa taýar hasaplanýar.
***Gan we gan aýlanyş agzalary.*** Operasiýadan öñki döwürde diñe. umumy barlag geçirmän, eýsem gan akyş tizligini, onuñ lagtalanyşyny, pulsuny we ganyñ basyşyny barlamaly. Eger ganyñ lagtalanyşy kadaly bolmasa, onda çaga operasiýa wagtynda köp gan ýitirmegi mümkin, eger-de tersine bolsa onda operasiýadan soñky döwürde gan damarlarynda ganyñ lagtalanmagy netijesinde trombalaryñ emele gelmegi mümkin.
***Iýmit sindiriş agzalary.*** Operasiýadañ öň çaga hökmany ýagdaýda näsag dişlerini bejermelidir. Eger-de aşgazandan, aşgazan asty mäzden, ýa-da öt haltadan bir kesel tapylsa ony bejertmeli.

Peşew bölüp çykaryş we jyns agzalary, aşgazan agzalaryň keselini kesgitlemek üçin laboratoriki barlaglary geçirmeli.

Operasiýa mahalynda gan akyşy güýçlenmezligi üçin, ýetişen gyzlarda aýbaşy gidip durka operasiýa geçirmek bolmaýar.

### *Çagalary operasiýa taýýarlamagyñ aýratynlyklary*

Syrkaw çagalary bejermekde, olary operasiýa taýýarlamakda mylakatly sözler bilen taýýarlananda. olaryñ tiz sagalmagy gazanylýar.
Operasiýa geçirilmezinden öñ çaganyñ ýakyn hossaryndan ýazuw görnüşinde olaryň operasiýa razylygny almak zerurdyr. Operasiýa taýýarlanyş pursaty syrkawyñ ýaşyna we keseline baglydyr.

### *Dowamly keselli çagalaryň operasiýa taýýarlamagyñ aýratynlyklary*

Ysgynsyz köp wagtlap keselden ejir çeken çagalara operasiýa taýýarlanyş

pursaty örän giñişleýin we ähmiýetli geçirmeli. Sebäbi ysgynsyz ýagdaýda operasiýa edilse, operasiýadan soňky döwürde her hili gaýra üzülmeleriň bolmagy mümkin. Şeýle ýagdaýdaky çagalara witamine baý bolan iýmitleri bermeli.

***Gaýragoýulmasyz operasiýa taýýarlanyş işi***

Bu ýagdaý aýratyn hem ýiti hirurgiki kesellerde bolup känbir goşmaça barlag işlerini geçirmän kliniki alamatlar netijesinde keseli kesgitläp, soňra arassalaýyş işlerini geçirip, çagany operasiýa alýarlar.

***Operasiýa geçirilýän otagyndan çagany alyp gaýtmak***

Operasiýadan soñ, cagany operasiýadan soñky otaga. anesteziologyñ ýada anestezist şepagat uýasynyñ ýolbaşçylygynda alnyp gaýdylmaly. Caga alnyp gaýdylanda örän usullyk bilen, hiç hili goşmaça şikes ýetirmän ýöritelesdirilen göterijilerde getirilýär. Caga nädogry getirlende şikes ýeten ýere goşmaça şikes ýetip, onda şok ýagdaýy döräp biler. Şeýle hem gan akmasynyñ güýjemegi, süñk bölekleriniñ ýeriniñ üýtgemegi mümkin. Çagany usullyk bilen ele alyp,  krowadyñ üstünde ýatyryp goýýarlar.

## Çaga hirurgiýasy bölüminde operasiýadan soňky amaly endikleriň we manipulýasiýalaryň aýratynlyklary

***Operasiýadan soñky döwür*** - bu näsagyñ operasiýany geçirip, onuñ dikelýän döwrüne çenli wagta aýdylýar. 01 birnäçe günden, birnäçe aýlara çenli bolup biler. Operasiýadan soñky irki döwür diýilip, näsag caganyň operasiýany geçirip, onuñ keselhanadan sagalyp çykýan döwrüne çenli wagta aýdylýar.

Operasiýadan soñky giçki döwür diýilip, näsag çaganyň keselhanadan çykyp, onuñ dikelýän döwrüne çenli wagta aýdylýar. 01 hem birnäçe günden, birnäçe aýlara çenli bolup biler.

Hirurgiýa bejerilişinde örän wajyp we jogapkärçilikli tapgyrlaryň biri bu -operasiýadan soñ näsaglara ideg etmekdir. Esasan hem operasiýadan soñ näsag çagalara ideg etmek örän kyndyr.

Operasiýadan soñky döwür *hirurg soñky tikinini goýup, ýara dañy goýan wagtyndan başlanýar.* Birnäçe wagt çaga entek operasiýa otagynda saklanylýar, ondan soñ ony otaga getirýärler.

Operasiýadan soñ ideg etmekde lukmanyñ görkezmelerini doly we dogry ýerine ýetirmek wajypdyr: bedeniñ gyzgynyny, arterial basyşyny, pulsuñ ýygylygyny, dem alşyñ ýygylygyny yzygider ölçäp durmaly; içilen we bölüp çykaran suwuñ mukdaryny haşaba almaly; uly täretiniñ ýygylygyna we häsiýetine üns bermeli. Ondan başga-da operasiýadan soñky ýara uly üns bilen gözegçilik etmeli. Eger-de gaýra üzülme ýagdaýlar (gan akma, ýüregiñ durmagy, dem alyşyñ durmagy) ýüze çyksa, onda şepagat uýasy derrew lukmana çenli kömegi bermegi başar-

maly.

Çagalar ululardan tapawutlykda,agyry duýgusyny, düşekde ýatmaklygy, dürli agyryly manipulýasiýalary we şuña meñzeşleri has kyn geçirýärler. Şonuñ üçin operasiýadan soň çaga öz saglygyna zyýan ýetirmezligi üçin dürli çäreleri görmek zerurlygy döreýär. Şeýle çäreleriñ biri hem bu operasiýadan soň näsag çaganyñ düşekde ýatyrylmaklygydyr. Onuñ üçin çaganyñ ellerini we aýaklaryny hasadan we pamykdan edilen manzetkalaryñ kömegi bilen düşege dañmaly. Zerurlyk ýüze çykanda çaganyñ göwresini hem ýumşak nah mata bilen daňyp bolýar. Daňy hiç wagt gaty, gysyp duran bolmaly däl. Deri bilen manzetkanyñ arasyndan barmak erkin geçer ýaly bolmaly. Berkitmäniň dowamlylygy çaganyñ ýaşyna, operaiýadan soñky ýagdaýyna, keseliñ görnüşine bagly.

Ýekeleýin ýagdaý bolmasa, çagalaryñ operasiýalarynyñ ählisi diýen ýaly umumy agyrsyzlandyrmadan soň geçirilýär.

Çagalar narkozdan oýananda has gyjyndyrylan ýagdaýda, aktiw bolyarlar. şol wagt hem operasiýadan soñky ýaranyñ töwereginde agyry duýgusy artýar.
Näsag entek doly añyna gelenok. Şu ýagdaýda näsag operasiýadan soñky ýara, goýlan tikine we şoña meñzeşlere zeper ýetirip bilýär. Şonuñ üçin uly ýaşly çagalaryñ berkitmäni çaga doly oýanyp, rahatlanandan soñ aýyrýarlar. Kiçi ýaşly çagalarda bolsa berkitmäni has uzak wagt saklaýarlar.

Köplenç operasiýadan soñ ilkinji sagatlarda bihuşlandyryjynyň berýän reaksiýasy esasynda çaganyň gaýtarmagy ýüze çykýar. Çaga gorkýar, aglap başlaýar we netijede gaýtargy maddalary howa ýoluna gidip biler. Bu ýagdaý aspirasion pnewmoniýa we hat-da asfiksiýa hem getirip biler. Şonuñ üçin operasiýadan soñ çagalarda berk gözegçilik etmeli. Eger-de çaga gaýtaryp başlasa, onda onuñ kellesini gapdala öwürmeli we gaýtargylar üçin jamjagaz goýmaly. Soñ çaganyñ agyz boşlugyny, zerur bolsa burun boşlugyny steril hasa bilen arassalamaly. Gusmaklyk birnäçe gezek dowam edip biler. Şonuñ üçin çaga bihuşlandyrmadan doly açylýança oña gözegçilik etmeli.

Operasiyadan soñ näsaglarda teşnelik duýgusy döreýär. Çaga suwy diñe lukmanyñ görkezmesi boýunça we bellenen mukdarda bermeli. Eger-de agyzdan suw bermeklik gadagan bolsa, onda lukmanyñ görkezmesi boýunça erginleri damar içine damja usuly bilen guýýarlar.

Operasiýadan soñ çagalarda agyry duýgusy döreýär. Eger-de çaga operasiýa edilen meýdanda ýa-da başga ýerdäki agyra arz etse, ony derrew lukmana habar bermeli. Bu ýagdaýlarda lukmanyñ görkezmesi boýunça köşeşdiriji ýa-da agyry aýyryjy derman serişdeleri edilýär.

Operasiýadan soñ çagalary iýmitlendirmek hem uly rol oýnaýar. Iýmitlendirmäniñ görnüşi, iýmitiñ möçbei, hili çaganyñ ýagdaýyna, ýaşyna, keseliñ görnüşine bagly. Operasiýadan soñ iýmitlendirmek diñe lukmanyñ görkezmesinden

soñ amala aşyrylýar. Gyzylödekde, aşgazanda, içegelerde operasiýany geçiren çagalaryñ ýagdaýy kanagatlanarly bolsa-da,operasiýadan soñky ilkinji günlerde agyzdan iýmitlendirmek bolmaýar. Bu ýagdaýlarda iýmitlendirme zond, gastrostoma arkaly ýa-da parenteral görnüşde amala aşyrylýar. Aşgazan-içege ýolunuñ işleýşi kadaly, emma huşuna gelmedik näsaglar iýmiti zond arkaly kabul edýärler. Kä mahallar energetiki deñagramlylygy dogurlamak üçin parenteral iýmitlenmäni iýmitlenmäniñ beýleki görnüşleri bilen gezekleşdirip berýärler. Ondan başga-da iýmitlendiriji klizmalar ulanylýar.

Operasiýadan soñ çagalarda umumy arassaçylyk işleri  geçirip durmaly. Uly ýaşly çagalarda ellerini, ýüzüni ýuwmaga, iýmiti kabul etmäge kömek bermeli. Kiçi ýaşly çagalarda ähli arasaçylyk işlerini şepagat uýasy geçirýär. Bäbekleriñ arlygy yzygider täzelenip durmaly .Abdominal hirurgiýa bölüminde çagalara operasiýadan soñ gözegçilik etmek.  Garyn boşlugynyñ agzalarynda operasiýa edilenden soñ, näsaglara garaşyk etmeklik operasiýanyñ agyrlygyna we göwrümine bagly.

Gasyk ingisi, kriptorhizm,  gidrosele we ş.m. boýunça operasiýa edilen näsaglarda eýýam operasiýadan soñky gün ýerinden turmak rugsat edilýär we olara operasiýadan öñki naharlary iýmek rugsat edilýar.
Apendektomiýadan we içegede geçirilen beýleki operasiýalardan soñ, has berk düşek düzgüni we 3-4 günlük ýörite berhiz bellenilýar.

Agyzdan iýmitlendirmäni diñe lukman bellänsoñ geçirmeli. Çagany daşdan iýmitlendirmek gadagan. Ýekeje gezek gaty, ýagly, ajy, şor iýmitiñ kabul edilmegi hem keselden we operasiýadan soñ ejizlän organizmde dürli gaýra üzülme ýagdaýlara getirip biler.

Garyn boşlugynyñ agzalarynda geçirilen operasiyalardan soñ, köp ýagdaýlarda çagada meteorizm, agyryny, içege diwarlarynyñ sozulmasyny, dem alyşyñ kynlaşmagyny döredýär. Meteorizmi aýyrmak we onuñ öñüni almaklygy üçin gaz çykaryjy turbajygy ulanýarlar ýa-da gipertoniki klizma edýärler. Ondan başga-da göwresine goýlan fiksasiýa, dañynyñ beter berk bolmazlygyna üns bermeli.

Abdominal operasiýalary geçiren näsaglara gözegçilik edýän şepagat uýasy operasiýadan soñky gaýra üzülmeleriniñ döremek mümkinçiliginiñ bardygyny bilmeli. Olaryñ içinde ýygy duş gelýäni bu - içege ýöremezligi (sepleşme). Şu alamatlar dörän ýagdaýynda derrew lukmana habar bermeli. Sebäbi içege ýöremezligi gyssagly  bejergini  talap edýär.

Ondan başga-da çatalba aralygynda operasiýa geçiren çagalar ýörite idege mätäç. Şeýle çagalaryñ aýagyny operasiýadan soñ birneme galdyrylan we açylan ýagdaýda ýörite gipsiñ kömegi bilen berkidýärler. Şu ýagdaýda çaga ortaça 8-10 gün ýatýar, tä tikinleri aýrylýança.

Ondan başga-da drenazlaryñ (rezinanyñ uzyn bölegi, hasa, trubka, kateter) kadaly işleýşine, ýagdaýyna uly üns bermeli. Şepagat uýasy çaganyñ drenazy

goparyp aýyrmazlygyna gözegçilik etmeli, bölünip çykýan suwuklygy hasaba almaly, onuñ häsiýetine üns bermeli we lukmandan bihabar drenazy aýyrmak ýa-da çalyşmak gadagan. Ondan başga-da şu hili çagalaryñ gigiýeniki arassalanylyşyna uly üns bermeli. Beýleki arassaçylyk işleri bilen bir hatarda her gün çatalba aralygynda arassaçylyk işlerini geçirip durmaly. Çaganyñ çatalba aralygyny kaliý permanganatynyñ gowşak ergini bilen ýuwup, ýuwaşlyk bilen deri örtügini hasa bilen guratmaly.

## Derman serişdeleriniñ goýberiş usullary we emhananyň lukmaçylyk işgärleriniñ suwuklyklary goýbermek boýunça borçlary.

Derman serişdeleri adamyň bedenine dürli ýollar bilen goýberip bolýar:

- Enteral - *sublingwal,* agyz, aşgazan, inçe içege, göni içege üsti bilen;
    **a)** Dil astyna bermek (*sublingwal*) - agyz boşlugynyñ nemli bardasy gan-damarlary bilen gowy üpjün edilen, derman serişdesi sorulyp gan aýlanyşyna tiz düşýär. Sublingwal esasanam glisin ulanylýar. Bu usulda derman serişdesine aşgazan şiresi täsir etmän gyzylödegiñ wenalary arkaly bagyra barman gan aýlanyşa düşüp, täsir edyär. Derman serişdeleri sublingwal tiz-tizden ulanylsa, agyz boşlugynyñ nemli bardasynyñ gyjyndyrylmagyna getirmegi mümkin.
    **b)** Derman serişdelerini agyzdan bermek (per os) Aşgazanyñ we içegäniñ nemli bardasy tarapyndan gowy sorulýan dermanlary bermeli. Derman serişdeleri ergin, gerdejik, poroşok, kapsula, pilýula görnüşinde goýberilýär.
    **ç)** Enteral ýol bilen derman serişdeleriniñ goýberilişi:Köplenç derman serişdeleri aşgazan-içege ýoluna goýberilýär. Bu usulyñ aýratynlygy howpsuz we gaýra üzülmeleriñ bolmazlygy bilen tapawutlanýar. Enteral ýol bilen goýberilýän dermanlar ýerli we ulgamlaýyn täsir edýärler.Aşgazan we içege üsti bilen esasan iýmit serişdeleri goýberilýär.Göni içegä derman goýbermek (per rectum). Göni içege we limfa damarlarynyñ gür toruny saklaýar. Göni içegäniñ aşaky bölüminde adsorbirlenen serişdeler aşaky gemorraidal wenalar boýunça bagyra barman gan aýlanşygyna düşýär. Serişdeleriñ rektal goýbermegini aşgazanyñ gyjynmasynyñ öñüni alýar.
- Parenteral – deriniň içine, deriniň astyna, myşsanyň, damarlaryň içine, süňkiň we bogunlaryň içine.Parenteral ýol bilen derman serişdeleriniñ goýberlişiniñ sanjym usullary: Şprisi erginden doldurmazdan öñ ampuladaky ýa-da flakondaky ýazgyny daşyñdan okañ, onuñ durulygyny we ulanylyş möhletine üns beriñ!Sanjymdan öñ iññäni wertikal ýagdaýda tutup, howa damjalaryny çykarmaly. (36-njy syrat.) Sanjym ediljek ýeri 2 gezek spirte öllenen pamyk bilen arassalamaly. Suwly erginleri sanjym etmek üçin inçe iññeler, ýagly erginler üçin ýogyn iññeler

ulanylýar.

**a) Deri asty sanjym -** bu usulda derman serişdeleriniñ sorulyşy dowamly geçýär, täsiri hem dowamly bolýar. Periferiki gan aýlanyşynyñ ýetmezçiliginde deri astyna goýberilen serişde erbet sorulýar. Deri asty sanjymlar üçin köplenç çiginiñ we budlaryñ daşky üstüni, käwagt pilçe asty we garyn töweregi ulanylýar. Çep eliñ bilen sanjym ediljek ýeri gasyna almaly, näsag dik ýagdaýda bolmaly, gasyn alnan ýeriñ esasyna 30° burçda çiginiñ daşky üstüne sanjym etmeli. Deri astyna, myşsa içine, damar içine sanjym edilende iññe doly sanjylman, onuñ uzynlygynyñ 2/3 bölegi sanjylýar, sebäbi ***iññäniñ döwülmegi*** onuñ mufta bilen birleşen ýerinde bolup biler.Deri sanjylandan soñ, şprisi çep eliñe geçirmeli, sag eliñ II we III barmaklary bilen ony gysmaly. Soñra çep eliñ bilen täze spirtde öllenen hasa bilen tutup, iññäni çykarmaly. Derman serişdesi goýberilen ýeri spirtli ergini bilen süpürmeli.

***Gaýra üzülmeler:***

Aseptikanyñ düzgiinleriniñ bozulmagy we erginiñ doly däl sterilizasiýasy ***ýerli gaýnaglama*** we umumy bedeniñ gyzgynynyñ göterilmegine getirýär.

0.9 % NaCl ergininiñ ýerine 10 % NaCl ergininiñ goýberilmegi ***ýerli nekroza*** getirmegi mümkin.

40°C beýik erginiñ goýberilmegi hem dokumalaryñ ýanmagyna getirýär.

***Infiltrat*** - bu mehaniki şikesiñ daşynda dokuma öýjükleriniñ reaktiw köpelmegidir. Muña degişli - kütek iññe bilen sanjym etmek, derman serişde bilen himiki gyjyndyrma, ýene-de infeksiýanyñ düşmegi. Emele gelen infiltratyñ tiz sorulmagy üçin ýylydyjy kompressleri, fiziobejeriş usullary, gipertoniki erginleri ulanylýar.

**b) Myşsa içine sanjym -** goýberilen derman serişdeleri 10-30’ dowamynda täsir edip başlaýar. Goýberilen derman serişdesiniñ göwrümi 10-20 ml.köp bolsa myşsa içine serişde goýberilenden soñ ýerli agyry we absessler bolmagy mümkin. Sanjymy nerw damarlaryñ ýanynda urmaly däldir. Myşsa içine deriasty urup bolmadyk dermanlary (sulfat magniýa, bissilin, bejeriş sywórotka) ýa-da haýal sorulýan dermanlar. Myşsa icine sanjym köpenç ýanbaşa edilýär. Ýanyklar bolan ýagdaýnda budlaryñ öñki daşky üstüniñ ortaky bölegine sanjym edilýär. Sanjym ýanbaşa edilende dörde bölünip, ýokarky daşky dörtburçlygyň ýokarky bölegine edilýär. Sanjym edilende şprisiñ porşenini çekip görmeli, eger-de gan çykmasa onda ergini goýbermeli, gan çykan ýagdaýynda iññäni çykaryp, başga ýerden sanjym etmeli.

***Gaýra üzülmeler:***

***Iññäniñ döwülmegi*** deriasty sanjymdaky ýaly sebäpleriñ netijesinde bolup bilýär, köplenç birdenkä myşsalaryñ ýygrylmagynda.

***Nerw sütünleriniñ zeperlenmegi*** sanjym etmeli ýeriñ nädogry saýlanylmagy sebäpli bolup biler. Nerw damarlarynyñ zeperlenmegi newrite, ahyrlarda hereketsizligine



36-njy surat. Derman serişdesiniň Şprise alynyşy.



38-nji surat. Ergininiň damardan goýbermäge taýýarlanylyşy.




37-nji surat. Damar içine sanjym edilişi.

(parez, paraliç) getirmegi mümkin.

***Medikamentoz emboliýa. Absess, burme.***

**ç) Damar içine sanjym** etmegiň 2 usuly bar: damjalaýyn we çüwdirip. Bu usul arkaly derman serişdeleri 5 minudyň dowamynda täsir edýär.Wena içine sanjym edilende (şprisiň içine gan düşende) iňňäniň wenadalygyny takyk bilinýär. (37-38-nji suratlar.)

*Wenepunksiýa* - gan almak üçin, derman serişdeleri, gany, gan çalyşyjylary goýbermak üçin ulanylýar. Köplenç tirsek oýunyň wenalaryna sanjym edilýänligi, bu wenalaryň anatomiki aýratynlygy, ýüzleý ýerleşenligi we hereketlenmeýänligi bilen düşündirilýär.

Näsaga sanjym edilende ony hokman ýatyrmaly, eli maksimal ýazylan ýagdaýda bolmaly, çiginiň aşaky üçden bir bölegine zgut goýmaly - wena damarlary gysmak üçin (ýöne arterial gan aýlanyş dowam edýär).

Wenepunksiýany 2 usul bilen edip bolýar:

1. Aýratyn derini soň, wena damaryň öňki diwaryny.
2. Bir gezekde hem derini hem wena damarlaryny.

Eger-de iňňe wena damar boşlugyna düşse, sprisde  gan emele gelýär Eger-

de gan bolmasa, onda iñne damara düşmändir şprisi çekip, gaýtadan damara düşjek bolmaly. Iñnäni damardan çykarandan soñra, 1-2 minut spirtde öllenen pamyk bölegini goýup, näsagyñ elini eplemeli.

***Gaýra üzülmeler:***

***Gematomanyñ emele gelmegi*** bilen ***wena damarlarynyñ 2 diwarynyñ hem deşilmegi, ýalñyşlyk bilen arteriany punksiýa etmek, aseptiki çäreleriñ bozulmagy, howa goýberilmegi, bir dermanyñ ýerine başga dermanyñ goýberilmegi, derman serişdäniñ möçberiniñ birden köp goýberilmegi.***

Eger-de goýberilen derman serişdesi deriastyna gitse, onda goýberilen ýerde ciş emele gelýär. Şu ýagdaý bolsa, onda goýberilen serişdäni yzyna sorup almaly we iññäni çykarman täze şprise 0,25% - 0,5% nowokain ýa-da izotoniki ergin goýbermeli.

Derman serişdesiniñ deri astyna düşmegi dokumanyň *nekrozyna* eltmegi mümkin. Dowamly bejergide damar *flebitiniň* bolmagy mümkin.

Damjalaýyn sanjym ýürek-damar ulgamyna agram salman köp mukdarda erginlerini goýbermegine kömek edýär. Onuñ üçin bir gezekleýin ulanylýan damja ulgamy ulanylýar. Bu usulyñ aýratynlygy näsaglar manipulýasiýany gowy geçirýärler, goýberilen ergin dowamly sorulýar, köp saklanýar, arterial basyşyna we ýürek işine päsgel bermeýär.

*Ýatda sakla !* **Wena içine sanjym etmek gepatit B we adamyñ immun ýetmezçilik keselleriñ esasy geçiş ýollarydyr. Şol sebäpli medisina işgäri hökman rezin ellik bilen işlemelidir.**

## *GAN GUÝMAKLYGYÑ USULLARY WE ÝERINE ÝETIRILIŞI*

Gan guýmaklygyñ birnäçe usullary bar:

- ***Gany göni guýmak usuly.*** Bu usul boýunça bir lukman donoryñ wenasyndan şpris bilen gan alýar, ikinji lukman bolsa ol gany resipiýentiñ damaryna goýberýär. Şu usul 20 ml-lik şprisiñ kömegi bilen 150-200 ml gan guýulýar. Gan guýmak bir jaýda amala aşyrylýar. Bu usulda gana hiç zat goşulmaýar. Gan täze we täsirli bolýar. Usul agyr we çykgynsyz ýagdaýda ulanylýar: trawmatik şoguñ üçünji tapgyrynda; köp mukdarly ganazlykda; gemofiliýada; afibrino-genemiýada we ş.m.
- ***Gany guýmaklygyñ göni däl usuly.*** (39;40;41;42-nji suratlar) Bu usulda konserwirle-nen gan guýulýar. Konserwirlenen gan wena damaryna, arteriýa, sünküñ içiniñ öýjük-öýjük ýerine (topuga, ökjä, guýmaç süñküne) ýogyn iññäniñ kömegi bilen guýulýar.
- ***Gany çalşyryp guýmak usuly.*** Haçan-da syrkawyñ gany güýçli zäherlenen ýagdaýynda, ganda güýçli gemoliz bolup, gemo-transfuzion şok bolan




39-njy surat. Ganly konteýner.



40-njy surat. Gany probirka goýbermek.



41-nji surat. Sentrifuga.



42-nji surat. Ganyň toparyny anyklamak.

ýagdaýynda, böwregiñ ýiti ýetmezçiliginde, ýañy bolan çagañ gemolotiki saraltmasynda zaýalanan ganyñ köp bölegini şpris bilen sordurylyp aýrylýar we onuñ deregine täze gan guýulýar.

- ***Autogemotransfuziýa usuly.*** Syrkawyñ gany özüne guýulýar. Bu usul soñky döwürlerde kän ulanylyp başlandy. Usulyñ görnüşleri: operasiýadan 5 gün öñ syrkawdan 200 ml gany eksfuziýa edilýär (sorulyp alynýar), ol gan konserwirlenýär we ony operasiýa wagty ýene yzyna, şol syrkawa guýulýar.
- ***Reinfuziýa usuly***. Usul döş kapasasyna, garyn boşlugyna köp mukdarda gan ýygnananda operasiýa wagty ulanylýar. Operasiýa wagty döş we garyn boşlugynda täze, lagtalanmadyk we hapalanmadyk gan bolsa, ony steril banka ýygnalýar. Gan uýamaz ýaly onuñ içine 1:4 bolan gatnaşygynda glýugisir ergini ýa-da 50 ml gana 10 mg geparin guýulýar. Gan 8 gat steril hasadan süzülýär we zeperleneniñ wenasyna guýulýar.

***Gan guýmanyñ esasy usullary:***

- ***Ganyñ wena damaryna guýluş usuly,*** iñ kän ulanylýan usul. Bu usul wenany iññe bilen sanjyp, punksiýa edilip guýulýar, ýa-da weniseksiýa edilip guýulýar.
- ***Ganyñ arteriýa damaryna guýluşy***, syrkaw agyr haldaka, ganyñ köp mukdarynyñ ýitirilen wagty, gipotoniýada, şokda we ş.m. ulanylýar.
- ***Ganyñ süñküñ içine, onuñ öýjük-öýjük ýerine (topuga, ökjä, guýmaç süñküne) guýluş usuly.*** Usul syrkawyñ endamynda, deride köp möçberli ýanyk bolanda ulanylýar.

Gan guýlanda onuñ tizligi boýunça damjalaýyn usul, tiz guýulýan - akymlaýyn we çüwdürimleýin usullar ulanylýar.

**Gan guýluşynyñ tehnikasy.** Gan guýlanda hökman geçirmeli barlaglar. Gan guýmaklyk operasiýa hasaplanylýar. Şonuñ üçin syrkawy gan guýmaklyga ýörite taýynlamaly. Syrkawyñ gyzgynlygyny, pulsuny, arterial basyşyny ölçemeli. Gyzgyny, gan basyşy ýokary bolsa, şol gün gan guýmaly däl. Onuñ ganynyñ we peşewiniň derňewiniň netijesi bilen tanyşmaly. Proteinuriýa, gematuriýa bolsa gan guýmaly däl.

Donoryñ we resipiýentiñ ganynyñ toparyny anyklamaly we olaryñ rezus faktorlaryny bilmeli.

Syrkawa adybir toparly gan guýmaly, ýagny syrkawyñ gany birinji topar bolsa, oña birinji toparly gan guýmaly we ş.m., gany rezuspoložitel bolsa, rezuspoložitel gan guýmaly.

Çykalgasyz ýagdaýda resipiýente haýsy toparly gan guýmalydygyny, ganyñ toparlaýyn ylalaşygynyñ kanuny boýunça gabat gelýän toparyny guýsañ bolýar .

Bu shema boýunça gany birinji toparly resipiýente diñe birinji toparly gan guýulýar; ikinji toparly resipiýente birinji we ikinji toparly ganlar guýulýar; üçünji toparly syrkawa - üçünji we birinji toparly gan guýulýar; dördünji toparly resipiýente

- I-II-III-IV toparly ganlar guýulýar. Gany birinji toparly adama uniwersal donor diýilýär, sebäbi onuñ ganyny hemme resipiýentlere guýup bolýar. Dördünji toparly adama uniwersal resipiýent diýilýär, sebäbi oña hemme donorlañ ganyny guýsañ bolýar.

Gan guýmaklygy asuda we steril ýagdaýda geçirmeli. Syrkawda reaksiýa bolmaz ýaly oña 1%-li 1 ml dimedrol sanjylsa gowy bolýar. Soñra, gan guýulýan sistemany 0,9%-li fiziologik erginli çüýşä sapmaly we fiziologik ergin bilen doldurmaly. Sistemada howa düwmejigi bolmaly däl. Soñra krowatda-ýatan syrkawyñ çignine rezin bogar goýulýar. Onuñ tirsek epilmesindäki wena damaryny ýogyn iññe bilen sançmaly we barlag üçin wenadan 5 ml gan almaly. Ilkibada, resipiýente gan guýlanda hökman barlanylmaly barlag geçirilýänçe, onuñ wenasyna damja usuly bilen fiziologik ergin guýulýar.

***Gan guýlanda üç sany hökmany barlag geçirilýär:***

- Gan toparlarynyñ hususy ylalaşygyny anyklamaly.
- Gan toparlarynyñ rezus-faktor ylalaşygyny anyklamaly.
- Gan toparlarynyñ biologik ylalaşygyny anyklamaly.

***Gan toparlarynyñ hususy ylalaşygynyñ anyklanylyşy***. Arassa tarelkanyň içine näsagyñ (resipiýentiň) ylalaşygynyň anyklanylyşy ganynyñ bir damja plazmasyny damdyrmaly, onuñ üstüne donoryñ konserwirlenen ganyndan bir damja damdyrmaly we olary aýna taýajyk bilen garyşdyrmaly. 5 minut garaşyp, netijesini anyklamaly:

- garyşdyrylan gan damjada hiç hili üýtgeşiklik bolmasa, damja gomogen, endigan gyzyllygyna galsa , onda agglýutinasiýanyñ bolmadygy. Bu ýagdaý donor bilen resipiýentiñ ganlarynyñ hususy ylalaşyklylygynyñ alamaty we donoryñ ganyny şol resipiýente guýmak bolýar;
- garyşdyrylan gan damjada agglýutinasiýanyñ digirjikleri peýda bolsa, onda donoryñ we resipiýentiñ ganlary hususy ylalaşanoklar, eritrositlerde agglýutinasiýa reaksiýasy bolýar. Şol gany resipiýente guýmak bolmaýar.

***Gan toparlarynyñ rezus-faktor ylalaşygynyñ anyklanylyşy.*** Petriniñ aýnadan ýasalan arassa okarajygynyñ içine donoryñ konserwirlenen ganyndan bir damjasyny damdyrmaly, onuñ üstüne näsagyñ (resipiýentiñ) ganynyñ bir damja plazmasyny damdyrmaly we olary aýna taýajyk bilen garyşdyrmaly we 5 minutlap, +45° C ýylylykly suwly okaranyñ (hammamjygyñ) içinde goýmaly. Ýagny, reaksiýa geçmek üçin has gowy şert döredilýär. Soñra barlagyñ netijesini anyklamaly:

- garyşdyrylan gan damjada hiç hili üýtgeşiklik bolmasa, damja gomogen, endigan gyzyllygyna galsa, onda agglýutinasiýanyñ bolmadygy we donoryñ ganynyñ resipiýentiñ gany bilen rezus ylalaşyklylygynyñ alamaty, donoryñ ganyny resipiýente guýmak bolýar;
- garyşdyrylan gan damjada agglýutinasiýanyñ digirjikleri peýda bolsa , onda

donoryn we resipiýentiñ ganlary rezus-faktor antigeni boýunça ylalaşanoklar, rezus-konflikt ýagdaýynyñ barlygynyñ alamaty. Şol gany resipiýente guýmak bolmaýar.

***Gan toparlarynyñ biologik ylalaşygynyñ anyklanylyşy.*** Gan guýmaklyk gan toparlarynyñ biologik ylalaşygynyñ anyklanylyşy bilen başlanýar. Syrkawyñ tirsek wena damaryna, 3 minudyñ dowamynda donoryñ 20 ml ganyny tiz akymlaýyn usul bilen guýulýar we gan guýmaklyk wagtlaýyn (3 minut) kesilýär. Soñra näsagyñ umumy ýagdaýyna we guýlan gana bolan reaksiýasyna, seredilýär. Syrkawyñ dem alşynyñ, pulsunyñ sany we arterial basyşy ölçenilýär.

- Syrkawa 20 ml gan guýlansoñ onda hiç hili üýtgeşiklik bolmasa, onuñ pulsy, arterial basyşy kadaly ýagdaýda bolsa, onda gan toparlarynyñ biologik ylalaşygynyñ kadalylygy, ýagny resipiýent donoryñ ganyny oñat kabul edýär. Şeýle ýagdaýda ýene-de iki gezek her 3 minutda 20 ml gany akymlaýyn usul bilen goýbermeli we arakesme edip syrkawa gözegçilik etmeli. Syrkawyñ ýagdaýy kadaly ýagdaýda bolsa, ganyñ galan möçberini damja usuly bilen guýmaly.
- Syrkawa ilkinji gezek 20ml gan guýlansoñ onda üýtgeşiklik bolsa, (ynjalyksyzlyk, kelle we bilagyry, derlemek, üşütmeklik, demgysma, pulsy çaltlanmak, arterial basyşynyñ peselmegi ýürekbulanmak, gusmak), onda gan toparlarynyñ biologiki ylalaşygynyñ ýoklugy, rezus konfliktiñ alamatlarynyñ barlygynyñ alamaty. Resipiýent donoryñ ganyny kabul etmeýär. Şeýle ýagdaýda gan guymany bes etmeli we syrkawa guýlan ganyñ ýetiren zelelini bejermeli. Syrkawyñ wena damaryna 1%-li promedol, 1 ml deksametazon, 10 ml,10%-li kalsiniñ hloridini, eufillin, laziks, reopoliglýukin sançmaly.Içki agzalaryñ funksiýasyny kadalaşdyrýan derman sançmaly. Syrkawa gyzgyn çaý içirmeli, böwreginiñ ýanyna (biline) ýyly tulumjyk (gyzdyryjy) goýmaly, ony ýyly ýorgan bilen ýapmaly. Kisloroddan dem aldyrmaly we ş.m.Gan guýlan soñ onuñ geçişi barada netijeleri syrkawçylyk ýazgylary geçirilýän medisina syrkawçylyk ýazgylar depderine, (kartasyna) ýazmaly.

**Gemotransfuziýanyñ gaýra üizülmeleri we olaryñ bejerilişi.** Gan guýmaklygyñ düzgünleri bozulanda, gemotransfuzion reaksiýalaryñ we agyrlaşmalaryñ sebäbi bolup bilýär.

Transfuziýadan soňky pirogen we allergik reaksiýalar gan guýulan badyna ýüze çykýar. Wagtynda we dogry bejergi geçirilende, bu agyrlaşma keselli üçin zelelsiz geçýär. Syrkawyň kellesi agyrýar,üşüdýär,gyzgyny ýokarlanýar,endamy gijeýär,endamyna gyzyl tegmilleriň bolmagy mümkin,ýüregi bulanyp gusýar,demi gysýar, pulsy çaltlanýar. Şonda syrkawy gyzgyn ýorgan bilen basyrmaly,gyzgyn çaý içirmeli. Damaryna 10 % kalsiniň hloridini, 1 % promedol,dimedrol,deksametazon we reopoliglýukin goýbermeli.Kisloroddan dem aldyrmaly.

**Gemotransfuzion şogyň bejerilişi.** Gemotransfuzion şogyň ilkinji alamaty

ýüze çykan wagtynda gan guýmany kesmeli we kesellä reopoliglýukin guýmaly. Syrkawyň wena damaryna 50% analgin 0,1 ml bir ýaşyna,1% dimedrol 1 mg/kg, 1 ml deksametazon, 10% kalsiniň hloridini 1mg/kg, 4%-li natriniň bikorbanadyny, sançmaly: 5%-li glýukoza 10 ml/kg, dekstroza, mannitol 1 mg/kg, laziks 1mg/kg guýmaly (sançmaly). Kesellä A.W.Wişnewskiniň iki taraplaýyn böwrektöweregi nowokain böwetlemesini etmeli. Oňa gyzgyn çaý içirip, ýyly ýorgan bilen ýapmaly. Kisloroddan dem aldyrmaly we ş.m.
Syrkawy reanimasion ýa-da toksikologiýa bölümine geçirmeli we gerek bolsa, emeli böwrek enjamynyň kömegi bilen onuň ganyny arassalamaly (gemodializ).

## Klizmalar, gorçiçnikler, gyzdyryjylar we fiziki usul bilen bejerişler.

***Arassalaýjy klizmasy*** - bu klizmany iýmit siňdiriş ulgamynyň bölüp çykaryşy, kiçi çanaklyk agzalarynyň, şeýle hem içi gatanda, ýogyn içegäniň endoskopiki barlagyna, operasiýanyň öň ýanynda, zäherlenmede goýulýar.

Arassalaýjy klizmanyň garşy görkezmeleri:

- Iýmit siňdiriş ulgamyndan gan akmagy.
- Ýogyn içegäniň we artbujagyň ýiti sowuklama keselleri ýa-da ýara prosessleri.
- Göni içegäniň howply çişleri.Iýmit siňdiriş ýollarynyň operasiýasyndan soňky ilkinji günleri.
- Artbujagyň jaýrylmagy we göni içegäniň çykmagy.

Arassalaýjy klizma goýulanda ýogyn içegäniň diňe aşaky bölegininiň hereketi güçlenýär. Eger näsagyň ýagdaýy gowy bolsa klizma ýörite otagda geçirilýär. Şu ýerde hajathana hem bolmaly.Onda kuşetka, Esmorhyň kürşgesini asmak üçin dik ştatiw, wanna, klizma edilýän bellikli turbajyklar, arassa we hapa gaplar, dezinfesirleýji ergin, wazelin we başgalar
Arassalaýjy klizma goýmak üçin:

1. Esmorhyň kürşgesi we ony asmak üçin dik ştatiw;
2. Wazelin, klýonka;
3. Klizma edilýän bellikli turbajyklar we olaryň ujy taýýarlamaly.

***Klizmanyň yzygiderligi:***

1. Esmorhyň kruzkasyna 1-1.5 litr 20 °C suw guýmaly. Atoniki içi gatamada suwuň temperaturasy 12 °C-dan pes bolmaly. Täreti has gaty bolan ýagdaýynda suwa (kastor, wazelin, günebakar) ýagy, ýa-dä 1 çemçe nahar duzyny goşsaň bolýar.
2. Kruzkany ştatiwa asmaly, turbanyň ujyna wazelin çalmaly.
3. Kleýonka bilen ýapylan kuşetkanyň üstünde näsagy çep tarapynda ýatyrmaly, aýagy dyz bogunynda sähelçe epilen bolmaly (eger näsagy gapdalyna ýatyryp bolmasa onda arkasyna ýatyryp klizma etmeli).

***Sifon klizmasy.***Onuñ kömegi bilen içegäni has gowy arassalamak mümkin, sebäbi içege köp sapar ýuwulýar.

***Siwon klizmany ulanmagyñ görkezmeleri:***

- Arassalaýjy we gowşadyjy klizmalaryñ hem-de dermanlaryñ täsiri pes bolanda;
- Çagalarda dowamly içege ýöremezliginde (Girşprungyň keselinde, megadolihokolonda).

***Sifon klizmany goýmak üçin:***

1. Uzynlygy 1 m we diametri 10 mm. az bolmadyk iki sany ýogyn aşgazan zondy;
2. Aýna turba;
3. Guýguç;
4. Otag temperaturaly 10-12 litr suw;
5. Küyze ;
6. Ýuwundy suwlary guýmak üçin bedre.
7. Kleýonka,
8. Wazelin gerek.

*Ýatgda sakla!*

***Sifon klizmasy - näsag üçin agyr manipulýasiýa bolup durýar, şonuñ üçin klizma geçirilýän wagty näsagyñ ýagdaýyna gözegçilik etmeli.***

***Hadysanyñ yzygiderliligi:***

- Näsagy arassalaýjy klizmadaky ýaly ýagdaýda ýatyrmaly.
- Zondyñ ujyna 30-40 sm çenli wazelin çalmaly.
- Näsagyñ otyrýerini iki gapdala çekmeli we zondyñ ujyny30-40sm-e çenli artbujak deşigine salmaly.
- Guýgujy birikdirmeli.
- Içegäni aşgazanyñ ýuwulyşy ýaly arassa suwa çenli ýuwmaly. Içegä suw bilen howanyñ gitmezligine gözegçilik etmli . Onuñ bolmazlygy üçin guýguja suw guýulan wagty ony birneme egilen ýagdaýda saklamaly.
- Ahyrky guýulan suwy dökeniñizden soñra zondy çykarmaly.

*Ýatda sakla!*

***Çaganyň beýin çişiniň howpynyň inmegini. Onuň öňüni almak üçin içegeden çykan suwuň möçberi, goýberilen suwuň möçberine deň bolmalydyr.***

***Damjaly klizmalar.*** Damjaly klizmalar çagalary iýmitlendirmek üçin niýetlenen. Olar içegä uly möçberde (2 litre çenli) derman serişdeleriniň: 0,85% NaCL, 5% glýukoza, 15% aminokislotalar erginlerini goýberip bolýar. Ol, haçanda agyzdan we parenteral ýoly bilen derman serişdelerini goýberip bolmasa ulanylýar. Damjaly klizma arassalaýjy klizmadan 20-30 min. soñ geçirilýär.

***Damjaly klizma üçin:***

1. Esmorhyñ kružkasyndan duran enjam (rezinli, emalirlenen ýa-da aýnadan);
2. Iki sany rezin turbasy, olar damjalyk bilen birigen;
3. Ýogyn aşgazan zondy.
4. Rezin turba we zond aýna turba bilen birigen. Rezin turbada damjalygyñ ýokarsynda hyrly gysgyç bolmaly;
5. Wazelin taýýarlamaly**.**

***Proseduranyñ yzygiderliligi:***

- Näsagy oñaýly ýagdaýynda ýatyrmaly (arkasyna ýatyrsañ bolýar);
- Gysgyjy açyp sistemany erginden doldurmaly (aşgazan zondundan ergin görünmeli) we gysgyjy ýapmaly;
- Göni içegä wazelin çalynan zondy 20-30 sm çenli salmaly.
- Gysgyjyñ kömegi bilen damýan damjalaryñ tizligini sazlamaly (minutda60-100 gezek). 38-40°C çenli gyzdyrylan derman erginini Esmorhyñ kruzkasyna guýmaly. Ol ştatiwden asylan bolmaly (ergin sowamaz ýaly kruzkanyñ daşyna gyzgyn tulum goýmaly)

Prosedura geçirilýän mahaly näsagyñ uklamagy mümkin, ýöne şepagat uýasy damjanyñ akyşyna we erginiñ sowamazlygyna gözegçilik etmeli.

***Dermanly mikroklizmalar:***

Ýogyn içegäniñ aşaky böleginiñ nemli bardasyna dürli ýaglary, çopantelpek, hloralgidrat we ş.m. erginleri goýberip bolýar. Mikroklizmany arassalaýjy klizmadan 20-30 min soñ goýmaly. Goýberiljek bolýan dermany 37-38 °C çenli gyzdyrmaly. Klizmadan soñ näsagy 1 sagat ýatyrmaly.

***Uçlaryñ we gaz çykaryjy turbalaryñ arassalanylyşy.*** Rezinden ýasalan enjamlary we uçlary ýörite bellik edilen gaplarda aýratynlykda 30 min salyp goýmaly, ol gaplarda dezinfisirleýji ergin (1%-li hloramin ergini) bolmaly. Soñra akýan suwuñ aşagynda ýuwmaly we 30 min gaýnatmaly. Gaz çykaryjy turbalaryn we uçlary ýörite bellikli arassa, gury “Arassa gaz çykaryjy turbalar”, “Arassa uçlar” diýen ýazgyly gaplarda saklamaly.

Soňky döwür amaly lukmançylykda 1 gezek ulanylýan enjamlar ornaşdyryldy, olar esasan plastmas serişdeden ýasalan.

***Fizioterapiýa*** - grek sözi bolup - *tebigy bejergi* sözlerini añladýar. Tebigatyñ fiziki faktorlary adamyñ organizmine bejeriş täsirini edýär. Bu faktora sowuk suw, yssy suw, ýagtylyk, elektrik togy, elektromagnit meýdany, ultra sesler we başgalar girýärler.

*1.* ***Suw bilen bejermek*** - bu bejergä sowuk, yssy suwa düşmek (wanna, duşa düşmek, özüñi sowuk, yssy suwa mata bilen dolanmak). Bularyñ içinde - wanna düşmek bejergi üçin köp ulanylýar.

Özüniñ düzümi boýunça bejergi wannalary iki hili bolýar:

**a)** ýöne suwdan;

**b)** ysly suwdan (dermanly, minerally, gazly, kükürtli, wodorodly, radonly, kömurturşy gazly).

***Umumy sowuk wannalar*** 20 °C - 33 °C aralykda bolmaly. Bu wannalar organizmde tonusy gowulaşdyrýar, ýurek-damar, nerw ulgamyny kadalaşdyrýar. Umumy sowuk wannalar 1-3 minutly bolýar.

***Ýyly wannalar*** (37-39 °C ) myşsanyñ gysylmagyny peseldýär, agyryny aýyrýar, ukyny, nerw ulgamyny gowulandyrýar. Yssy wannalar (40-43 °C) maddalaryñ aýlanyşygyny, derlemäni ýokarlandyrýar. Wannanyñ dowamlygy 5-10 minut.

***Indifferentli wannalar*** (34-36 °C) adam organizminiñ tonuslaryny gowulaşdyrýar, täzeleşdirýär, 20-30 minut dowarn edilýär. Suwuñ gyzgynlygy suw termometri bilen 1 minutlap ölçenilýär. Umumy wanna bellenende suw syrkawyň gylyç görnüşli ösüntgä çenli bolmaly. Yarym wanna bellenende suwy syrkawyň göbegine çenli guýmaly.

Bellik: Syrkaw wanna alyp bolýança şepagat uýasy hökman onuñ ýagdaýyna seretmeli. Eger-de syrkaw agarsa, üşese, gyzdyrsa, kellesi agyrsa we aýlansa, ýüregi tiz urup başlasa, dem almasy kynlaşsa çagany hökman wannadan aýyrmaly, lukmana tiz habar etmeli. Wanna alyp bolandan soň näsag 30 minut gowrak dynç almaly.

***Gorçisaly kagyzlar.*** Olaryñ düzüminde gorçisa ýagy bar, ol 40-45 °C suwa salynanda gyzgyn çykarýar we derini gyjyndyrýar, ol bolsa gan damarlaryny, ýumşak dokumalary giñeldýär, agyryny aýyrýar, ünsi sowýar. Gorçisaly kagyzyň ululygy 8-12.5 sm, gorçisa tohumy bilen ýapylan. Bronhit, pnewmoniýa, traheit kesellerinde ulanylýar.

Bellik: gorçisaly kagyzy deri keselleri bolsa, gyzgyny 38 °C ýokary, öyken, aşgazan ganamasy bolanda, çişlerde goýmak gadagan.

***Gorçisanyñ goýulyşy:***

Gorçisa kagyzdan gaçyp duran bolmaly däl.Legenjige yssy (40-45 °C) suw guýmaly.Näsagy ýatyrmaly.Gorçisany gezek - gezegine goýmaly.Näsagy mata bilen ýapmaly.5-10 minutdan gorçisany aýyrmaly, şonda deri gyzaryp durýar.Ony süpürip arassalamaly.

Bellik:Köp goýmak bolmaýar, deri ýanmagy mümkin.

Gyzdyryjy (gury ýylylyk) syrkawyñ myşsasyny ýumşadýar, içki agzalaryň gan barşyny köpeldýär, agyryny aýyrýar, gatylary ýumşadýar. Gyzdyryjy dowamly gastritde, kolitde, peşew daş kesellerinde peýdalanylýar.

***Ýatda sakla:*** Gyzdyryjy ýiti appendisitde, holisistitde, şikes bolanyñ birinji güni, gan akanda, iriñli ýarada, çiş kesellerinde peýdalanylmaýar. Suwly gyzdyryjydan başga elektrik tokly gyzdyryjylar hem bar. Ýyly gyzdyryjylar goýulandan soñ 5 minutdan barlap görmeli: deri gyzarypmy, ýanma barmy - barlamaly. Yssy gyzdyryjydan başga sowuk gyzdyryjylar, buz goýma usullary hem bar. Bu sowuk tulum goýlanda

gan damarlary gysylýar, nerw duýgylary peselýär. Bu tulumlary ýiti sowuklamada, (içki agzalarda), şikes ýetende birinji gün goýmak bolýar.

***Bejergi ýapgysy, kompress****.Kompress* - (lat. *kompressium* - gysmak) - köp gatly bejergi dañysy. Bejergi ýapgysy gury, nemli (çygly) bolýar. Yerli we umumy bejergi ýapgysy bar. Nemli ýapgylaryñ yssy, sowuk görnüşi bar.

***Sowuk ýapgylar*** (buzly halta, sowuk matalar) dowamlylygy 5-10 minut goýmak bolýar (burny gananda, ýiti şikes ýetende).

***Yssy (gyzgyn) ýapgylar*** - ýerli gan aýlanyşygyny gowulaşdyrýar, agyryny aýyrýar, gatylar sorulýar, ýumşaýar. Hasany birnäçe gat edip gyzgyn suwa batyryp sykmaly (60-70 °C) we gerek ýerine goýmaly. 10-15 minutdan täzeläp durmaly.Ýyladýan ýapgylar - uzak wagtlap gan damarlaryny giñeldýar, ganyñ gelişini köpeldýär, derini we çuñ dökumalary gyzdyrýar, şonuñ netijesinde agyry aýrylýar ýa-da peselýär, gatylar sorulýar. Ýyladýan ýapgyny goýmak üçin hasany 8 gat etmeli we derman (spirt, maz) bilen ezmeli, soňra ýapgy kagyzy goýup pagta bilen sarap berkitmeli. Ýapgylar 8-10 sagat, esasan hem gijesine goýulýar. Bu ýapgylary alandan soñ onuñ ýerine gury ýyly ýapgylar (pagta, hasa) goýulýar.

Täzeden ýapgy goýmak üçin öñki ýapgynyñ ýerini spirt, ýag, odekolon, wazelin bilen süpürmeli.

***Ýatda sakla.***

- Ýapgy edilýän dermanlar syrkawyñ derisiniň kabul etmezligi mümkin (allergiýa, gyjyndyrýar). Şonuñ üçin ýapgy goýmazdan öñ ol ýere çagalar kremini,wazelin çalmaly.
- Spirtli ýapgylary 4-6 sagatdan täzelemeli.
- Ýod çalynan ýere kompress, ýapgy goýmak bolmaýar, bu ýagdaýda deri ýanýar.

# IV BAP.

# DESMURGIÝA - SARGY

**Desmurgiýa** - sargy, daňy baradaky ylymdyr.

Sargynyň esasy ähmiýetleri: Sargy ýarany ekzogen (howadan) infeksiýanyň düşmeginden goraýar we aseptikanyň hyzmatyny berjaý edýär.Eger ýara iriňlän bolsa, onda ýarany iriňe garşy göreşýän derman (10 %-li dioksidin) siňdirilen ýapgy bilen saramaly, şonda sargy bejeriş (antiseptikanyň) hyzmatyny ýerine ýetirýär. Eger ýara ganaýan bolsa, onda ýarany berk gysyp saramaly we şonda sargy gan durzujy ähmiýetine eýe bolýar. Durmuşda ýaradan akýan gany duruzmak üçin gysyjy sargysy kän ulanylýar.

Eger-de elde, aýakda zeper bar bolsa, onda sargy zeper ýeten ýerini asuda ýagdaýda saklamak üçin ulanylýar, muňa immobilizirleýji sargy diýilýär. **Immobilizirleýji sargy** çykykda we süňk döwlende hökmany suratda ulanylýar.

Eger-de, döşde çuň ýara sebäpli açyk *pnewmotoraks* bolup, keselli her gezek dem alanda, howa döş diwaryndan ses edip girip-çykyp duran bolsa, onda döşdäki ýarany petikläp ýapýan sargy edilýär, muňa **okklýuzirleýji sargy** diýilýär. Ýagny, sargynyň kömegi bilen açyk pnewmotoraks ýapyk görnüşine geçirilýär. Şondan soň, daşardan plewra boşlugyna howanyň girmegi çürt-kesik kesilýär we näsag çaga ölüm howpundan halas bolýar.

Eger-de sargy üçin hasa ulanylsa, oňa **ýumşak sargy** diýilýär, eger-de sargy üçin gips ulanylsa, onda oňa **gaty sargy** diýilýär.

***Sargy etmäniň esasy düzgünleri (43-nji surat.):***

1. Sargy uçin hasadan edilen steril materiallar ulanylýar. Keselhanada sargyny sargy otagda edilýär. Ilki iriňsiz ýaraly keselliler, soiira iriňli ýaralylar saralýar. Sargy edilýän agza (el, aýak) oňaýly, orta fiziologik ýagdaýda bolmaly.
2. Çaga sargy edilende oturgyçda oturmaly ýa-da ýatmaly. Lukman onuň halyny aňmaly. Sargy edilýän wagty çaga agyry duýmaly däl, ol ejir çekmeli däl. Sargy emaý bilen edilmeli. Iriňli ýara sargy edilende ýaranyň daşyndaky derä 96° spirt ýa-da 1%-li iodonat çalmaly. Ýaraň içine iodonat ergini düşmeli däldir, sebäbi agyry we himiki ýanygyn bolmagy mümkin. Ýaradaky iriňi wodorodyň 3%-li perekisi bilen çogduryp ýuwmaly. Ýagny, ýarany iriňden arassalamaly. Şu niýet bilen ilki ýaranyň içine steril rezin turbajygyny sokmaly we onuň içine şprisiň



43-nji surat. Hasanyň dogry tutulyşy.



44-nji surat. Buruna daňy edilişi.




45-nji surat. Gippokratyň papajygy.




46-njy surat. Çepes daňysy.



47-nji surat. Sümmül görnýşli daňy.



48-nji surat. Sirkulýar daňy.



49-njy surat. Welpo daňysy.



50-nji surat. Topuk daban bogunyna edilýän daňy

kömegi bilen wodorodyñ 3 %-li perekisini goýbermeli. Şeýdilende ýara iriñden göwnejaý arassalanýar. Ýaranyñ içine hiç haçan çüýşäñ bokurdagyndan derman guýmaly däl. Ýarany steril hasa zolagynyñ kömegi bilen iriñden arassalamaly. Soñra ýara 10 %-li dioksidin ergini bilen ýapgy etmeli we saramaly.

3. Eger sargy ele ýa-da aýaga edilýän bolsa, onda sargynyň çeküwi endigan we birsydyrgyn bolmaly. Sargy gowşak bolmaly däl, sebäbi ol derrew sypýar. Sargy çakdanaşa gysmaly däl, şeýle bolanda sargy goýlan ýeriñ ganaýlanyşygy bozulýar we ol ýerde sorkuldyly agyry bolup, soñra ol ýeriñ *nekroz* bolmagy mümkin. Şonuñ üçin hem, sargy goýlan keselli gözegçilikde bolmaly. Sargy goýlan ýer daşky görnüşi taýdan owadan bolmaly. Näsagyñ endamyndan aýrylan sargy hasasy dezinfeksiýa edilmelidir. Aşakda sargynyñ esasy görnüşleriniñ endama goýluşynyñ shemalary görkezilendir.

- Kellä edilýän sargylardan "Gippokratyň papajygy" (45-nji surat) "çepes" (46-njy surat);
- Ýeñsä goýulýan - sekizlik görnüşli sargy;
- Burna, mañlaýa,. eñege goýulýan - sapan görnüşli sargy (44-nji surat),
- Döşe goýulýan - sirkulýar we atanak görnüşli (48-nji surat.) Welpo (49-njy surat) daňysy,
- Ele goýulýan sargy (47-nji surat) bular, iş ýüzünde köp ulanylýan sargylaryň amatly görnüşidir.
- Aýaga goýulýan daňylar (50-nji surat)

***Gips daňylary.(51-55-nji suratlar)***

N.I.Pirogow ilkinjilerden döwükleri bejermekde alebastrly daňyny ulanypdyr. Gips kalsiýnyñ sulfatundan we suwdan durýar. Medisina gipsini tebigy ýagdaýdan zawotda bölme we 140- 180 gradus temperaturada gyzdyrmak bilen alýarlar. Gigroskopik häsiýete bolan gips basym çyglanýar we gips daňylaryny goýmaga ýaramaýar. Şonuñ üçin gipsi *germetizirlenen* gaplarda saklamaly.

Ýokarky ahyrlyk üçin 7-15 gatlakdan ybarat bolan inli bintleri taýarlamaly. Aşaky ahyrlyklar üçin bolsa 20-25 gatlak (10-12 gatlak).

***Gipsiñ hilini barlamak*** üçin onuň biraz bölegini süýt bilen garmaly. Eger gipsiñ hili gowy bolsa ol 5-7 min. dowamynda basym gataýar.

***Gipsi barlamak üçin şu synaglar geçirilýär:***

1. Gipsi bir ýumruk edip gysmaly. Eger ýumruk açylan wagty gips şeçilip ýaýrasa, onda ol gowy hilli hasaplanylýar. Eger ýumruk alnan wagty gipsiñ barmak yzly tokgasy gaçsa, onda ol çyg we ony ulanyp bolmaýar. Şunuñ ýaly ýagdaýda çyglanan gipsi 140 °C çenli gyzdyrmaly, şondan soñ ýokarda görkezilen synagy gaýtadan geçirmeli. Görkezmezden öñürti gipsi ýaýratmaly.
2. Gipsi suw bilen garylan wagtynda ondan zaýalanan ýumurtganyñ ysy gelmeli däl.



51-nji surat. Gipsli hasanyň taýýarlanyş usuly.



52-nji surat. Gips longetasy.



53-nji surat. Gips krowatjygy.



54-nji surat. Skelet çekdiriji.



55-nji surat. Delbe halkalary.

3. Gipsiñ we suwuñ deñ mukdaryny alyp olary tä bulamak görnüşi bolýança garmaly. Ol 5-7 min soñ guraýar we gataýar. Gatan gipsiñ plastmasy ýaly döwülmeli, ýöne owranmaly däl.

***Döwügiñ görnüşine baglylykda şu aşakdaky dañylary ulanýarlar:***

1. Tegelek (aýlaw) gipsli dañy
2. Longeta.
3. Gutaran dañy.
4. Köpri görnüşli.
5. Şinli-gips dañysy.
6. Gipsli krowatjyk. Näsagy uzak wagtlap bejermek üçin onuñ endamynyñ arka ýüzüne gips krowat goýulýar.
7. Açylýan- ýapylýan ýa-da çykarylýan gipsli dañy.

Gipsi goýmak üçin ony ýyly suwa salmaly. Ondan soñra bintleri suw bilen doly ezip seresaplylyk bilen gysmaly. Gatamanka gipsli dañyny basym goýmaly. Barmaklaryny ahyrlyklarynyñ ýagdaýyna gözegçilik etmeklik üçin açyk halda goýmaly (barmaklary gyzgyn, hereketli, gülgüne reñkde, pulsasiýaly bolmaly).
Haýal guran mahalynda (N-10-15) ony elektroçyralarynyñ, solüksyñ çyrasy bilen guratmaly.
Gips dañynyñ ýuzüne döwük - ýenjigiñ bolan wagtyny, sagadyny ýazmaly. Ilki çişi gaýdýança ***longeta gips dañysyny*** goýup, çişi gaýdanyndan soñra ***aýlawly gips dañysy*** goýulýar.
***Penjire görnüşli gips dañysy***- ýarany bejermek üçin wagytlaýynça penjire goýulýar we onuñ üsti bilen açyk döwükleri ýarasy bejerilýär.
***Köpri görnüşli gips dañysy*** - 2 gips dañydan ybarat, bogynyñ ýokarsyndan we aşagyndan goýylýar, arasyndan demir gytarlan çiş bilen birikdirlen. Bogunlaryñ döwülmeginde we uly döwük-ýenjiklerde peýda berýär, we gerekli bejergini *immobilizasiýany* berýär.
***Stremenli gips dañysy*** - injigiñ döwülen mahaly ulanylýar. Demir çiş, gips dañynyñ içinde näsagyñ gezmelemegini añsatlaşdyrýar.
***Sütün görnüşli gips dañy*** - aýlaw dañynyñ iki tarapyndan bütin uzynlygynda kesilip ýasalýar. Bejeriş çäreleri we ýaralanan ahyra sin etmek mümkinçilik berýär (massaz, fizobejergiler).
***Şina gips dañysy*** içine gaty kagyz, demir ýa-da tagta salynyp emele getirilýär.
***Gaýra üzülmeler:***

- pnewmoniýa;
- gan aýlanyşygyñ bozulmasy;
- nekroz
- iriñleme.

## V BAP

### Reanimasiýa bölüminde amaly endikler

***Reanimasiýa bölüminde amaly endikler we manipulasiýalar.*** Uly operasiýalardan soňra bölüme *anestezist*-şepagat uýasy bilen geçirmeli. Näsagy sürüji- krowatda üç sany lukman işgärleri bölüme geçirýär. Prostynlar we ýorganlar gyzdyryjylar arkaly ýyladylmaly.

Näsagyň ýatyşy iň köp ýatyrylýan usuly arkasyna, munda kellesiniň aşagynda ýassyk goýmak bolanok, kellesine gan ýygnanmaz ýaly, hem-de dem ýollaryna iýmit hem gakylyk düşmez ýaly. Ýagdaýy kadalaşyp ugranda sag gapdalyna ýatyryp bolýar. Bu ýagdaýda ýürek uruşy, içege aşgazan hereketleri kadalaşýar, beden temperaturasy peselýär, öýken sowuklamaň öňüni almak maksady bilen "oturan" ýagdaýda oturtýarlar. Oňurga şüňkünde operasiýa edilen ýagdaýda hem-de, kelle beýni operasiýalarynda çaga garynyň üstünde ýatyrylýar. Kollars, şok bolan ýagdaýynda aýagyny galdyryp ýatmaly (klark ýatyşy). Garyn boşlugynyň hem duglasyn drenaz hereketleri sazlaşdyrmak üçin krowatyň kelle tarapyny galdyryp ýatyrylýar (Faulerin ýagdaýy). Aýagyndaky operasiýadan soňra aýaga şina (Beler, Broun) goýulýar.

Çagany häli şindi hereketlendirip durmaly. Gowşak näsaga ýanbaşyň aşagyna rezin krug goýmaly. Eger operasiýadan soňra beden gyzgyny galsa çaganyň ganynyň umumy barlagyny geçirmeli, aşgar-turşy deňagramlylygyna gözegçilik etmeli.

Suwuklygy kadalaşdyrmak üçin damaryndan erginler goýberilýär: glýukoza, aminokislotalar, gan, aminokrowin, gidrolizat we ş.m. ulanylýar.

Näsag çaga gaýnan et, tworog, ýaly belogy köp iýmitler berilýär. Witaminleriň, has hem "C", "B" witaminleriň çalyşygyna ünsi bermeli.

***Derisine seretmek:*** Operaşiýadan soň derisiniň reňkine, çyglylygyna, çeýeligine, arassalygyna ünüs bermeli. Derini wagtal-wagtal ýuwup durmaly, eger ýagyr bolmak ähtimallygy bolsa onda näsagyň arkasyna rezin krug goýmaly, gapdallaýyn ýatyrmaly hem-de Kamfora ýa-da spirt erginleri bilen süpürmeli. Prostyny ýygyrtsyz bolmaly, del bölejikler bolmaly däl.

***Dem-alyş ulgamyna seretmek:*** Dem alyşyň ýygylygyna, ritimne, häsiýetine, goşmaça kömekçi myşsalaryň gatnaşýandygyna, burun ýelkeniniň hereketine,

gapyrga we ýaýjyk aralarynyň ýumşak dokumasynyuň çökmegine, garynyň dem alyşa gatnaşyşyna, ünüs bermeli. Bu ulgamda duş gelýän ýygy gaýry üzülmeleriň biri durgunly öýken sowuklamasy bolup, onda köplenç dem ýetmezçiligi ýüze çykýar. Dem ýetmezlik dürli sebäpli bolup biler, gakylyk ýa-da gan ýuwudylmagy aspirasion öýken sowuklamasyna getirip biler. Şol sebäpli intubasion turbajzygy wagtynda arassalap suwuklyklary aýyryp durmaly.

***Öýken sowuklamañ öñüni alyş çäreleri:*** dem alyş gimnastikasy, perkusiýa massazy, endamy ýylatmak, ingalýasiýa, näsagy "oturan" ýagdaýa geçirmeli. Intubasiýa narkozdan soñra dem ýollaryndaky dykylyklary arassalap çykaryp durmaly, ýörite sorujynyň kömegi bilen.

***Ýürek-damar ulgamyna seretmek:*** Şepagat uýasy her 3 sagatdan pulsy ölçäp durmaly, onuñ çaltlygyna, dolmagyna, ritmine üns bermeli. Temperaturasy pulsa baglylykda galýar. Gyzgyn 1°C galanda puls 8-10 gezege çenli çaltlaşýar. Haçanda puls bilen temperaturanyň arasynda baglylyk ýitse, "gaýçy simptomy" diýilip atlandyrylýar we howply gaýry üzülmeleriň alamaty hökmünde bellenýär.

***Iýmit ýollaryna seretmek:*** agyz boşlugyna, diline, damak badamlaryna, garnyna ünüs bermeli. Agzyn zondyny hälişindi ýuwup durmaly, munda furasillin, bor turşusy, kaliý permanganaty ulanmaly. Operasiýadan soñra garyn çişme alamatlary bolsa içege ýöremezligine garşy çäreleri geçirmeli:

- GBO
- Prozerin dermanyny shema boýuça goýbermeli
- *Peridural kateter* goýmaly
- Artbujaga gaz çykaryjy turba goýmaly.
- Damardan gerekli mukdarda kaliý ergini goýbermeli.

Reanimasiýa bölümine intensiw bejergä mätäç bolýan ýa-da *intubasion* beýhuşlygy geçiren çagalar ýatyrylýar. Iñ köp duş gelýän operasiýalar:

- ***Torokotomiýa*** ehinokokkozda, doga kemislikler, dowamly iriňli sowuklamalar çiş keselleri we ş.m.
- ***Laparotomiýa.*** ehinokokkoz, doga kemislikler, dowamly iriňli sowuklamalar çiş keselleri we ş.m.
- ***Lýumbotomiýa.***ehinokokkoz, doga kemislikler, dowamly iriňli sowuklamalar çiş keselleri, *nerfrolitiaz* we ş.m.

## Çagalara gaýragoýulmasyz kömegiñ berilişi. Dürli ýaşly reanimasiýanyñ esasy prinsipleri.

Ilkinji lukmançylyk kömegini bermek gaýrygoýulmasyz ýagdaýlarda, kä wagyt näsagy ölümden alyp galmak maksady bilen terminal ýagdaýlarda hem-

de kliniki ölümde geçirilýär. Terminal ýagdaý bu ýaşayyş üçin  wajyp organlaryñ funksiýasynyñ bozulmagy, kä wagt bolsa funksiýasynyñ togtamagy bilen ýüze çykýan ýagdaýdyr. Ähli lukmançylyk işgärleri hassahanada ilkinji lukman kömegini bermegi başarmaly. Terminal ýagdaý dürli sebäpler esasynda ýüze çykyp bilýär. Bu dürli keseller sebäpli, dem alyşyñ we ýürek uruşynyñ togtamagy, agyr şikeslenmede, we asfiksiýada, dem alyş ýollaryna iýmit düşende bolup biler.

Terminal ýagdaý iki tapgyra  bölünýär - *agoniýadan* öñki  we *agoniýa*.  Dem alyşyñ we  gan aýlanyşyñ doly togtamagyna bolsa ***kliniki ölüm*** diýilýär.  Birnäçe wagtdan soñ ýzyna gaýtaryp bolmaýan ýagdaýlar, merkezi nerw ulgamyndaky üýtgemeler, organlaryñ, dokumalaryñ üýtgemegi kliniki we - biologiki ölümiň ýüze çykmagy bolýar.

***Preagoniýa*** - arterial basyşyñ pese düşmegi, deri örtüginiñ gögermegi ýaly alamatlar bilen ýüze çykýar. Pulsyñ dolulygy azalýar, hem ýygylygy çaltlaşýar. Bu ýagdaýda çuñ dem alşyñ bozulmagy hem gemodinamikanyñ bozulmagynda ýaşaýyş üçin gerekli agzalaryñ gipoksiýasy   ýüze çykýar we agoniýa geçip biler.

***Agoniýal ýagdaý*** - añynyñ doly ýitmegi, göz refleksleriñ ýitmegi bilen düşüdirilýär. Pulsy periferiki damarlarda gowşak ýa-da duýulmaýar. Arterial basyşy ölçäp bolmaýar ýa-da 40-30 mm. sim. süt deñ bolýar. Kä ýagdaýda agoniýa birnäçe sagatlap dowam edip bilýär.

***Kliniki ölüm*** - zeperlenen agzalarda we dokumalarda gaýdymsyz hadysalar ýok, organizmiñ  ýaşaýjylygy  saklanan bolýar.  Kliniki  ölümde kelle beýniniñ gabygynyñ ýaşaýjylygyna organizmiñ umumy ýagdaýyna uly zeper ýetenok. Preagoniýa we agoniýa ýagdaýyna dem alyşyñ we ýürek uruşyñ togtamagyna ýaşyna gyzgynyna bagly bolýar. Kiçi ýaşly çagalarda kliniki ölüm 3-4 min, ulularda 5-7 min dowam edýär.

***Kliniki ölümiñ alamatlary:*** - dem alyşyñ ýok bolmagy - deri örtügiñ, dodaklaryñ sianozy.

***Ýüregiñ togtamagy*** - magistral arteriýada (uky, but) pulsyñ ýitmegi, göreçleriñ giñelmegi, olaryñ ýagtylyga reaksiýasynyñ ýok bolmagy. Kelle beýnisiniñ gipoksiýasy. Kliniki ölümde hemişe diýen ýaly añyñ ýitmegi bolýar.

***Reanimasion çäreler:***

- Kliniki ölümiñ wagtyny bellemeli;
- Dem alyş ýollaryny nemden we gusundudan  arassalamaly;
- Näsagy gaty üstde (stolda, ýerde) arkan   ýatyrmaly, kellesi   yza gaýrylan bolmaly;
- Agyzdan agyza ýa-da agyzdan buruna minutda 2-3 gezek howa goýbermeli;
- Ýüregiñ göni däl massazyny 4-5 gezek etmeli; (56-njy surat.)
- Reanimasiýa çäreleri: bir gezek howa üflenende 4 gezek döş süñküne massaz etmeli;



56-njy surat. Ýüregiň göni däl massažy.

• Gerek bolan ýagdaýynda traheýany intubasiýa etmeli, öýkeni emeli howalandyrmak ulanylýar;
• Elektrokardiograf berkitmeli;

Ýüregiñ göni däl massazyndan son näsagyñ derisi kadaly bolup, merkezi we periferiki damarlarda pulsy gowy bildirip başlaýar, göz refleksleri kadalaşýar, göreç daralýar, arterial basyşy 50-70 mm sim. süt ýokarlanýar.

***Gipertermiýa*** (gyzgyny 39°C, ýokary bolsa) ýagdaýy bolsa, çaga gowşak, biynjalyk bolýar, iýmitden ýüz öwürýär, suw köp içýär, der köp bölünip çykýar. Dem alyşy nädogry bolup, çaltlaşýar, kä halatda añynyñ ýitmegi bolýar. Tahikardiýa bolup, arterial basyşy peselýär, kelle beýni çişme simptomy ýüze çykýar.

Ilkinji kömegi etmek üçin çaganyň eşigini aýyrmaly, kellesine we gasyk sebitine buzly tulum goýmaly. Deri örtügini spirt bilen süpürmeli. Çagalara (t-sy 4-5°C) bolan sowuk suw içirmeli hem sowuk suw bilen klizma etmeli. Çaga käbir ýagdaýlarda gusmagy mümkin. Ýagny operasiýadan soñ bihuşlandyryjydan açylýan näsaglarda ýüze çykyp bilýär, kelle beýni çişmede, aşgazan-içege bozulmagynda ýüze çykyp bilýär. Çaga gaýtaranda şol gusundy iýmitler bilen dem alyş ýollaryna gitmegi (aspirasiýa) we dem ýetmezçilikden ölmegi hem mümkin. Şol sebäpli näsäg gaýtaranda kellesini bir tarapa öwürmeli hem legen ýa-da esgi goýmaly, näsagy rahatlandyrmaly. Gusup bolandan soñ çygly hasa bilen süpürmeli, agzyny çaýkatmaly, täzeden geýindirmeli. Şepagat uýasy gusunda häsiýetnama bermeli, (onuñ mukdary, gan, iýmiti we ş/m.) we lukmana aýtmaly.

***Gan akmada*** - operasiýadan soñky ýüze çykýan ýagdaýlar bolup, ol daşky(operasion ýaradan, bedeniñ şikes ýeten ýerinden, wena punksiýa edilende we ş/m). Daşky we içki gan akma ýüze çykyp bilýär. Eger-de wena gan akmasy bolsa onda iññäni aýyrmaly we mäkäm sargy saramaly ýa-da rezin çekdiriji bilen dañmaly.

Öýken gan akmasy hem bolup bilýär, ol pnewmoniýada, gan kesellerinde, ýüregiñ doga kemisliginde, öýkene hirurgiki zeper ýetenden soñ, döş kapasasynyñ ýapyk

şikeslenmesinde ýüze çykyp bilýär. Näsag üsgürende gakylyk bilen gan çykyp biler. Öýken gan akmasynda köpürjikli açyk gyzyl reñkli arassa gan bolýar. Bu ýagdaýda näsagy oturtmaly ýa-da ýarym oturtmaly hem döşüne buzly tulum goýmaly, çagany iýmitlendirmeli däl. Çagalar aglasa köşeşdirmeli, sebäbi myşsalar yygrylyp, gan akma güýjeýär.

***Aşgazan gan akmasy -*** aşgazanada operasiýa edilen soñ hem içegäniñ ýokarky bölümine, del madda aşgazanyñ nemli bardasyna zeper ýetirende, aşgazanyñ ýara-baş keselinde, hem-de aşgazanda barlag geçirilende ýüze çykyp bilýär. Aşgazan gan akmasy ýürek bulanma gaýtarma arkaly ýüze çykýar, gan iýmit madda bilen garyşan, doýgun, lagtalanan görnüşinde, ýa-da «lagtalanan kofe» ýaly bölýär. Ilkinji kömek näsagy ýokary ýassykda ýatyrmaly epigastral sebitinde buzly tulum goýmaly. Eger-de gusmak ýüze çyksa näsagyñ kellesini gapdala edip, böwrek görnüşli jamjagaz goýmaly. Buz bölejigini hem ýuwutdyrmaly, näsagy doly rahat ýagdaýda saklamaly. Içege gan akmasynda näsagy pes ýassykda ýatyrmaly, garnyna buzly tulum goýmaly, kiçi ýaşly çagalara sowuk kompress ýapmak hem bolýar. Bu ýagdaýda çaganyñ täretinde gan bolýar, ol göni içegeden hem gelip bilýär, ol aşgazan - içege kesellerinde (baş, polip bolanda, jaýryk atanda), çagalarda içi gatanda, operasiýadan soñky gaýra üzülmelerde ýüze çykyp bilýär.

Burundan gan akma köplenç kalsiý ýetmezçiliginde, burna şikes ýetende ýüze çykyp bilýär. Näsagy düşekde oturtmaly, kellesini göni saklamaly ýa-da azrak öñe egmeli, sebäbi gan burun - damaga gitmezligi üçin hem burun öñüne polietilene oralan buz dykmaly, sowuk kompress etmeli ýa-da pagta zgutik goýmaly.

***Peşewde gan bolanda (gematuriýada)*** haçanda böwrekde operasiýa edilenden soñ, peşew akarda ýüze çykyp bilýär. Onda hökmany lukmana ýüz tutmaly.

***Içki gan akmada*** näsagyñ arterial gan basyşy çalt peselýär, reñki agymtyl -gök reñkde bolyar, anemiýa ýüze çykýar, näsag sülleren ýagdaýda bolýar, dem alyşy we ýürek - gan damar ulgamyñ bozulmagy ýüze çykýar. Bu näsaglary hirurgiki usul bilen bejergi edilýar we ganyñ ornuny tutýan erginler, gan goýbermeli.

***Ýürek-damar ýetmezçiligi*** - çagalarda köp kesellerde ýüze çykýar, onuñ alamatlary-tahikardiýa, aritmiýa, dem gysma, deriniñ agarmagy ýa-da gögermegi, ýürek töwereginde agyry bolmagy mümkin. Ilkinji kömek hökmünde çygly kislorod bermeli, ýürek durmagy mümkin bu ýagdaýda göni däl massazyny geçirmeli.

***Arterial basyşyñ peselmegi*** - içki gan akmada, ýürek - damar ýetmezçiliginde, dem alyşyñ bosulmagynda, kollapsda ýuze çykýar. Şepagat uýasy gan damar basyşyny hemişe ölçäp durmaly, 50mm sim.süt pes bolsa lukmana ýüz tutmaly.

***Beýni çişmesi*** - gemodinamikanyñ bozulmagynda, suw-elektrolit deñ agramlylygy-nyñ bozulmagynda we beýleki birnäçe kesellerde duş gelýar. Suwukluk beýni madda ýygnanýar. Aýlanýan ganyñ göwrümi köpelýär. Çiş beýni bozulmagyna getirýär, wena akymy kynlaşýar, kelleçanak içi basyşyñ ýokarlanmagy we gipoksiýa

ýuze çykýar. Alamatlary: -kelleagyry, ýürek bulanma, gaýtarma, aňyň bozulmagy, ysgynsyzlyk, ukuly ýagdaý bolýar. Oňa derman bejergi geçirilýär.

***Öýken çişmesi*** - pnewmaniýada, kellede çiş bolanda, böwregiň agyr kesellerinde, ýürek-damar patologiki üýtgeşmelerde ýüze çykyp bilýär.

Dem alyş ýollarynyň nemini arassalamaly, spirt bilen ingalýasiýa etmeli, ýagny köpürjik emele gelmez ýaly. Onuň üçin Bobrowyň apparatyna 96% spirt guýmaly (kiçi ýaşly çagalara 35-70% ergini) we kislorodly ballona berkitmeli we burun kateterinden ýa-da maskadan 30-40 min dowam etmeli. Lukman bellemeginde diuretiki serişdeler hem ulanylýar.

***Bokurdagyň çişmesi (ýalan krup)*** 1-4 ýaşly çagalarda ýüze çykýar, ol ekssudatiw diatezli we beýleki allergiki keselli çagalarda duş gelýar. Ol köplenç ýiti respirator infeksiýada organizmiň allergiki reaksiýasy hökmünde ýüze çykýar. Näsag üsgürip başlaýar, dem alyşy kynlaşýar, dem alanda hyzzyldy eşidilýär, bedeni agyrýar, käwagt sianoz bolýar. Çagaň t°-sy ýokarlanýar, der basýar. Çaga kislorod bermeli, soda bilen ingalýasiýa etmeli, ýyladyjy döşüne goýmaly. Desensibilizirleýji bejergi geçirilýär. Eger-de bokurdagynda stenoz bolsa onda näsaga traheostoma goýulýar.

***Tutgaýyň ýüze çykmagy*** - merkezi nerw ulgamynyň bozulmagynda ýüze çykýar, kelle beýni patologiki ýagdaýda -meningit, ensefalit, kelle beýni çişinde, kellä şikes alanda, hem-de ýokanç kesellerde ýüze çykýar. Tutgaý gysga we uzak wagtlaýyn bolýar, güýçli we gowşak, ritmiki we aritmiki bolup bilýär. Näsagda sandyrama tutgaýy bolanda kellesi yza gaçýar, gözi azaşýar ýa-da batýar, äňleri gysylýar we dilini dişlemegi mümkin). Kä ýagdaýda gaýtarmagy mümkin ýa-da dodagynda köpürjik peýda bolýar, tahikardiýa ýa-da bradikardiýa bolýar. Ilkinji kömek- näsagy şikeslenmeden goramaly, tutgaý wagty gusundylary bilen *aspirasiýa* bolmazlygy üçin gözegçilik etmeli. Reanimasion çäreleri tutgaý



57-nji surat. Emeli dem beriş enjamy.

aýrylýança  geçirmeli Gerek bolsa emeli dem beriş  enjamyna birikdirmeli.

# VI BAP

## Çaga hirurgiýasy klinikasynda, kabulhanada lukmançylyk resminamalaryň ýöredilişi.

Hassahana çagany kabul etmegiñ birnäçe usuly bardyr. Näsag çagalary merkezi kabul ediş bölüme getirilişi:

***“Tiz kömek” maşynynyň kömegi bilen:*** şikes ýetme ýagdaýynda, ýiti we dowamly keselleriň ýitileşmegine, ýokary derejeli bejergi gerek bolan hassahana şertlerinde.

- ***Maşgalla lukmanynyň görkezmesi boýunça*** öý şertlerinde bejergi peýda bermedik ýagdaýynda.
- ***Kesel bejeriş edarasynyň bir bölüminden beýleki bir bölümine geçirilen ýagdaýynda***.
- ***Öz islegi boýunça*** meýilleşdirilen operasiýany geçirmek maksady bilen, daşary ýurt raýatlary we ş.m ýagdaýlarda.

Lukman çagany gözegçilik edenden soňra şepagat uýasy lukmandan sanitar arassalaýjy işlerini geçirmek üçin görkezme alýar. Sanitar arassalaýjy işleri gigiýena wannasyny, duşy özünde jemleýär.

Kabul ediş bölüminde näsagyñ köpçülikleýin gelmeginde aýratyn tertip düzgün boýunça näsaglar bölümlere ýerleşdirilmelidirler: ýagny, ilki bilen ýagdaýy agyr näsaglara ilkinji kömek berilýär, soñra orta agyrlykdaky näsaglara, iñ soñunda “meýilleşdirilen” we tiz bejergä mätäç däl näsaglar kabul edilýär.

Çagany kabul ediş bölüminde ýerleşdirilende, kabul ediş bölüminiñ şepagat uýasy şol bölümiñ müdürine ýa-da lukmanyna täze näsagyñ getirilendigi barada we onuñ ýagdaýy barada habar berýär. Şu maglumatlar agşamky, ýagny nobatçy şepagat uýasyna hem aýdylýar. Agyr kesel gelen ýagdaýnda, nobatçy lukmana hem aýtmaly.

Kabul ediş bölüminden “hirurgiýa” bölümine geçirilişiñ birnäçe görnüşleri bar. Geçirmegiñ usulyny lukman kesgitleýär. Eger çaganyñ ýagdaýy kanagatlanarly bolsa, ol bölüme özi, ýagny medisina işgäri bilen bilelikde gidýär. Ýaş çagalary elde göterip geçirýärler. Agyr kesellileri ýöriteleşdirilen göterijilerde, sürüjilerde

geçirýärler.

## Çaga hirugiýä klinikasynyñ resmi kagyzlary.

Kabul ediş bölüminde ähli resmi kagyzlar bölümiñ şepagat uýasy tarapyndan doldurylýar. Ol resminamalary lukman näsagy hemme taraplaýyn barlap bolandan soñra ýazyp doldurýar. Şepagat uýasy näsagyñ gyzgynyny ölçäp “Näsaglary kabul edilenleriñ hasaby” “Stasionar bejergisinden ýüz dönderenleriñ hasaby” jurnalyna belleär. Bu jurnala şepagat uýasy näsagyñ adyny,- familiýasyny, atasynya adyny, ýaşyny, ýaşaýan ýerini, näsag kim tarapyndan getirilen we nireden görkezme berlişini, ugrukdyrmany beren “Saglyk öýüni” “Tiz kömek” bilen ýüz tutany, gelen wagtyndaky goýlan kesel kesgidini, kabul ediş bölümiň goýan kesel kesgidini, näsagyñ haýsy bölüme iberilendigini we ş. m. maglumatlary şu ýere ýazýp belleýär.

Ýene-de kabul ediş bölüminiñ şepagat uýasy stasionardaky näsagyñ keseliñ taryhynyñ ýüzini doldurýar. Bu kagyza hem kabul ediş dergisindäki maglumatlar ýazylýar, başga-da öý telefon nomeri, çaganyñ ene-atasynyñ işleýän ýerleri telefon nomerleri ýazylýar.

Bölümde hökmany suratda derman bellemeleriniñ kagyzyny doldurýarlar, ol ýerde näsagyñ A.F., atasynyñ ady, ýaşy, lukmanyñ A.F., bölümi, kesel taryhynyñ N, bellenen dermanlaryñ atlary, mukdary, goýberiliş usuly, bellenen güni we şol derman bellemeleriniñ üýtgedilen güni görkezilýär.

Näsagy bölümden çykaranda oña hökman bölümden çykanlygy hakda “goýberiş” kagyzy berilýär.

## VII BAP

## Maşgala şepagat uýasynyñ borçlary we hukuklary.

## Maşgala şepagat uýasynyñ Düzgünnamasy.

1. Maşgala şepagat uýasy wezipesine TSG we DSM-gi tarapyndan tassyklanan şepagat uýasy boýunça ilkinji taýyarlaşygy geçen hünärmen bellenilýär.
2. Maşgala şepagat uýasy öz işini Türkmenistanyñ Baş kanunynyň, Türkmenistanyñ mejlisiniñ, Türkmenistanyñ Prezidentiniñ hukuknamalarynyñ, TSG we DSM-niñ buýruklarynyñ, görkezmeleriniñ we şu Düzgünnamanyñ esasynda saglygy goraýyş edaralarynda amala aşyrýar.
3. Maşgala şepagat uýasynyñ işi keseliñ öñüni alyş, näsaglara bejeriş çärelerini geçirip, ilatyñ saglygyny goramaga we raýatlaryñ ömrüniñ dowamlylygyny uzaltmaga gönükdirlendir.
4. Maşgala şepagat uýasyna berkidilen ilata saglygy goraýyş kömegini maşgala lukmany ýa-da maşgala felşeri bilen bilelikde amala aşyrýar.
5. Maşgala şepagat uýasynyñ berkidilen ilatynyñ sany 1000 adamdan ybarat bolup, käbir ýagdaýlarda 1500 çenli ýetirlip bilýär.
6. Maşgala şepagat uýasynyñ zähmet haky Türkmenistanyñ Zähmet hakyndaky kanunlaryna laýyklykda kesgitlenilýär.
7. Eger-de berkidilen ilatyñ arasynda: çaga ölümi, ene ölümi, inçekeseliñ, göz keseliñ ötüşen görnüsi, dogabitdi gonoblenoreýa ýüze çyksa; reanimasiýa bölümine 14 ýaşyna çenli näsag çaga düşse we keseliñ öñüni alyş sanjymlary ýerine ýetirilmedik ýagdaýynda ilat tarapyndan arza-şikaýat düşse we hadysalaryñ ýüze çykmagynda maşgala şepagat uýasynyñ goýberen kemçilikleri tassyk edilse, onda saglyk öýüniñ ýolbaşçysy tarapyndan maşgala şepagat uýasy tertip-nyzam jogapkärçiligine çekilýär.
8. Maşgala şepagat uýasy her üç ýyldan kämillik derejesini welaýatyñ, Aşgabat şäheriniñ saglygy goraýyş dolandyryş guramasynda tassyklamaly ýa-da ýokarlandyrmaly. Kämillik derejesi ýok maşgala şepagat uýasy welaýatyñ ýa-da Aşgabat şäheriniñ saglygy goraýyjy dolandyryjy guramasynda işleýän ýerine mynasypdygyny tassyklatmalydyr.

9. Maşgala şepagat uýasyny Türkmenistanyñ Zähmet hakyndaky kanunyna laýyklykda işe Kabul edilýär we işden boşadylýar.
10. .Maşgala şepagat uýasy maşgala lukmanyna, baş we uly şepagat uýalaryna tabyn bolýar.

***Maşgala şepagat uýasynyñ borçlary.***

Maşgala şepagat uýasynyñ esasy wezipesi ozüne berkidilen ilatynyñ saglygyny gorap saklamakdan, keseliñ öñüni almak çäreleri geçirmekden we olara ilkinji saglygy goramak kömegini bermekden ybaratdyr.

***Şu wezipesini doly ýerine ýetirmek üçin maşgala şepagat uýasynyñ geçirmeli işleri:***

- Maşgala lukmanyñ ýa-da maşgala felşeriniñ ýolbaşçylygynda keseliñ öñüni alyş, anyklaýyş, bejeriş, sagaldyş we gije-gündiz gaýra goýulmasyz çärelerini gurnamak.
- Şikes ýetmelerde, ýiti gaýragoýulmasyz ýagdaýlarda saglygy goraýyş kömeginiñ we ilkinji lukmana çenli kömegini bermek.
- Berkidilen ilatyñ saglyk ýagdaýyna yzygiderli gözegçilik etmek.
- Bellenilen tertip boýunça näsaglara berilýän saglygy goraýyş kömeginiñ hilini ekspert seljerişine geçirmek.
- Berkidilen ilatynyñ arasyndan näsaglar hassahana düsen halatynda, hassahanada bejerýän lukman bilen bilelikde bejergini alyp barmak.
- Öý şertlerinde keseli bejermäge we saglyk öýünde näsaglara gündiz ýatymlaýyn bejeriş şertlerini döretmek ( sanitariýa-epidemiologiýa düzgünlerini berjaý etmek bilen).
- Türkmenistanyñ kanunlaryna laýyklykda saglygy goraýyş işgärleri üçin niýetlenen ýeñilliklerden peýdalanmak.
- Her 3 ýyldan özüne berkidilen ilatyñ arasynda edilen işleriñ netijeleri barada TSG we DSM-niñ ýanyndaky kämillik derejäni kesgitleýän toparyna işini tabşyrmak.

**Maşgala şepagat uýasynyñ berkidilen ilatyñ arasynda öz işlerini amala aşyrmaga görkezmeler.**

***Çagalar bilen alyp barmaly işi:***

1. Bäbegiñ göbek ýarasyny, gözüni, deri örtügini we agyz boşlygyny arassalamaklygy başarmaly.
2. Çaganyñ fiziki taýdan ösüşine yzygiderli gözegçilik etmeli.
3. Dürli ýaşyndaky çagalary dogry iýmitlendirmäni maslahat bermeli.
4. Çaganyñ ýaşyna görä gözegçiligiñ geçirilşi.
5. Bir ýaşy dolýança çagany inçe hünärmenleriñ maslahatyna laborator barlaglaryna çagyrmaly.
6. Çagalara keseliñ öñüni alyş barlaglary geçirmeli.

7. 2-6 ýaşa çenli çagalary her ýylda hünärmenleriñ maslahatyna çagyrmaly,ganyñ we peşewiñ barlagyny ýylda bir gezek geçirmeli.
8. Täretiñ "mugthor gurçyklara" barlagyny ýylda bir gezek geçirmeli (günaşa üç gezek).

***Çaganyñ ýaşyna görä maşgala şepagat uýasynyñ gözeçilik saparlary***

- Täze doglan çaga 40 güne çenli-hepdede 2 gezek
- 3 aýdan 6 aýa-aýda 4 (dort) gezek
- 6 aýdan 12 aýa çenli-aýda 1 (bir) gezek
- 1-2 ýaşa çenli-çärýekde 1 (bir) gezek
- 2-3 ýaşa çenli-çärýekde 1 ( bir ) gezek
- 3-6 ýaşa çenli-ýylda 2 (iki) gezek
- Mekdebe gatnaýan (7-14ýaşIy) çagalaryñ keseliñ öñüni alyş barlagy.

Çagalaryñ ähli ýaşynda (0-14ýaşa) çenli keseliñ öñüni alyş barlagy geçirende gatnaw bejergi depderçesinde gyzgynyny, agramyny, boý ölçegini, kelleçanagyñ ölçegini, döş kapasasynyñ ölçegini we ösüşiniñ görkezijilerini belläp geçmeli. Barlaglaryñ netijesinde kadadan çykýan üýtgeşmeler tapýan bolsa maşgala lukmanynyñ maslahatyna çagyrmaly.Berkidilen meýdançasynda göwreli aýal, bir ýaşyna çenli çaga göçüp gidýän ýa-da göçüp gelen bolsa, tiz bilen maşgala lukmanyna habar bermeli.

***Wezipesini ýerine ýetirmek üçin maşgala şepagat uýasynyñ geçirmeli işleri:***

1. Maşgala lukmanyna ýa-da maşgala felşeriniñ ýolbaşçylygynda keseliñ öñüni alyş anyklaýyş,bejeriş sagaldyş we gije-gündiz gaýra goýulmasyz çäreleri gurnamak.
2. Ýiti gaýra goýulmasyz ýagdaýlarda saglygy goraýyş kömegini we ilkinji lukmana çenli kömegi bermek.
3. Berkidilen ilatyñ saglyk ýagdaýyna yzygiderli gözegçilik etmek.
4. Ilata sanitariýa epidemologiýa düzgünlerini, sagdyn durmuşyñ ähmiýetini düşündirmek, rejeli we dogry iýmitlenmegi öwretmek, arakhorlygyñ, neşekeşligiñ adam bedenine ýetirýän zyýanyny mysallar üsti bilen düşündirmek.
5. Kesele eltýän çäreleriñ we başlangyç ýagdaýlarynyñ öñüni almak, keseliñ gizlin görnüslerini wagtynda ýüze çykarmak we maşgala lukmanyna habar bermek.
6. Enäniñ we çaganyñ saglygyny gorap saklamak üçin bejergi we keseliñ öñüni alyş çäreleri geçirmek.Göwrelileri çaga dogurmaklyga psihiki taýdan taýýarlamak we doglan wagtyndan soñ 42 gün yzygiderli gözegçilik etmek. Zenanyñ janyna göwreliligiñ we çaga dogurmagyñ howply boljak ýagdaýlarynda maşgala lukmanyna habar bermek.
7. ”Keselleriñ öñüni alyş sanjymlaryñ ähmiýetini düşündirmek we möwsümleýin

geçirilýän köpçülikleýin sanjymlary ýerine ýetirmek.

8. Yokanç keselini geçiren näsaglaryñ, kesel döwründe gatnaşykda bolan we gaýtadan keselleýän näsaglaryñ saglyk ýagdaýlaryny yzygiderli gözegçilikde saklamak.
9. Adatdan daşary ýagdaý ýüze çykan wagtynda saglygy goraýyş kömegini gurnamaly.
10. Ýokanç keseli dörän ojaklarda TSG we DSM-niñ hereket edýän buýruklaryna,gö rkezmelerine,düzgünnamalaryna laýyklykda epidemiýa garşy çäreleri geçirmek we maşgala lukmanyna habar bermek.
11. Gaýra goýulmasyz ýagdaýlarda maşgala lukmanynyñ gönükdirmesi boýunça degişli bejeriş keseliñ öñüni alyş edaralaryna ulag serişdesi bilen näsagy alyp gitmegi gurnamak.
12. Kabul ediş bölüminde derman serişdeleriniñ, sanjym enjamlarynyñ dogry saklanylmagyna we rejeli ulanyşyna gözegçilik etmek.
13. Bir ýaşyna çenli çagalaryñ her aýda ösüşini bellemek.
14. Bäbegi dogry idetmegi we iýmitlendirmegi enelere öwretmek.
15. 65 ýaşdan geçen adamlaryñ, maýyplaryñ düşekde ýatan näsaglaryñ öýlerine barmaklygy we kömek bermegi gurnamak, gaýra goýulmasyz ýagdaýlarda ilkinji lukmana çenli kömegi bermekligiñ ýönekeý usullaryny näsagyñ hossarlaryna öwretmek.
16. Maşgala lukmany bilen bilelikde maşgalany kadalaşdyrmak, maşgala durmuşyny,ahlak, psihiki dünýä garaýşy kesel yzarlaýjylygy, saglygy goraýyş, jyns gatnaşygy barada soraglary boýunça maslahatlary geçirmek.
17. TSG we DSM-niñ tarapyndan tassyklanan saglygy goraýyş resminamalary ýöretmek.
18. Uly ýa-da baş şepagat uýasyna edilen işler barada her aýda hasabat bermek.
19. Maşgala lukmanynyñ ýolbaşçylygynda edilmeli işleri ýylda bir gezek berkidilen meýdançasynda ilat ýazuwyny geçirmek we çäginiñ pasportyny düzmek;
20. Näsaglaryñ ýa-da saglygyny barlatmaga gelýän raýatlaryñ fiziki ýagdaýyna baha bermek we ilkinji gözden geçirmäni alyp barmak.
21. Näsaglara barlaglaryñ hemme görnüşlerine, maslahatlara gönükdirme doldurmak we ganyñ,peşewiñ, gakylygyñ, täretiñ, aşgazan şiresiniñ barlaglarynyñ netijesini okap bilmek.
22. Ýüzleý ýerleşen iriñli ýaralary ýarmak.
23. Gan akanda wagtlaýyn saklaýyş usullary bilmek.
24. Wena damaryndan gan almak.
25. Göz,gulak, bokurdak, burun kesellerinde bejergi kömeginiñ hemme görnüşlerini berip bilmek.
26. Öz bilim derejesini hemişe kämilleşdirmek we ýokarlandyrmak.

## Gysgaldylyp alnan adalgalar:

| | | |
|---|---|---|
| **SG we DSM** | – | Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi |
| **EÇ SGYKM** | – | Enäniň çaganyň saglygyny goraýyş ylmy kliniki merkezi |
| **GDA** | – | garaşsyzlyk döwletleriň arkalaşygy |
| **UMŞ** | – | ultra melewşe şöhleler |
| **m** | – | metr |
| **sm** | – | santimetr |
| **mm** | – | millimetr |
| **ş. m** | – | şoňa meňzeş |
| **USB** | – | ultra ses barlagy |
| **mm. s. s.** | – | millimetr simap sütünde |
| **ml** | – | millilitr |
| **GBO** | – | giperbazik oksigenasiýasy |
| **kg** | – | killogram |
| **HBS** | – | gepatitiň «B» görnüşüniň gandaky antigeni |
| **gr** | – | gramm |

## Edebiýatlar:

1. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow “Ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty”., Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýaty gullygy 2007 ý
2. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow “Türkmenistanda bilim ulgamyny kämilleşdirmek” Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýaty gullygy (04.03 2007 ý).,
3. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow “Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary”., Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýaty gullygy 2007 ý
4. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow “Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri” 2009ý.
5. Jürdekow T. “Ata arzuwyny amala aşyrýan Agtyk”2009ý.
6. Gurbanberdiýew G.. “Umumy hirurgiýa”Aşgabat 2001
7. Аннаев А.А. Комеков Н.Х. «Уход за хирургическими больным». А.1996г.
8. Ленюшкин А.И. Рошаль Л.М. “ Пособие для детских хирургических медсестер” Ленинград 1982.
9. Ленюшкин А.И. Дронов А.Ф. «Обший уход за хирургическими больными» М. 1988г.
10. М у р а т о в С. Н. «Хирургические болезни с уходом за больными» М.1988г.
11. Allanazarowa O.H. “Hassahanalarda arassaçylyk düzgünleriniň berjaý ediliş usullary” okuw usuly gollanma A.2008ý.

# MAZMUNY

1. Giriş............................................................................................................... 7
I bap Çaga hirurgiýasynyň taryhy................................................................... 9
Häzirki zaman çaga hirurgiki klinikasynyň gurluşy ......................................... 9
Hirurgýa hassahana çagalary kabul etmek.......................................................11
II bap Aseptika we antiseptika Aseptika. ........................................................ 14
Antiseptika ....................................................................................................... 23
Hururgiki hassahananyň enjamlary we gurallary............................................. 26
III bap Hirurgiki bölümde amaly endikler ....................................................... 32
Hirurgiki hassahanada otaglaryň sanitar - epidemiologik arassalanyşy .......... 32
Umumy ugurly hirurgiki bölümlerinde amaly endikler we
manipulýasiýalar. ............................................................................................. 37
Çagalary ýörite medisina barlaglaryna taýýarlamak......................................... 44
Näsaglary dessine we meýilleşdirilen operasiýalara taýýarlamak.................. 47
Çaga hirurgiýasy bölüminde operasiýadan soňky amaly
endikleriň we manipulýasiýalaryň aýratynlyklary .......................................... 49
Derman serişdeleriniñ goýberiş usullary we emhananyň lukmançylyk
işgärleriň suwuklyklary goýbermek boýunça borçlary .................................... 52
GAN GUÝMAKLYGYÑ USULLARY WE ÝERINE ÝETIRILIŞI ........... 55
Klizmalar, gorçiçnikler, gyzdyryjylar we fiziki usul bilen bejerişler............... 60
IV BAP. DESMURGIÝA – SARGY .............................................................. 65
V BAP Reanimasiýa bölüminde amaly endikler ............................................ 71
Reanimasiýa bölüminde amaly endikler we manipulasiýalar........................ 71
Çagalara gaýragoýulmasyz kömegiñ berilişi.
Dürli ýaşly reanimasiýanyň esasy prinsipleri. ................................................. 72
VI BAP Caga hirurgiýa klinikasynda çagalary kabul etmek we
resminamalaryň ýöredilişi................................................................................ 77
Çaga hirugiýä klinikasynyň resmi kagyzlary.................................................. 78
VII BAP Maşgala şepagat uýasynyň borçlary we hukuklary ......................... 79
Gysgaldylyp alynan adalgalar......................................................................... 83
Edebiýatlar ...................................................................................................... 84